**TÜRKMENISTANYŇ SAGLYGY GORAÝYŞ WE DERMAN SENAGATY MINISTRLIGI**

**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET LUKMANÇYLYK UNIWERSITETI**

**Akuşerçilik we ginekologiýa boýunça diplomdan soňky taýýarlyk kafedrasy**

# ÇAGALAR WE ÝETGINJEKLER GINEKOLOGIÝASY

**(Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň talyplary we amaly lukmanlar üçin okuw kitaby)**

**Aşgabat-2010**

**Ýazanlar:** kafedranyň müdiri ***l.y.k. Ş.H. Berdiýewa,***
kafedranyň assistentleri: ***l.y.k. A.A. Orazgeldiýewa,***
l.y.k. R.R.Rahmanowa, l.y.k. Z.A.Nakimowa,
l.y.k. G.E.Jumanyýazowa, M.A. Kakageldiýewa.

**Çagalar we ýetginjekler ginekologiýasy.**

**Lukmançylyk uniwersitetiniň talyplary üçin okuw kitaby – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.**

Bu okuw kitaby Türkmenistanyň döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň talyplary üçin çagalar ginekologiýasy dersi boýunça okuw maksatnamasy esasynda taýýarlanyldy. „Çagalar we ýetginjekler ginekologiýasy“ atly okuw kitaby çagalyk we ýetginjeklik döwrüniň jyns taýdan ösüş we kämillige geliş, çagalarda duş gelýän ginekologiki keseller ýaly wajyp meselelere bagyşlandy.

**Syn ýazanlar:** 1. TDLU-niň Akuşerçilik we ginekologiýa kafedrasynyň müdiri **l.y.k. N.A. Myratnazarowa.**
2. TDLU-niň Akuşerçilik we ginekologiýa kafedrasynyň assistenti **l.y.k. Ş.D.Muratowa.**

© M.Gulmyradow we başg., 2010.

Türkmenistanyň Prezidenti G.M. Berdimuhamedow:
**“Döwlet adam üçin”**

# G I R I Ş

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary” atly kitabynda enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ulgamyny mundan beýläkde kämilleşdirmek ugurlaryna uly üns berilýär.

Häzirki wagtda aýallaryň we çagalaryň dispanser gözegçiligi, öňüni alyş çäreleri, bejeriş we sagaldyş işleri geçirmek, aýratynda ýetginjekleriň we ýaşlaryň arasynda, wajyplygyna galýar.

Yzygiderli gözegçilik sagaldyş çäreleri çagalaryň saglygyna yzygiderli gözegçilik etmek aýratynda umumy bilim mekdeplerinde kär saýlamak babatynda örän ähmiýetli. Döwlet ”Saglyk” maksatnamasynda bellenilip geçilişi ýaly, häzirki döwürde gyzjagazlaryň – ertirki eneleriň, saglygyny goramak meselesine uly üns berilýär. Geçirilen ylmy – barlag işleriň netijesinde hem-de dünýä edebiýatlarynyň maglumatlaryna laýyklykda çagalyk, ýetginjeklik döwürlerinde bedeniň sazlaşykly ösüşi köplenç aýalyň geljekki ykbalyny diňe bir saglyk tarapyndan däl, eýsem durmuş taýadan kesgitleýändigi tassyklanyldy.

# I Bap

## Türkmenistanda gyzjagazlara we ýetginjeklere berilýän ginekologiki kömegiň gurnalyşy

2008 ýylyň ýanwar aýynyň 14-ne TSG we DS Ministri „Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamynda ýetginjekleriň gullugyny kämilleşdirmek barada“ № 10 buýruk çykardy. Bu buýrukdan ugur alyp, çagalara we ýetginjeklere ginekologiki kömek bermeginde dispanser gözegçiligiň örän uly ähmiýetini belläp bolar.

Türkmenistanda gyzjagazlara we ýetginjeklere berilýän ginekologiki kömegiň gurnalyşy. BSGG-nyň berýän maglumatlaryna görä, soňky ýyllarda ýetginjeklik döwrinde ýuwenil gan akmadan ejir çeken 28,8% aýallarda önelge (reproduktiw) döwürde 35,5% ýagdaýda ilkinji (gormonal) önelgesizlik, 35% ýagdaýda göwreliligi doly götermezlik anyklanan. Jyns taýdan ýetişmedik aýallarda göwreliligi doly götermezlik, wagtyndan öň dogrum, dogrum güýçleriniň näsazlyklary üç esse köp duş gelýär. Anamnezinde ilkinji (gormonal) önelgesizligi bolan zenanlaryň 54,3%-de ýetginjeklik döwründe aýbaşy halkasynyň bozulmalary (ikilenji amenoreýa – 23%, gipomenstrual alamat – 18,7%) anyklanan. Agzalyp geçilen aýal jyns ulgamynyň bozulmalary gyzjagazlaryň we ýetginjek gyzlaryň ýetginjeklik döwrüniň aýratynlyklaryny, öňüni alyş çärelerini we bejeriş usullaryny öwrenmekligi talap edýär. Biziň Döwletimizde er-

tirki ene boljaklaryň saglygyna gözegçilik aýal bedeniniň ösüşiniň dürli tapgyrlarynda we derejelerinde dogrum ýaşyna ýetmänkä başlanýar. Ýöriteleşdirilen çagalar hassahanalarynda çagalar we ýetginejkler otaglary, bölümleri gurnalýar. Olaryň işi kämilleşdirilýär, ylmyň ýeten sepgitleri amaly işe ornaşdyrylýar. Bu pudagyň esasy aýratynlygy – onuň beýleki hünärmenler: endokrinolog, newropatolog, nefrolog bilen bilelikde işlemegidir. Bu bolsa ekstragenital keseller 30-36% ýagdaýda gyzjagazalaryň jyns taýdan ösüşine täsir edýänligi bilen baglanyşykly. Birnäçe keseller, ýagny damar, bagyr keselleri, gury agyry, inçekesel zäherlenmesi ýaly ýagdaýlar ýetginjek gyzlarda aýbaşy halkasynyň bozulmasynyň esasy sebäbi bolýar. Bu bolsa öz gezeginde bar bolan ekstragenital kesellerıň geçişini agyrlaşdyrýar, nerw-psihiki ösüşine täsir edýär. Çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna baglylykda guramaçylykly öňüni alyş çäreleri anyklaýyş we bejeriş usullary we olaryň kämilleşdirme ýollary işlenip düzülmese, onda ginekologiki kesellerıň öňüni almak kynlygyna galar. Çagalyk döwründe wulwowaginitlerıň, ýetginjeklik döwründe aýbaşy halkasynyň bozulmalary, içki jyns agzalarynyň sowuklamalarynyň, ýatgy goşuntgylarynyň çişleriniň agdyklyk etmegi tassyklanan. Çagalyk we ýetginjeklik döwürlerinde jyns ösüşiniň näsazlyklary dürli göterimde duş gelýär. Akuşer-ginekolog lukmanlaryň berýän hasabatyna görä çagalyk we ýetginjeklik döwründe iň ýygy duş gelýän keseller:

– wulwowaginitler

– aýbaşy halkasynyň bozulmalary.

Biziň döwletimizde gyzjagazlara we ýetginjek gyzlara ýöriteleşdirilen kömek aşakdaky çäreler görnüşinde alnyp barylýar:

Ilkinji zynjyr – bu giň göwrümleýin ilat, saglygy goraýyş işgärleriniň arasynda wagyz-nesihat işlerini geçirmek, çagalarda

we ýetginjiklerde öňüni alyş seredişlerini geçirmekden durýar. Gyzjagazlara, ýetginjek gyzlara berilýän ýöriteleşdirilen ginekologiki kömegiň içinde okuwçylaryň, ene-atalaryň, mugallymlaryň arasynda geçirilýän wagyz-nesihat işlerini geçirmek uly ähmiýete eýe. Bu işleri ýerine ýetirmek üçin çaga ginekologiýasy otaglarynda we bölümlerinde işleýän işgärleriň işleri welaýat we şäher müdirlikleri hem-de Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen arabaglanyşykly, guramaçylykly ýola goýulmalydyr. Munuň esasynda lukmanlaryň, mugallymlaryň, terbiýeçileriň uly diňleýjiler auditoriýasyny gurnamak mümkinçiligi döreýär. Beýanyň başynda diňleýjileri çaga ginekologiýasy gullugy, onuň maksady, çözmeli meseleleri, çaga ginekologiýasynyň häzirki zaman ylmynda orny, geçirilmeli beýanlaryň häsiýeti bilen tanyş etmeli.

Mekdebiň işgärleri ene-atalar bilen bilelikde çagalaryň ösüşi boýunça gürrüňdeşlik geçirmeli.

Çaganyň ýaşlygyndan dogry we sagdyn ösmeginde ene-atalaryň, terbiýeçileriň we mekdep işgärleriniň ägirt uly orny we täsiri bardyr. Gelin-gyzlaryň bedeniniň anatomo-fiziologiki gurluşy barada, arassaçylygyň esasy düzgünleri, zähmet çekmegiň, dynç almagyň we dogry iýmitlenmegiň düzgünleri barada diňleýjilere gysgaça maglumat bermeli. Çagalaryň we ýetginjekleriň jyns ýetişmeklikleri barada doly maglumatlary bermeli. 12-18 ýaş aralygyndaky gelin-gyzlaryň bedeniň önelge ulgamynda geçýän üýtgeşmelere aýratyn üns bermeli. Gelin-gyzlaryň işleýän ýerlerinde – eneler, mamalar we ejeler bilen gürrüňler geçirmeli; mekdeplerde we pudaklarda lukmanyň beýanlaryny magnitofonda ýazgy edip, aýallar maslahathanasynda gelinlere diňletmeli. Ýetginjekleriň jyns taýdan ýetişmeklik, fiziologiki we patologiki üýtgemeler barada

bilimleri mekdeplerde akuşer-ginekolog we pediatr lukmanlar tarapyndan beýan hökmünde berilmeli. Çaga ginekology bilen bir hatarda mekdebiň medisina işgärleri we mugallymlar ýörite taýýarlykdan soň okuwçylar we ene – atalar bilen ýygnaklar geçirmeli. Ýygnaklaryň temalary: zyýanly endikleriň öňüni almak (çilim çekmek, arak içmek, nas atmak we neşe serişdeleriniň zyýany barada), şahsy arassaçylyk gigiýenasy bolmaly.

Çagalara we ýetginjeklere öňüni alyş we bejeriş kömegi bolmadyk ýagdaýynda, hem-de ýüze çykaryş we bejeriş usuly bilen bedeniň dürli ýaşdaky aýratynlyklary hasaba alynmadyk ýagdaýlarda aýal kesselleriniň öňüni almaklyk mümkin däl.

**Anyklanylyşy:** çagalyk döwründe esasan wulwowaginitler, ýetginjeklik döwründe, aýbaşy halkasynyň bozulmagy, içki jyns agzalarynyň sowuklamasy, ýatgy goşuntgylarynyň çişi gabat gelýär; çagalara kömek bermek 3 tapgyrdan durýar.

I tapgyr aşakdaky işleri öz içine alýar: lukmançylyk işgärleriniň arasynda giňişleýin düşündiriş işlerini alyp barmaklyk; hünärmenleri taýýarlamak (lukmanlary, şepagat uýalary), öňüni alyş barlaglary geçirmeklik. Gyzjagazlara we gyzlara ginekologiki kömegini bermekliginde okuwçylaryň, ene-atalaryň, mugallymlaryň arasynda düşündiriş işleri geçirmek ýaly guramaçylyk işler esasy orny tutýar. Bu uly diňleýji auditoriýany guramaklyga mümkinçilik berýär. Gürrüňiň ilki başynda şu medisina gullygynyň maksady we meselesi barada, hünärmenleriň iş ýerleri we borçlary barada aýdylýar. Diňleýjilere görä geçirilýän temalaryň häsiýetleri dürli bolýarlar. Terbiýeçiler, mekdep işgärleri, ene-atalar bilen gürrüňdeş bolmak bilen, olaryň çagasynyň irki ýaşdan dogry ösmekliginiň uly ähmiýetiniň bardygyny düşündirmeli. Gyzjagazlaryň jyns agzalarynyň ösüşiniň fiziologiýasynyň we patologiýasynyň has

giňişleýin soraglary aýal lukmanlary, çaga lukmanlary, mekdep lukmanlary tarapyndan düşündirilýär.

Ähli gerek bolan guramaçylykly işlerini ýerine ýetirmek üçin çagalar otaglaryny döretmegiň we ýetginjekleriň ginekologa gatnamagyny ýola goýmaklygyň ähmiýeti uly.

Çaga ginekologlary bilen bilelikde mekdep lukmanlary we mugallymlar ýeterlik taýýarlykdan soň okuwçylaryň we ene-atalaryň arasynda gürrüň geçirmeli; diňleýjileriň ýaşyna görä ol gürrüňdeşlikleriň temalary dürli bolmaly. Gürrüň her dürli temalardan geçirmeli: mysal üçin, zyýanly endikleriň öňüni almaklyk (çilim çekmek, alkogol içgilerine uýgunlaşmak, neşekeşlik, toksikomaniýa); her dürli döwürde aýal agzalarynyň ösüşiniň fiziologiýasy we patologiýasy; şahsy gigiýenanyň ähmiýeti. Irki mekdep ýaşyndaky gyzlara şahsy gigiýenanyň düzgünnamalaryny okadýarlar. Ilki bada gyzjagazalarda daşky jyns agzalarynyň tämizligi eneleriň ýa-da tebiýeçileriň gözegçiligi astynda geçirilýär, soň bolsa – özbaşdak. 5-nji synpdaky okuwçylara olaryň agzalarynda bolup geçýän anatomo-fiziologiki üýtgeşmeler, aýbaşy halkasy we onda gigiýena düzgünlerini saklamaklyk barada gürrüň berilýär. Esasanam, bedenterbiýäniň, gün tertibiniň we iýmitlenmegiň bedeniň dogry ösmegi üçin möhümdigi düşündirilýär. 7-10-njy synpdaky gyzlara çaga dogurmaklyk döwrüniň möhümligi düşündirilýär, irki jyns gatnaşyklaryň we abortlaryň galdyrýan erbet täsirleri, tötänleýin jyns gatnaşyklarda weneriki keseller bilen kesellemegiň mümkinligi, aýal keselleriň esasy alamatlary we olaryň öňüni alyş çäreleri, kontrasepsiýa usullary barada gürrüň berilýär. Ahlak taýdan terbiýede möhüm zat: aýal – ene, bagtly maşgala döretmelidigine düşünmelidir. Gyzlar bilen ýakyn gatnaşyga girer ýaly söhbetdeşligi uly bolmadyk otaglarda ýa-da aýratynlykda geçirmeli. Esasanam orta we

ýokary okuw mekdeplerinde belli görnüşdäki soraglar, gigiýena degişli, terbiýe baradaky gollanmalary giňden ýaýratmaly. Gyzlara bolan gözegçilik  tapgyrlaýyn amala aşyrylýar: I tapgyr – dogrum öýlerde maksada laýyklykda täze doglan çaga – gyzjagaz aragatnaşygyny döredýär, II tapgyr – saglyk öýlerinde çaga ginekolog otaglaryny döretmek gyzjagaz – ýetginjek aragatnaşygyny döredýär, III tapgyr – etrap, welaýat maslahat beriş saglyk öýlerinde ýetginjekler ginekolog otagynyň döredilmegi gyz – ýetginjek – aýal aragatnaşygynyň döremegine ýardam berýär. Ýöriteleşdirilen ambulator kömegi bäbeklik döwründen 18 ýaşa çenli (18 ýaşy hem içine alyp) çaga ginekolog lukmany, ýetginjekler ginekolog lukmany tarapyndan berilýär. Hökmany suratda öňüni alyş gözegçiligini geçirmelidir. Gyzjagazlary mekdepden öňki döwürde, irki mekdep döwründe jyns agzalarynyň kesellerini inkär etmek üçin, jyns ösüşiniň bozulmaklygyny anyklamak üçin daşky gözegçilikden geçirmeli. Göni içege barlagy we goşmaça usullar biler barlaglar ýöriteleşdirilen otaglarda geçirilýär. 6-10-njy synpdaky gyzlara her ýyl ýöriteleşdirilen otaglarda toplumlaýyn barlaglar geçirilýär. Öňüni alyş barlaglaryň esasynda ginekologiki keselleri gyzjagazlaryň we gyzlaryň 12-13%-de ýüze çykarylýar. Söhbetdeşlikde we gözegçilikde gyzjagazalaryň beden taýdan ösüşine üns bermeli (morfogrammany ulanyp): ikinji jyns alamatylaryň ýüze çykan wagty, daşky jyns agzalarynyň ösüşi, menarhe, aýbaşy halkasynyň häsiýeti. Ikinji jyns agzalarynyň ösüş derejesine we aýbaşynyň häsiýetine 4 bally ulgam boýunça baha berilýär we degişli resminamalarda bellenilýär. Gyzjagazlaryň jyns agzalarynyň ösüşiniň görnüşi aşakdaky görkezijilerden ybarat:

Ma – süýt mäzleriniň ýagdaýy.

Ax – goltuk asty çukurjygynyň tüý örtügi.

P – gasygyň tüý örtügi.

Me – menarhe.

$A_0$ $P_0$ $M_0$ – ikinji jyns alamatlarynyň ösüşiniň ýoklugy.

$A_1$ $P_1$ – göni, ýeketäk ösen gyl gasygyň ortasynda we goltuk asty çukurjygynda.

$A_2$ $P_2$ – tüý örtügi gasygyň ortasynda we goltuk asty çukurjygynda ösmegi.

$A_3$ $P_3$ – gür tüý örtügi gasykda we goltuk asty çukurjykda.

$Ma_1$ – emzigiň töweregindäki halkajygyň çişmegi, onuň ölçeginiň ulalamagy, emzigiň pigmentasiýasy ýüze çykmadyk.

$Ma_2$ – konus şekilli göwüs, emzigiň töweregindäki halkajyk agymtyl, emzik ýepbeşik.

$MA_3$ – göwsüň görnüşi togalak, emzigiň töweregindäki halkajyk menekli (pigmentirlenen), emzik çykyp duran.

Gyzjagazlaryň ösüşine baha berilende gasykdaky tüý örtüginiň ösüş alamatlary onuň süýt mäzleriniň ösüşinden öňe geçmeli däl. Gyzjagazlarda jyns tüý örtüginiň ösüşiniň güýçlenen we süýt mäzleriniň ösüşiniň peselen ýagdaýynda (adrenogenital sindromynyň ýüze çykmagy), şeýle hem süýt mäzleriniň gowy ösen, ýöne ýamyzda we goltuk asty çukurjykda tüý örtüginiň asla ösmedik  ýa-da gowşak ösen ýagdaýynda (testikulýar feminizasiýasy), hökmany suratda we uzaga goýman ginekolog lukmanyna we endokrinologa ýüz  tutmaly. Jyns agzalarynyň ösüş görnüşinde aýbaşyň häsiýeti hem sypatlandyrylýar:

$Me_0$ – aýbaşy entek başlamadyk.

$Me_1$ – menarhenyň barlag döwründe ýa-da barlagdan 1 aý öň başlanmagy.

$Me_2$ – wagtly-wagtynda bolmaýan aýbaşy.

$Me_3$ – wagtly-wagtynda bolýan aýbaşy.

Menarhe gelen döwründe ýaşyny görkezmeli, ondan soň aýbaşynyň häsiýeti ýönekeý görnüşde ýazylýar.

Aýbaşy gan akmasynyň dowamlylygy ,
aýbaşynyň uzaklygy.

Gyzlaryň saglygyna baha bermeklikde nesil yzarlamak, beden agzalarynyň we ulgamlaryň funksional ýagdaýy, bedeniň durnuklylygy we duýujylygy (1-nji nobatda gaýnaglama kesellerine) bedeniň jyns, nerw-psihiki ösüşiniň baglanyşykly bolmagy ýaly görkezijiler göz öňünde tutulýar. Saglyk ýagdaýy boýunça gyzjagazlar agzalaryň we ulgamlaryň keselçiligi boýunça 3 dispanser toparlara bölünýärler:

**1.** sagat.

**2.** şertli sagat.

**3.** kesel gyzjagazlar.

Birinji dispanser topara degişli gyzjagazlarda we gyzlarda hemme agzalaryň we ulgamlaryň anatomo-fiziologiki ýagdaýy kadaly. Ikinji dispanser topara funksional we morfologiki üýtgeşmeler bilen geçýän dowamly keselleri bar bolan gyzjagazlar we gyzlar degişli. Üçünji dispanser topara kompensasiýa, subkompensasiýa, dekompensasiýa görnüşde geçýän hroniki keselleri bar bolan gyzjagazlar, gyzlar, ýetginjekler degişli. Bu topara degişli näsag gyzjagazlar, gyzlar, ýetginjekler dinamiki gözegçilikde durmaly. Näsaglary dowamly kesellerden bejermeli we sagatlaşdyrmaly. Gyzjagazlaryň, gyzlaryň, ýetginjekleriň dispanserizasiýasynyň netijeliligi guramaçylygyna, aýallar maslahatynyň ýaşaýan ýerine görä kömek bermegine, ýetginjekler ginekolog we terapewt lukmanlarynyň ýakyn baglanyşykly işlemegine, wagyz – nesihat işleriniň geçirmekliginiň güýçlenmegine, gyzlary – geljekki eneleri taýýarlamak boýunça geçirilýän işlere baglydyr. Ýetginjekler terapewt lukmany ýa-da maşgala lukmany täze hasaba alnan çagalary we ýetginjekleri howplaryny belläp tertip ýazgysyny ginekologa bermäge borçlydyr. Öz gezeginde çagalar we ýetginjekler ginekology

dispanser gözegçiligine çaga dogurmaklyga ukyply uly ýaşly gyzlaryň we ýetginjekleriň saglyk ýagdaýlary barada habar bermeklige borçlydyr.

"Umumyhalk dispanserizasiýa tertibi". Gyzjagazlaryň saglygyna baha berlende aýbaşynyň durnukly başlamagy, nesil yzarlamak maglumatlaryny goşmaça ýygnamaly. Soragnama iki sany bölekden durmaly: biri – ene tarapyndan, beýlekisi – gyzlar tarapyndan doldyrylmaly. Soňra ginekolog we çaga lukmany tarapyndan bilelikde gözegçilik geçirilýär, önelge ulgamynda näsazlyklar bar we howplary bolanlary, şolaryň göwrelilik, dogrum, dogrumdan soňky döwürde gaýra üzülmeler getirip biljekdigini göz öňünde tutmaly. Üçinji dispanser topara degişli gyzjagazlara we gyzlara "gözegçilige almak kartasy" doldyrylýar we ol akuşer-ginekolog lukmanda saklanýar.

Çaga lukmany, maşgala lukmany, akuşer-ginekolog lukmanlaryň arasyndaky gatnaşyk dogry ýola goýlanda, gyzjagazlaryň we gyzlaryň gözegçilik döwründe bolan maglumatlaryny akuşer-ginekolog lukmany çaga lukmany we maşgala lukmany alyp bilerler. Akuşer-ginekolog lukmanyndan maşgala lukmany her ýyl geçirilen gözegçilik barlaglaryndan soň maglumatlary alyp, ambulator karta geçirmelidirler. Dispanser gözegçiligiň esasy netijeliligi 3-nji topardan 2-nji topara ýa-da 1-nji topara geçirmekden, göwrelilik döwürde gaýraüzülmelere getirýän howp toparlaryny azaltmakdan, keselleriň ýitileşen görnüşleriniň bolmazlygyndan, dowamly ýagdaýlara geçmekliginiň öňüni almakdan ybarat. Çaga lukmanyň, maşgala lukmanyň we akuşer-ginekolog lukmanlarynyň işjeň gatnaşyklarynyň esasy taraplarynyň biri, olaryň her birisiniň gyzjagazlara we geljekki eneleriň saglygyna täsir edýän howp toparlaryny bellemekligidir. Gyzjagazlarda endokrin bozulmalar, ýürek-damar ulgamalarynyň keselleri, dowamly

bagyr keselleri, gaýtalynyp duran piýelonefritler, allergiýa barada, gury agyry keseli, tonzilektomiýa geçirilende menarhe gelen ýylynda we 1 ýyl ondan öň, agyr ekstragenital keselli ýa-da gaýraüzülmeler bilen agyrlaşan göwrelilikden we dogrumdan bolan gyzjagazlarda, çaga lukmanynda we maşgala lukmanynda gözegçilikde duranlary akuşer-ginekolog lukmanynyň gözegçiligi göwreliligiň kadaly geçmegi üçin soraglary çözmeklik hökman. Akuşerçilik bozulmalary we howplary bolan toparlary çaga lukmany we maşgala lukmany akuşer-ginekolog lukmanyna geçirmelidirler. Üçünji dispanser topara degişli gyzlar aşakdaky näsazlyklar boýunça akuşer-ginekologyň gözegçiliginde durýarlar: ýuwenil gan akmalar, jyns agzalarynyň ösüşiniň bozulmagy, ýumurtgalygyň sklerokistozy, çiş döremeleri, jyns agzalarynyň näsazlyklary, aýbaşy halkasynyň dürli görnüşdäki bozulmalary. Gyzjagazlaryň we gyzlaryň arasynda wagyz-nesihat işleri guramaçylykly geçirmek üçin çaga lukmanlary, terapewt lukmany, akuşer-ginekologlar, aýallar maslahatynyň işgärleri, okuw mekdepleriniň lukmanlary, mugallymlar, ene-atalar ýakyn aragatnaşykda bolmalydyrlar. Öňüni alyş we bejeriş işleri, wagyz-nesihat işleriniň geçirilmegine aýallar maslahatynyň bölüm müdiri, ýetginjekler otagynyň bölüm müdirleri jogapkärdir. Jyns-ösüş bozulmalary bolan çagalaryň barlaglary we bejergisi aýallar maslahatyndaky çagalar we ýetginjeler ginekolog otagynda geçirilmelidir. Çagalar we ýetginjekler ginekologyň otaglary goşmaça barlaglar üçin belli barlamhanalara berkitmeli. Otagda bolmaly zatlar: el ýuwulýan, kuşetka, çaga ginekolog kreslosy, ellik, çyrşak almak üçin aýnalar, rezin gruşaly kapillýar, jynshanadan gelýän nem almaklyk üçin şpris, çaga kateteri, zond, jübtek, spirt, uretroskop. Kiçi çagalary kabul edilýän otaglarda ünsüni çekýän oýunjaklary, gyzykly suratlary we peýdaly maslahatlary

goýmaly. Näsaglary ambulator kabul etmek we bejeriş ene-atalaryň iş wagty we gyzjagazlaryň okuw wagtynyň bir wagtda bolmazlygyny göz öňüne tutup günüň dowamynda geçirilmeli. Lukman hasaba alnyş depderçesini ýöredýär, onda: familiýasy, ady, atasynyň ady, ýaşy, ýaşaýan ýeri, mekdep belgisi, öňüni alyş we bejeriş maslahatlary, keseliň ambulator, statistiki kartasy bellenýär. Dispanser gözegçilikde durýan näsaglara dispanser kartasy doldurylýar. Ýyllyk hasabaty otaglar bar bolan guramalar – edaralar tabşyrýarlar. Lukman tarapyndan bellenen bejergini ýörite taýýarlanan şepagat uýasy iki nobatçylykda ýerine ýetirýär. Bejeriş geçirilýän we kabul edilýän otaglaryň gapylary aýratyn, ýöne biri-birine geçilýän bolsa gowy bolýar. Gyzjagazlaryň barlagy ene-atalary we özleri bilen hemme taraplaýyn gürrüňdeşlikden başlanýar. Gürrüňdeşlikden soň umumy we ýöriteleşdirilen barlaglar başlanýar. Gerek bolan ýagdaýlarda laborator barlaglar geçirilýär. Lukman we şepagat uýasy keselli çagalar we olaryň ene-atalary bilen gürrüňdeşlik geçirende ýerlikli we takatly alyp barmaly. Anamnezini özünden ýygnamaly. Enesinden maglumat almak üçin çagany daşa çykarmaly däl. Bular ýaly ýagdaý çagalary gorkuzýar. Ene-atasyndan goşmaça maglumatlary almak üçin çagany otagda galdyryp sorag geçirmeli. Barlag geçirilen döwründe sesiňi gataltmaly däl, güýç ulanmaly däl. Eneleriň çagalara barlag geçirilende ýanynda bolmaklygyna garşy bolmaly däl. Gürrüňdeşlik bolan ýagdaýynda maşgala anamnezi bilen tanyş bolmaly; enesinde göwreliligiň geçişi, dogrumyň geçişi, çaganyň ösüşi, sowuklama keselleri ýygy-ýygydan boldymy ýa-da ýok, hossarlarynda jyns bozulmalar barmy ýa-da ýok anyklamaly. Şonuň bilen bilelikde, barlagdan geçýän çagada geçirilen iglemäniň alamatlaryny, subut edilen süňkleriň gyşarmasyny kesgitlemeli. Deri örtügine üns bermeli. Ýöriteleşdirilen

barlaglary garnyň palpasiýasyndan we perkussiýasyndan başlamaly, daşky jyns agzalarynyň gözegçiligini, rektoabdominal barlagy geçirmeli,. Daşky jyns agzalary görlende olaryň ösüşine, tüý örtüginiň ýüze çykyşyna, klitora, peşew bölüp çykaryjy kanalyň daşky deşigine, gyzlyk perdesine, gelýän neme gözegçilik etmeli (jynshanadan çyrşak almazdan öň 12 sagadyň dowamynda gyzjagaz ýuwunmaly däl). Klitoryň ulalmagy, tüý, örtüginiň oglan görnüşde çykmagy gyzjagazlarda dogabitdi adrenogenital sindromyň barlygyny aňladýar. Rektoabdominal barlagy boş peşew haltada, içegeleriň boş ýagdaýynda geçirilýär. Bu barlagda ýatgynyň ýatyşy, ululygy, hereketliligi, ýatgy we ýatgy boýunjygynyň arasyndaky burç, ýatgynyň goşuntgylary barlanylýar. Infantilizmde ýatgy kiçi çanaklykdan ýokarda ýerleşen, ýatgynyň boýunjygynyň ýatgynyň bedenine gatnaşygy 1:1 deň, ýatgy boýunjygynyň we bedeniniň arasyndaky burçy ýok. Ýatgynyň goşuntgylary görülende ýumurtgalyklaryň ölçegine, görnüşine, konsistensiýasyna üns bermeli, ýatgy goşuntgylarynyň ýanynda sepleşmeleriň bardygyny, agyrynyň bardygyny anyklamaly. Uly, gaty, ýylmanak ýumurtgalyklar sklerokistozyň bardygyny aňladýar. Ýöriteleşdirilen ýatymlaýyn çagalar we ýetginjekler ginekologiýa bölümlerini, şäher hassa-hanasynda, köpugurly çagalar hassahanasynda, welaýat we döwlet derejesindäki ylmy kliniki merkezinde açylsa gowy bolýar. Bu bölümleriň bölüm müdiri çagalar we ýetginjekler esasy hünärmen ginekology bolup durýar. Onuň borçlary çagalar we ýetginjekler lukman ginekologlary taýýarlamaklyga gözegçilik etmeklik, öňüni alyş we bejeriş, wagyz-nesihat işlerini geçirilişine, gyzjagazlara we gyzlara berilýän lukmançylyk kömegine gözegçilik etmekden ybarat; çagalaryň arasynda ginekologiki keselleri ýüze çykarmakda we bejermekde, saglyk öýleriniň çaga lukmanlarynyň, mekdepden öňki we mekdep lukmanlarynyň işlerine gözegçilik etmeli.

# II Bap

## Çagalykda jyns agzalarynyň ösüşi we jyns taýdan ýetişýän döwrüniň fiziologiýasy

Ýaş döwürleri. Halkara simpoziumy (Moskwa, 1965) gyzjagazlaryň ösüşinde indiki döwürleri tapawutlandyrmagy hödürledi: bäbeklik döwri (1-10 gün), süýt emýän döwri (10 gün – 1 ýaş), irki çagalyk (1-3 ýaş), ilkinji çagalyk (4-7 ýaş), ikinji çagalyk (8-11 ýaş), jahyllyk döwri (12-15 ýaş), ýetginjeklik döwri (16-20 ýaş). Bu shemada jahyllyk döwri has irki döwre süýşirilen. Çagalaryň we ýetginjekleriň ginekologiýasy bilen meşgullanýan lukmanlar gyzjagazlaryň jynsy ösüşinde indiki toparlanma ýykgyn edýärler: enäniň göwresindäki ösüş döwri, “aralyk döwri” (7 ýaşa çenli), prepubertat (7 ýaşdan ilkinji gezek aýbaşynyň gelýänçä aralygy), pubertat (aýbaşy gelenden 16 ýaşa çenli aralyk) we ýetginjeklilik (16 ýaşdan 18 ýaşa çenli).

Çaganyň ýaşaýyşynda enäniň göwresindäki ösüş döwrüni tapawutlandyrmak geçen ýüzýyllygyň başlarynda N.P.Gündobiniň iş mekdebinden pediatriýa girizildi.

Bäbek gyzjagazlaryň jyns agzalarynyň häsiýetnamasy.

Gyzjagazlar aýdyň tapawutlandyrylýan aýal görnüşli daşky jyns agzalary bilen dogulýar. Jyns dodaklary seýrek bolmadyk ýagdaýda çişen, gyzaran, ýeňil ýelmeşýär. Kiçi dodaklar uly dodaklar bilen diňe bölekleýin ýapylan. Derisi ýuka, çalaja tegmillenen we seýrek bolmadyk ýagdaýda dogluş çalgy bilen

örtülen. Westibulýar mäzleri işlemeýär. Şu döwürde indiki ýyllara garanyňda gyzlyk perde jyns deşiginiň çuňunda ýerleşen. Gyzlyk perdesiniň özüniň we onuň deşijekleriniň (ýa--da deşigiň) ululygy, görnüşiniň dürliligi özüne ünsi çekýär.

Jynshana dik okuna parallel ýerleşen, onuň uzynlygy 25-35 mm aralygynda bolup bilýär. Gümmezler, esasan hem yzkysy belli bir derejede eýýäm aýdyň kesgitlenýär. Jynshana diwarynyň galyňlylygy, myşsa gatlagynyň ýeterlik ösenligi bildirýär. Täze doglan gyzjagazlaryň jynshanasyndan alnan çalgy ýokary eozinofil we kariopiknoz indeksi bilen häsiýetlenýär. Jynshana düzüminiň reaksiýasy turşy, Dederleýniň taýajyklary tapylýar. Agzalan döwrüň soňunda epitelial plastyň ýogynlygy 30-40-dan 2-3 gatlaga çenli kiçelýär. Ýaşaýşynyň birinji hepdesiniň geçmegi bilen çalgyda parabazal we bazal öýjükler üstün çykyp başlaýar: mikroblar kokklar bilen görkezilýär. Aralyk öýjükler 3-5-den köp galmaýar. Täze doglan gyzjagazlaryň ýatgysy garyn boşlygynda ýerleşýär, daşky agzynyň sebeti dioganal konýugata gabat gelýän çyzykdan aşakda ýerleşýär. Ýatgynyň uzynlygy ortaça 30 mm, ýatgy bedeni “çeçewisamerjimek” görnüşde düýbi sähelçe tümmeren (“eýer görnüşli”). Ýatgy boýunjygynyň we bedeniniň uzynlygynyň gatnaşygy 3:1. Ýatgynyň bedeni we boýunjygy öz arasynda burç emele getirmeýär diýen ýaly. Ýatgy anteversio ýagdaýda ýerleşýär. Miometri gowy ösen. Diňe bir endoserwiks däl-de, eýsem endometri hem gasynlaryň köp sanyny emele getriýär. Ýatgy boýunjygynyň içki agzy emele gelmedik. Daşky agyz nokatjyk görnüşinden (düwünçekde) yş görnüşine geçýär (täze doglanda). Daşky agzyň töwereginde seýrek bolmadyk ýagdaýda psewdoeroziýa bolýar. Serwikal kanal jynshana düşüp biljek goýy nem bilen doldyrylan. Endometriýada köplenç sekretor üýtgeşmeler anyklanylýar. Käwagt jyns deşiginden aýbaşa meňzeş nemleriň gelmegi bilen

häsiýetlenýän deskwemasiýa fazasyny görmek bolýar. Gyzjagaz ýaňy doglan wagty onuň ýatgy turbasy uzyn (ortaça 35 mm-e ýetýär), giň baglaýjynyň aram gysgalygy sebäpli egremli bolýar. Turbanyň diwarynyň myşsa gatlagy gowy ösen. Ýatgy turbalary uzaboýuna geçirýär. Enäniň göwresindäki ösüş kadaly bolan ýagdaýynda hem olaryň assimetriýasy bildirýär: köplenç sag turba çep turbadan 5 mm uzyn.

Täze doglan gyzjagazlaryň ýumurtgalyklary garyn boşlugynda ýerleşýär. Olar silindr görnüşinde ýa-da süýnen prizma görnüşinde bolýar. Täze doglan gyzjagazlaryň ýumurtgalyklarynyň uzynlygy 15-25 mm aralygynda bolýar. Onuň üst ýüzi ýetişýän follikulalaryň hasabyna käbir ýerleri pökgeren görnüşdedir. Göwrelilik kadaly geçende düwünçegiň ýumurtgalyklarynda follikulýar kistalary bolmaýar. Täze doglan gyzjagazlaryň ýumurtgalyklarynyň gistologiki gurlyşy käbir aýratynlyklarynyň barlygyna garamazdan, köp halatda esasy uly aýalyňka meňzeş bolýar.

Täze doglanlaryň ýumurtgalyklaryndaky aýratynlyklaryň biri hem olarda başlangyç (primordial) follikulalaryň bolmagydyr. Olaryň sany, käbir alymlaryň kesgitlemegine görä, her ýumurtgalykda 500000-700000-e çenli ýetýär. Ikinji aýratynlygy - follikulýar ösüşiň ähli döwürlerinde atreziýa hadysasynyň örän aýdyň ýüze çykýanlygydyr. Üçinji aýratynlygy - owarial gurluşynyň doly emele gelmezligidir: protein bardasy ýuka, däneli öýjükleriň anizositozy, teka öýjükleriň aram lýuteinleşmegi, degenerirlenen oositleriň bolmagy. Dördünji aýratynlygy – interstisial (teka) öýjükleriň gowy ösenligi we olaryň endokrin işjeňliginiň ýokarylygy. Täze doglanlaryň sag ýumurtgalyklarynyň ölçegi we göwrümi çepine garanyňda uly. Täze doglan gyzjagazlaryň jyns agzalarynyň has tapawutlydygy barada netije çykarmak mümkin. Täze dogluş

döwründe olaryň başdan geçirýän funksional dartgynlygy (şol sanda, gormonal statusyň hem) tranzitordyr (geçmişdir).

## Aralyk döwürde jyns agzalarynyň häsiýetnamasy

Bu döwürde daşky genitaliýalar beýleki jyns agzalary ýaly haýal ösýär. Gyzjagazlarda 6-7 ýaşa çenli uly jyns dodaklary kiçisini doly ýapmaýar. Kiçi westibulýar mäzleri jyns dodaklaryň lateral üstünde 3 ýaşda,medial üstünde 4 ýaşda emele gelýär. Bu mäzleriň ýetişmegi 6 ýaşda bolup geçýär. Uly westibulýar mäzleri (bartolin) bütin döwrüň dowamynda az üýtgeýär.

3 ýaşda içki jyns agzalaryň we birnäçe goňşy agzalaryň kiçi çanaklyga düşüş hadysasy bildirýär. Şol wagt peşew halta jynshananyň öňki diwaryna golaýlaşýar. Jynshananyň uzynlygy wertikal okuna ýiti burç astynda emele gelip başlaýar. Jynshananyň uzynlygy gaty bir ulalmaýar we şu döwrüň soňuna çenli 40 mm ýetýär. Epitelial plast 4-5 gatlaga çenli ýukalan. Mundan başga-da gyzjagazlarda şu ýaş aralykda jynshananyň diwary köp gasynlylygy we ujypsyz mukdarda glikogen saklanýanlygy bilen tapawutlanýar. Jynshana düzüminiň reaksiýasy aşgar ýa-da aralyk. Jynshana çalgysynda epiteliýanyň diňe çuň gatlaklarynyň öýjükleri, ýekeleýin leýkositler anyklanýar.

Jynshana florasy durnuksyz bolup, onda diplokokk, stafilokokk, streptokokk, içege taýajygy ýaly mikroorganizmleriň tapylmagy mümkin. Sanalyp geçilen jynshana aýartynlyklaryň beýleki faktorlar bilen bilelikde wulwowaginitiň döremeginde belli bir orny bar. Wulwowaginitden ejir çekýän gyzjagazlaryň 85%-i 8 ýaşdan kiçidir. Ýaşaýşyň ilkinji ýyllarynda ýatgy ölçegi boýunça kiçelýär. Ýatgy boýunjygynyň we bedeniniň gatnaşygy şu dinamikada bolýar: 1-nji ýyl 2:1, 4-nji ýyl 1,7:1, 7-8 ýaşda 1,4:1. Ýatgy antewerziýa we antefleksiýa ýagdaýda ýerleşýär. 3 ýaşa çenli ýatgynyň düýbi kiçi çanaklygyň girelge

tekizligininiň derejesine çenli düşýär. Ýaşynyň ikinji ýylynda ýatgy arteriýasynyň aýlawly şahalarynyň ýerleşýän ýeri bolan miometriýanyň sirkulýar gatlagy galňaýar. Çaga hirurgyna we ginekologlaryna gyzjagazlaryň 10 ýaşynda ýüze çykýan ýatgynyň bir aýratynlygyny ýatda saklamak zerurdyr: ýatgy arteriýasy gasynly däl we ýatgynyň öz gapdal üstünde ýerleşmän, ondan 10-12 mm lateral tarapda ýerleşýär. Peşew akaryň ilki ýatgy boýunjygynyň ortaky bölegi bilen soňra peşew halta girýänça jynshananyň öňki diwary bilen galtaşýandygyny göz öňüne tutmalydyr. Gyzjagazlaryň ýaşynyň bu döwründe ýatgy turbalary az üýtgeýär. Olar öňkisi ýaly örän inçe, uzyn we gasynly. Olaryň peristaltikasy ýok.

Ýumurtgalyklar kiçi çanaklyk boşlugyna beýleki içki agzalardan irräk düşüp başlaýar, ýöne 5 ýaşda hem olaryň ýokarda ýerleşýänine duşmak bolýar. Ýumurtgalyklaryň ölçegleri we görnüşi gaty bir üýtgemeýär, diňe 6-8 ýaşlarda ösüşiniň güýçlenýändigini bellemek bolýar. Bu döwrüň “aralyk” ýa-da “aseksual” diýip atlandyrylýandygyna garamazdan, şu ýaşdaky gyzjagazlaryň ýumurtgalyklarynda hemişe köp bolmadyk mukdarda ýetişýän we ýetişen hem-de atrezirlenen follikulalary bolýar. Follikulalaryň içki bardasy steroid gistohimik testlere “oňoýly” jogap berýär. Täze dogluş döwri bilen deňeşdirilende bu döwürde primorolial follikulalaryň mukdary iki esse azalýar. Follikulalaryň ýetişmegi sikliki häsiýete eýe däldir.

“Aralyk” döwürde köp bolmadyk derejede jyns gormonlarynyň barlygy bellidir. Jyns agzalarynyň haýal ösmegi hem şu ýagdaý bilen düşündirilýär. Içki jyns agzalaryna giňeýän kiçi çanaklyga düşmek hadysasy häsiýetlidir. Aralyk agzalaryň topografiýasy hem üýtgeýär. 7 aýlyga çenli peşew haltaynyň depejigi gasyk bilen göbek aralygynyň ortasynda ýerleşýär. Gyzjagazalaryň ýaşynyň ilkinji 2 ýylynda peşew çykaryjy

kanalyň içki deşigi 53-mm-e çenli aşak süýşýär. Gyzjagazlaryň peşew çykaryjy kanaly uly aýalyňkydan giň (30-38 mm) we otnositel uzyn (ortaça 29 mm). Ol gytak ugurda ýerleşip pökgeren tarapy bilen öňe bakýar. Süýt emýän ýaşdaky gyzjagazlaryň peşew çykaryjy kanalynyň daşky deşigi täze doglanyňkydan 11 mm gapdal tarapda ýerleşýär. Peşew haltanyň sfinktory kiçi mekdep ýaşyndaky gyzjagazlarda (prepubertat döwrüň başynda) doly ösýär.

**Prepubertat döwründe jyns agzalarynyň häsiýetnamasy**

Bu döwürde daşky jyns agzalarynyň aýratynlyklary olaryň ýag dokumasynyň ösmeginiň hasabyna ulalmaklygydyr. Prepubertat döwrüň soňunda gyzlyk perdesiniň deşigi aýdyň ulalýar, gimeniň özi bolsa irki ýaşdaka garanyňda has ýüzleý ýerleşýär. Peşew çykaryjy kanalyň daşky deşigi gowy göze görünýär. Uly westibulýar mäzleriniň işläp başlamagy şu döwre degişlidir. 13 ýaşa çenli jynshananyň uzynlygy ortaça 63 mm-e ýetýär. Diwarlarynyň gasynlylygy has aýdyň bolýar. Yzky gümmez ýeterlik derejede çuň. Epitelial gaty aýdyň galňaýar, eger 9 ýaşly gyzjagazlaryň çalgysynda aralyk we ýüzleý öýjükler 10%-den köp bolmasa we öňki ýaly parabazal öýjükler üstün çykýan bolsa (olar uly aralyk öýjüklerden hemişe tapawutlanýarlar), onda eýýäm ýene 2 ýyldan aralyk we ýüzleý öýjükler öňe geçýär, kariopiknoz indeks 30%-e ýetýär; eozinofil indeksi – 30%-e ýetýär. Prepubertat döwürde täzeden Dederleýniň taýajygy çykýar, jynshana düzüminiň reaksiýasy turşy tarapa süýşýär. Diňe 10 ýaşda ýatgy täze doglandaky döwre mahsus bolan ölçeglere ýetýär, şol wagt onuň agramy 4,2 gr bolýar. Ýuwaşlyk bilen endometriýanyň gasynlylygy ýitýär, eger ilkinji aýbaşynyň ýüze çykmaly wagtyna çenli gasynlylygy aýrylmasa, onda bu ýagdaý algodismenoreýanyň bir sebäbi bolup biler. Prepubertat döwrüň soňunda endometrial mäzler

gipertrofirlenýär, şahalanýar; stroma aýdyň funksional we bazal gatlaklara bölünýär. Ýatgy boýunjygynyň we bedeniniň uzynlygynyň gatnaşygy üýtgeýär: boýunjygynyň uzynlygy agzanyň beýikliginiň 1/3-ni, bedeni bolsa ýatgynyň 2/3-ni düzýär. Prepubertat döwrüniň dowamynda ýumurtgalyklar aýdyň ulalýar (olaryň agramy 4-5 gr, uzynlygy 3-3,5 sm ýetýär). Follikulalaryň ýetişme hadysasy has işjeňleşýär. Owulýasiýa seýrek bolup geçýär. Primordial follikulalaryň mukdary 100000-300000-e çenli azalýar. Şeýlelikde, prepubertat döwri jyns ýollarynyň ähli bölümleriniň işjeň ösüp we ýetişip başlanmagy bilen häsiýetlendirilýär, ýagny bu döwrüň soňunda jyns agzalary işlemäge taýar bolýar.

Prepubertat döwürde jyns agzalary ýuwaşlyk bilen uly aýalyňka meňzeşlikleri gazanýar. Ýagny, döwrüň soňunda jynshananyň uzynlygy 80-100 mm-e ýetýär. Gümmezler doly emele gelýär. Kolpositologiki suraty bu döwre häsiýetli bolan jynshana epiteliýasynyň sikliki gününe baglylykda çalgyda proliferasiýanyň 4 derejesiniň çalyşýanlygyny bellemek bolýar (sikliň ortasynda hem kariopiknotiki indeksi seýrek 60%-e ýetýär), soňra bolsa progesteron işjeňliginiň alamatlary ýüze çykýar. Ýatgy ölçegleri boýunça ulalýar: eger 11-12 ýaşda onuň ortaça agramy 6,6 gr deň bolsa, onda ol 16 ýaşda 23 gr ýetýär (dogurmadyk aýalda 46 gr). Ýatgy arteriýasy onuň gapdal üstünde gutarnykly ýerleşýär, bu damarda birnäçe egremler ýüze çykýar. Ýaşyň ulalmagy bilen ýatgy turbalarynyň we ýumurtgalyklaryň assimetriýasy azalmaýar. Turbalarda peristaltika döreýär. Ýumurtgalyklardaky we endometriýadaky üýtgeşmeler sikliki häsiýete eýe bolýar. Ýetginjeklik döwrüniň dowamynda diňe bir anatomiki taýdan emele gelmegi däl-de, eýsem jyns agzalarynyň we merkezi sazlaşdyryjy bölümleriň funksional taýdan hem ýetişmekligi bolup geçýär. Bu döwrüň soňunda jyns

ulgamynyň integrirlenmesiniň we dogry ritmi özleşdirmesiniň tamamlanmagy barada aýtmak bolar. Jynsy taýdan ýetişmeklik köplenç 18 ýaşdan soň bolup geçýär, soňlugy bilen aýal bedeni önelge funksiýany ýerine ýetirmäge doly ukyplydyr.

## Jynsy taýdan ýetişmeklik döwrüniň fiziologiýasy

Jynsy taýdan ýetişmeklik" diýen düşünjäniň kesgitlemesi. Sözüň giňişleýin manysynda bu döwürde beden biologiki taýdan jynsy ýetişýär. Ony pubertat diýip atlandyrmak kabul edilen. Çagalykdan jynsy ýetişmeklige geçilýän döwürde gyzjagazlaryň somatik we jyns taýdan ýetişmekliklerine ýardam edýän jyns mäzleriniň işjeňleşmegi bolup geçýär. Jynsy ýetişmeklik döwrüniň soňunda gyzyň bedeni anatomik we funksional taýdan nesli dowam etdirmäge taýýar bolýar.

Awtorlaryň köpüsi jyns taýdan ýetişmeklik döwründe iki fazany tapawutlandyrýarlar. Birinji faza prepubertat. Ol boýunyň birden ösmegi, ikinji jyns alamatlarynyň emele gelmekligi bilen häsiýetlenip, soňlugy bilen jyns agzalarynyň ösmegi we ilkinji aýbaşynyň gelmekligi bilen tamamlanýar. Ikinji faza-ilkinji aýbaşynyň gelmegi bilen başlanýar we ikilenji jyns alamatlarynyň ösmeginiň tamamlanmagy ösüşiň haýallamagy, owulýator sikliň emele gelmegi bilen häsiýetlenýär. Ol haçan-da beden çaga dogurmaklyga taýýar bolan ýagdaýynda, jyns we somatik ösüşiň tamamlanmagy bilen gutarýar.

Jyns taýdan ýetişme hadysasynda 3-den-2-ä çenli döwürleri tapawutlandyrýarlar. H.Stuart prepubertat (gasykda tüýüň çykan wagty we ösüşiň çaltlaşmagy), hususy pubertat (ilkinji aýbaşy gelýänçä) we ýaşlyk (ösüşiň saklanmagyna çenli) döwürleri tapawutlandyrýar. M.M.Melnikowa (1982 ýylda) 10-17 ýaş aralygyndaky gyzjagazlaryň fiziki ösüşiniň ölçeglerini, ikinji jyns alamatlaryny, ilkinji aýbaşynyň bolýan wagtyny galkan şekilli mäziň funksiýasyny, ganda we peşewde gonadotropinleriň

mukdaryny, ýumurtgalyklarda steriod we ösüş gormonyny toplumlaýyn barlaglaryň netijesinde kesgitläp, jyns taýdan ýetişmeklik döwrüni tapgyrlara bölmekligi hödürleýär.

Birinji döwür – prepubertat bolup, boýuň birden ulalmagy, çanaklyk süňkleriniň ösmegi, ikinji jyns alamatlarynyň emele gelmekligi bilen häsiýetlenýär. Bu hadysalaryň stimulýasiýasyna ösüş gormony, androgenler gatnaşýar. Ýumurtgalyklaryň gormonal işjeňligi güýçlenýär, wagtal-wagtal estrogenleriň örän ýokary derejesi ýüze çykýar, olaryň orta derejesi ýokary däl. Bu stadiýa ilkinji aýbaşynyň gelmekligi bilen tamamlanýar, ösüş gormonyň derejesi azalýar, gonodotropiniň we estrogenleriň mukdary köpelýär, galkan şekilli mäziň funksiýasy işjeňleşýär.

Ikinji döwür – pubertat bolup, soňky fiziki ösüş esasan hem bedeniň agramynyň köpelmegi, çanaklygyň ösmegi, bu döwürde anawulýator bolan aýbaşynyň sazlaşmagy bilen häsiýetlenýär, ösüş gormonynyň derejesi azalýar, galkan şekilli mäziň funksiýasy işjeňleşýär. Estrogeniň mukdary köpelmeýär, progesteron az bolýar. Bu döwrüň soňunda menarhedan soňky ikilenji ýylda estrogenleriň mukdary köpelýär.

Üçünji döwür – postpubertat bolup, fiziki ösüş hadysalary tamamlanýar, estrogenleriň derejesiniň ýeterlik ýokarylygynyň hasabyna owulýator halka gurnalýar. Ösüş gormonyň derejesi aşak düşýär. Galkan şekilli mäziň funksiýasy durnukly bolýar. Önelge ulagmynyň gurnalma döwründe ilkinji aýbaşynyň gelmegi we owulýator halkanyň döremegi örän wajyp ýagdaýydyr. M.N.Kuznesowyň gözegçiligine laýyklykda (1980ý.) döwrebap şertlerde sagdyn gyzjagazlarda jyns taýdan ýetişme döwri 8-9 ýaşda başlanýar we 17-18 ýaşda tamamlanýar. Jyns taýdan ýetişme döwrüniň birinji fazasy 8-9 ýaşda başlanýar we 13-14 ýaşda gutarýar, ikinji faza bolsa 13-14 ýaşda başlanýar we 17-18 ýaşda tamamlanýar.

Prepubertat we pubertat döwürlerde neýroendokrin sazlaşygyň gurnalmagy

Jyns taýdan ýetişme döwri üýtgeşmeleriň iki görnüşi bilen tapawutlanýar: 1) gipotalamus-gipofiz-ýumurtgalyk ulgamyndaky üýtgeşmeler we 2) jyns mäzleriniň gormonal funksiýasyna esaslanýan üýtgeşmeler. Ikinji görnüşiň üýtgeşmeleri ikilenji jyns alamatlary kemala gelýän wagty, birinji görnüşiň üýtgeşmeleri diňe ýörite barlag usullary geçirilende anyklanylyp bilner.

Adamda gipotalamus sebitiniň ösüş tapawutlanmasy postnatal dowam edýär. Gonodotropinleriň ekskresiýasynda we sekresiýasynda gipotalamo-gipofiz ulgamynyň funksiýasy kelle beýniniň bioelektrik işjeňliginiň häsiýeti barada maglumatlary öwrenip, jyns taýdan ýetişme döwründe bu ulgamyň funksional aýratynlyklarynyň emele gelmeginiň kesgitli düzgünnamalaryny yzarlamak mümkin.

7-8 ýaşly gyzjagazlaryň ganynda FSG we LG kesgitlenende olaryň mukdarynyň köpelýändigi anyklanyldy, iki gonadotropiniň hem bölünip çykmagynyň aýratyn sazlaşykly döremegi bilen häsiýetlendirilýär.

R.Vinko, D.Apter (1984ý) aýbaşy halkasynyň endokrin häsiýetnamasyny öwrendiler. (7-17 ýaş aralygyndaky 200 sany gyzlar gözegçilige alyndy). Awtorlar ilkinji aýbaşynyň ir gelmegi owulýator sikliň ir guralmagy bilen gabatlaşýar diýen netijä geldiler. Jyns taýdan ir ýetişen çagalaryň ganynda, entäk aýbaşysy gelmänkä hem 13 ýaşda aýbaşysy gelen gyzyňka garanyňda FSG we LG köp bolýar.

9-10 ýaşly çagalaryň ählisinde bar bolan usula duýujylygy FSG we LG-ny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Şol wagt FSG-nyň bölünip çykmagynyň  kesgitli ritmi emele gelýär: onuň toniki ekskresiýasynyň fonunda gormonyň bölünip çykma-

gynyň bir sikli bellenýär. Has ýaşrak gyzjagazlarda LG-nyň sekresiýasynyň häsiýeti tapawutlanmaýar.

11 ýaşda FSG-nyň sekresiýasynyň we ekskresiýasynyň köpelýändigi bellenýär.

13-14 ýaşda FSG we LG-nyň bölünip çykmagynyň derejesi we häsiýeti üýtgeýär. Bu wagta çenli iki gonadotropiniň hem bölünip çykmagynyň kesgitli (biologik) halkasy emele gelýär. Halkanyň 6-7-nji günlerinde FSG-ň bölünip çykmagynyň ilkinji hemişelik piki (ýokary derejesi) bellenýär, galan günler bu gormonyň pes bazal ekskresiýasy bellenýär. 14-15-nji günlerde LG-ň bölünip çykmasynyň iň ýokary derejesi (piki) belenýär, galan günler bu gormonyň hem toniki ekskresiýasy gözegçilik edilýär, 13-14 ýaşda LG-ň öndüriliş derejesi uly aýalyňkydan pes derejede bolýar. Görkezilen ýaşda diňe bir gonadotropiniň belli bir sikli ilkinji gezek gurnalman, eýsem FSG we Lg-ň bölünip çykyşynyň pikiň arasyndaky wagtyň korrelýaiýasy hem ýola goýulýar.

Ýaşyň artmagyna görä FSG we LG-ň bölünip çykyşynyň ýuwaş-ýuwaşdan köpelýändigi bellidir. 15 ýaşda FSG-ň bölünip çykmagynyň ýokarlanmagyna baglylykda LG-ň sikliki ekskresiýasy aýdyň güýçlenip, uly aýalyňka häsiýetli bolan derejä ýetýär. Elektro-ensefalografiýada dominirleýji a-ritminiň fonunda gonadotrop gormonyň bölünip çykyşyny sazlaşdyrýan gipotalamusyň yzky we ortaky bölümleriniň strukturasynyň güýçlenmegi bilen bagly bolan haýal tolkunlaryň mukdarynyň köpelmegi we çalt pes amplitudadaky ojaklaryň işjeňleşmesi bellenýär. Gonadotrop gormonyň bölünip çykyş häsiýeti önelge döwrüniň aýbaşy halkasyna mahsus. 16-17 ýaşda FSG-ň ekskresiýasy halkanyň 18-nji gününde ikinji aýdyň ýokarlanmasy bolup geçýär. Halkanyň 22-23-nji günlerinde LG-ň bölünip çykmasynyň ikinji ýokarlanmasy bellenýär. 16-17 ýaşda EEG

ähli sebetde a-ritminiň dominirlenýändigi häsiýetlendirilýär. FSG-nyň absolýut ululygy jyns taýdan ýetişik döwründe önelge ýaşdaky aýalyňkydan pes bolýar (Lee P. Et al, 1077; Generrani A, 1981).

Köp awtorlaryň maglumatlaryna görä (Bartakowa G.M., 1980; Generrani A. Et al, 1981; Sirenenko P et al, 1978) prolaktiniň derejesi prepubertat döwürde ýokarlanmaga başlaýar, ilkinji aýbaşynyň geleninden bir-iki ýyl soň ulylaryňka mahsus bolan derejä ýetýär. Birinji tapgyrda prolaktiniň orta derejesi hemişelik bolup, jyns taýdan ýetişme döwrüniň soňunda ýokarlanýar. (Bugnu S. Et al, 1980). Prolaktiniň fiziologik orny jedelli. S.Bugnu süýt mäzleriniň ösmeginde prolaktiniň orny bolup biler diýip pikir edýär. G.M.Bartanowa (1980) 8-17 ýaşly gyzjagazlarda prolaktin reproduktiw funksiýanyň gurnalmagynda gerekli orun tutýar diýip hasap edýär. 12-15 ýaşda prolaktin görnüşi ýaly, jyns taýdan ýetişmeklikde orun eýeleýär, ýagny ýumurtgalyklaryň steroid emele getiriji funksiýasyny işjeňleşdirýär, 15-17 ýaşda bolsa owulýator mehanizmleriň gurnalmagynda jemleýji täsirini ýetirýär. Ösüş gormonyna prepubertat döwründen başlap, jyns taýdan ýetişmek döwrüniň soňuna çenli haýaldan azalmaklyk häsiýetlidir.

## Jyns taýdan ýetişmeklik mehanizmi

Jyns taýdan ýetişmeklige getirýän başlangyç itergiler ilki bilen beýniniň gabygynda başlanýar, ýagny, belli bolşy ýaly ol jyns sazlaşygyň funksiýasyna jogap berýän gipotalamusyň bölümleri bilen nerw ýollary arkaly baglanyşandyr. Prepubertat döwürde ýüze çykýan kelle beýni gabygynyň we MNU-nyň beýleki bölümleriniň doly emele gelmeginiň intensifikasiýasy gurşap alýan sredadan gaýdýan we ilki bilen görüş analizatory arkaly hereket edýän ösýän impuls akymynyň täsirinde bolup geçýär. Haýwanlaryňka garanyňda adamynyň ys alyş analizatoryň

orny uly däl. Gipotalamusda liberin öndürýän neýrosekretor öýjükler bilen bir hatarda biogen amin toparynyň maddasyny bölüp çykarýan adrenergik we serotoninergik neýronlar hem ýerleşýär. Gonadoliberinleri gipofiziň portal ulgamyna çykarmaga ýardam berýän kateholaminleriň gipotalamusda ýygnanmaklygy jyns taýdan ýetişmekligiň mehanizmini baglanyşdyrýar. Serotonin - epifiziň gormony, melatoninyň öňden gelijisi bolup, jyns funksiýasyna esasan ingibirleýji täsir edýär. Serotoniniň derejesiniň beýnide bolmalysy ýaly üýtgemegi gipofiziň gonadotrop işjeňligine täsir edýär, bu jyns ulgamynyň funksiýalaryna mahsus sikliň yzygiderliliginiň amala aşmagynyň bir mehanizmidir.

Görüş analizatoryndan gipotalamusa düşýän impulslar hem göni hem aralykly-epifiziň üsti bilen - täsir edýär. Prepubertat döwürde togalak çiş görnüşli bedeniň antigonadotrop işjeňligi peselýär we bir wagtyň özünde onuň gipotalamusyň üsti bilen prolaktiningibirleýji faktory (PIF) saklaýjy täsiri hem tapawutlanýar. PIF-ň mukdary azalýar, ol hem prolaktiniň öndürilişiniň tapawutlaryna getirýär.

## Ikilenji jyns alamatlarynyň ýüze çykmagy

Reproduktiw ulgamyndaky üýtgeşmeler bilen bilelikde, biraz gijiräk jyns taýdan ýetişme döwrüne häsiýetli bolan somatik üýtgeşmeler bellenýär. Çanaklygyň giňelmeginiň hasabyna we 8-10 ýaşda başlanýan deriasty ýag gatlagynyň aýalyňky görnüşde ýygnanmagy bilen gyzjagaz ýuwaş-ýuwaşdan aýala meňzeş bolýar. Jyns taýdan ýetişmekligiň akymynyň dogrylygynyň bir görkezijisi hökmünde daşky durkuň umumy üýtgeşmeleriniň fonunda ikilenji jyns alamatlary ösýär. Olaryň ýüze çykmagy berk yzygiderlilikde bolýar. Eýýäm täze doglan çagany ol ýa-da beýleki jynsa degişli etmäge mümkinçilik berýän anatomiki we antropometriki alamatlaryň jemi ilkinji jyns alamatlary diýip

atlandyrylýar. Prepubertat döwürde ikilenji jyns alamatlarynyň ýüze çykyşy güýçlenýär. Bu ýagdaý pubertat döwürde dowam edýär. Alamatlar adatça şeýle yzygiderlikde ýüze çykýar: 8-9 ýaşda çanaklygyň aýlawynyň çalt ulalmagy, butlarda ýag dokumasynyň döremegi: 9-10 ýaş – emzikleriň ösmegi: 10-11 ýaş – süýt mäzleriniň ösüp başlamagy: 11 ýaş – gasykda tüýleriň ösmegi: 12-13 ýaş – emzikleriň tegmilleşmegi: 13-14 ýaş – goltuk oýlarynda tüýleriň ösmegi: 15-16 ýaş – iki fazaly aýbaşy halkanyň emele gelmegi: 16 ýaş – düwürtikleriň döremek mümkinçiligi: ses tonusyň peselmegi: 16-18 ýaş – süňkleriniň ösüşiniň haýallamagy. Atlandyrylan wagtdan gyşarmalar bolmagy mümkin, mysal üçin menarhenyň ýüze çykmagy uly üýtgeşmeler bilen baglanyşykly.

**Gasykda we goltukasty oýda tüýleriň emele gelmekligi**

Edebiýatda jyns taýdan ýetişme döwründe tüýleşmäniň häsiýeti barada köp maglumatlar bar (Bogdanowa E.A., 1980). Tüýleşme tapgyryna baha bermek 3 balda geçirilýär. Oglanjyklarda we gyzjagazlarda tüýleşmäniň başlangyç wagty deňeşdirilende olaryň arasynda tapawut ýüze çykýar; gyzjagazlarda tüýleşme oglanjyklaryňkydan ir ýüze çykýar. Ýöne olaryň ýüze çykmagynda indiwidual tapawut bar. Iki jynsyň hem çagalarynyň köp böleginde goltukasty tüýleşmesi gasykda tüý çykandan 11/2- 2 ýyldan soň bolup geçýär we 20 ýaşdan soň iň güýçli ösüşe ýetýär. Tüýleşmäniň häsiýeti we onuň intensiwligi jyns nesil faktorlary bilen kesgitlenýär. Aýal tipli gasykda tüýleriň çykmagy gorizantal çägi bilen häsiýetlenýän bolsa, erkek tipine garnyň ak çyzygynyň ugry boýunça tüýleriň ösmegi mahsusdyr.

Ilkinji aýbaşy – menarhe. Häzirki zaman maglumatlara laýyklykda 12-14 ýaşda ýüze çykýan ilkinji gezek aýbaşynyň gelmekligi özüne aýratyn ünsi talap edýär. Menarhe ýüze

çykandan soň geçen ýyllary hasaplanyp aýdylýan “ginekologik ýaş” diýen düşünje bar; şeýlelikde ony jyns taýdan ýetişmegiň bir görkezijisi hökmünde almak mümkin. Menarhedan öňdäki aýlarda gyzjagazlaryň köpüsiniň garnynda uzak dowam etmeýän, güýçli bolmadyk, her aý ýüze çykýan agyrylar peýda bolýar. Mundan başgada nemiň häsiýeti üýtgeýär, göwrümi öňküsinden köpelýär, ýöne bu fiziologiki ýagdaýlygyna galýar.

Gyzjagazlaryň köpüsine ilki başdan 28-30 günlük aýbaşy halkanyň dowamlylygy häsiýetli; aýbaşy düzgün bolşy ýaly 3-5 gün dowam edýär. Öň aýdylşy ýaly diňe 80% gyzlaryň aýbaşy halkasy derrew sazlaşýar. Köpüsinde ilkinji aýbaşy gelmeleri uly we deň bolmadyk arakesmeler bilen tapawutlanýar: 11-2-den 3 aýa çenli we ondan hem köp (bu ýagdaý lukmana ýüz tutmaklygy talap edýär). Ilkinji aýbaşyda gan gelmekligiň dowamlylygy we ýitirilýän ganyň mukdary hem dürli-dürli bolýar. Patologik ýagdaýda olar giperpolimenoreýa geçýär.

Gyzlarda ilkinji aýbaşynyň ýüze çykýan wagty ortaça 13 ýaş, fiziologik gyşarma 9-15 ýaşa çenli. Aýdylan çäkden daşary ýüze çykýan menarhe howply ýagdaýlaryň biridir, şeýle gyzjagaz ünsli barlag geçirilmegine mätäçdir. Ilkinji aýbaşynyň ýüze çykýan wagty birnäçe ýagdaýlara bagly, olardan kä biri (klimat, geografik giňlik, millet we ş.m.) az täsirli, beýlekileriň (material-durmuş şertler, saglyk ýagdaýy, beden konstitusiýasy, nesilden geçmeklik we ş.m.) has uly orny bar.

**Menarheniň ýüze çykma wagtyna täsir edýän faktorlar**

Bu täsirler barada maglumatlar köp dürli. Mysal üçin, antenatal ösüş şertler, eger olar oňaýsyz bolan bolsa, pubertat döwrüň geçişine aýdyň täsirini ýetirip biler. Genetiki faktorlar belli bir derejede orun eýeleýär. Bir ýumurtgaly ekizlerde ilkinji aýbaşynyň ýüze çykma wagtynyň tapawudy (2aý töweregi) iki ýumurtgaly ekizleriňkä garanyňda az (8 aýdan köpräk).

Gurşap alýan sredanyň howa şertlerine (klimatyna) we temperaturasyna baglylyk gyzyklydyr. Häzire çenli yssy klimatda ýaşaýan çagalaryň jyns taýdan ýetişmekligi aram klimatly ýurtlaryňka garanyňda ir ýüze çykýar diýen maglumatlar bar, emma häzirki zaman maglumatlar ony inkär edýär. Tropikada we Alýaskada gyzjagazalardaky ilkinji aýbaşynyň ýüze çykýan wagty adatça deňräk. Russiýa Federasiýasynda bar bolan maglumatlara laýyklykda dürli klimatogeografik şertlerde ilkinji aýbaşynyň ýüze çykma wagty kän bir tapawut bermeýär. Diňe beýik dagly ýerlerde aýbaşynyň gijiräk ýüze çykýandygy tapawut edýär. (Sensuren P, 1977 we baş).

Agyr stress we psihoemosional ýagdaýlar jyns taýdan ýetişmekligi saklap we ýaňja kemala gelen aýbaşyny bozup bilýär. Ýeňil stress jyns taýdan ýetişmekligi çaltlandyrmaga ukyply. Soňky ýagdaý tejribede gowy görünýär. Jyns taýdan ýetişmedik haýwanlary gysga wagtlaýyn enesinden aýra saklamak we şoňa meňzeş täsirler olaryň jyns taýdan ýetişmekligini çaltlandyrdy. Bu faktor psihoseksofiziologiýa tarapyndan manylaşdyrylmaly.

Ýagtylyk we pasyllaýyn şertleriň hem bu hadysada belli bir orny bar, ýöne bu barada maglumatlar örän az we esasan tejribe esasyndaky materiala degişli. Ösen ýurtlaryň çagalarynda akselerasiýanyň, şol sanda jyns taýdan ýetişmekligiň ir ýüze çykmagynyň sebäpleriniň biri emeli ýagtylandyrmanyň giňden ulanylýandygyndadyr diýip pikir edilýär. Ilkinji aýbaşynyň ýüze çykma ýygylygy köplenç halatda gyş aýlary, esasan hem ýanwar we fewral aýlarynda, seýrek halatda iýun we awgust aýlarynda bolýar. Pasyllaýynlygyň diňe bir ýagtylandyrma bagly bolman, iýmitlenme şertlerine hem baglydygy görnüp dur.

Ýeterliksiz ýaramaz iýmitlenmeklik, gürrüňsiz, jyns taýdan ýetişmekligiň saklanmagyna getirýär. Duzly, etli we

ýagly iýmitleriň agdyklyk etmegi jyns taýdan ýetişmekligi çaltlandyrýar.

**Ikilenji jyns alamatlarynyň emele gelme dinamikasy**

Ikilenji jyns alamatlarynyň ýüze çykmagy örän seýrek ýagdaýda 8 ýaşly gyzjagazlarda duşýar. 8 ýaşly gyzjagazlarda I tapgyrda süýt mäzleriň ulalmagy 5%-de, gasygyň tüýlenip başlamagy – 2,7%-de bellenýär. Gyzjagzalaryň köpüsinde (45%) süýt mäzleriň ulalamgy 11 ýaşda bellenýär. Russiýa Federasiýasy boýunça getirilen maglumatlar jyns taýdan ýetişmekligiň ilkinji alamatlary 11-12 ýaşda, 12-13 ýaşda ýüze çykýandygyna (I tapgyrda süýt mäzleriniň ösmegi we tüýleşme) şaýatlyk edýär. (Aleksikowa R.Ýa, 1977 we baş). Jyns taýdan ýetişmek döwründe çagalarda işlemeýän goltuk asty deri mäzleri ölçegi boýunça ulalaýar we işjeňleşýär, soňlugy bilen doly ýetişenlik döwrüne çenli işleýär.

Jyns taýdan ýetişmeklik döwrüne ýetginjek gyzyň boýunyň "pubertat" birden ösmekligi häsiýetli. Belli bolşy ýaly bedeniň daşky ölçegleri ilki bilen onuň süňk elementleriniň ölçegi we görnüşi, soňra skelet muskulaturasynyň ösüşi we ýag dokumasynyň ýaýraýşy bilen kesgitlenýär. Boýuň uzynlygy süňk komponentleriniň ösüş dowamlylygy we intensiwligi bilen bagly.

Süňküň üýtgemegi - "süňk ýaş döwri". Boýuň ösmekliginiň ýokary tizligi enäniň göwresindäki döwrüň soňunda ýüze çykýar, soňra ösüş tizligi birden haýallaýar we ikinji has aýdyň ösmeklik jyns taýdan ýetişmekligiň öňisyrasynda ýüze çykýar. Birnäçe awtorlar pubertata birden ösmeklige soňkynyň hemme mümkinçilikleriniň amala aşyrylyş döwri hökmünde garaýarlar. Eýýam XIX asyryň soňunda gyzjagazalrda aýbaşy ýüze çykmasyndan 2-3 ýyl öň olaryň boý ösüşiniň tizleşýändigi bellidi, özi hem boýuň ösmegi näçe çalt boldygyça, şonçada ilkinji aýbaşy ir ýüze çykýar diýip hasaplanylýardy.

Pubertat boýuň birden ösmegi gyzjagazalrda oglanjyklaryňka garanyňda ir, ýöne kän aýdyň däl görnüşinde ýüze çykýar. Pubertat döwründen öň ösmek esasan somatotrop gormona we galkan şekilli mäziň gormonyna bagly bolýar. Jyns taýdan ýetişmek döwründe ösmeklik androgenleriň bölünip çykyşyna bagly. Uzynlygyna ösmekligiň häsiýetini öwrenmeklik estrogenleriň jyns taýdan ýetişmegi stimulirlemek (süňkleşme), androgenleriň bolsa ösüşi stimulirlemek ukybynyň has aýdyňlygy görkezdi.

Prepubertat döwürleriň dowamynda gyzjagazlaryň ösmegi oglanjyklaryňkydan agdyklyk edýär. Çanaklyk süňkleriniň aýratyn çaltlykda ösmegini 10-14 ýaşa degişli edýärler. Ýöne şonda-da 17 ýaşly gyzyň çanaklygynyň ölçegleri hem jyns taýdan ýetişen aýalyňkydan kiçiräk bolýar (0,5-2sm). Bu ilki bilen daşky konýugata degişli. Käbir süňkleriň ýaşa görä üýtgemegi şeýle bir mahsus, şonuň üçin ony jyns taýdan ýetişmekligiň patologiýasynda göz öňüne tutýarlar. Biologik ("süňk") ýaş kalendar ýaşa gabat gelmeli (±1 ýyl). Köplenç ýagdaýlarda penjäniň we bilek penjäniň boýnunyň rentgen häsiýeti ulanylýar. Mysal üçin üçgranly süňküň süňkleşmesiniň ilkinji maňzy 2-4 ýaşda, ýarym aý görnüşli süňküňki 31/2 ýaşda, gaýyk görnüşli süňkleriňki 5-6 ýaşda, nohut görnüşli süňkleriňki 8-11 ýaşda ýüze çykýar. Penjäniň süňkleşmesiniň maňyzlarynyň gutarnykly birleşmesi 16-20 ýaşa degişli. Çaga ginekologlary gyzjagzalaryň fiziki ösüşiniň görkezijilerini göz öňüne tutmalydyrlar. Ýuwenil gan akmalaryndan ejir çekýän gyzjagazalar özüniň fiziki ösüşinde ýa yza galýarlar ýa-da öz hakyky ýaşyndan 2-5 ýyl öňe gidýärler diýen maglumatlar bar. Eger "süňk" ýaşy pasport ýaşyndan öňe gitse, onda köp halatda giperandrogeniýa barada pikir etmek mümkin. Hemişelik dişleriň çykýan wagty somatik we jyns ösüş hadysalaryna göni bagly diýen maglumatlar bar. Diýmek, hemişelik dişleriň ösüşiniň çaltlaşmasynyň birinji

fazasy gyzjagazlarda 5-6 ýaşda bolup geçýär (ilkinji molýar dişler we merkezi kesiji dişler, aşaky äňinde laterial kesiji dişler), soňky ýyllar ösme azalýar we hemişe dişleriň ösüşiniň çaltlaşmasynyň ikinji fazasy prepubertat döwrüň soňunda 10-11 ýaşda ýüze çykýar. Penje süňküniň ýagdaýy jyns taýdan ýetişmekligiň wagtyny bilmäge hem mümkinçilik berýär. Boýuna, agramyna we bedeniň her ýylda ösüşine, has hem hakyky ýaşyna garaňda ilkinji aýbaşynyň ýüze çykjak wagtyny süňk ýaşy boýunça dogry kesgitleýärler. Köp awtorlar hakyky ýaşyna bagly bolmazdan I barmagyň sesama görnüşli süňkiniň emele gelmegi gasykda tüýleşmäniň başlamagy, süýt mäzleriniň ulalmagy we ilkinji aýbaşa 11/2- 2 ýyl galandygy bilen gabat gelýändigini görkezdiler. Beýleki awtorlar sesama görnüşli süňküň emele gelmegi pubertat döwrüň başlaýandygyna şaýatlyk edýär diýip hasaplaýarlar (101/2 ýaşda). Süňkde sinostazyň emele gelmegi aýbaşy halkanyň başlaýan wagtyna gabat gelýär. Boýuň ösmeginiň köpelmegi 10-11 ýaşda bolup geçýär, şol ýyllar boý ortaça 8 sm uzaýar. Bu ýaşda boýuň ösmeginiň köpelmegi esasan aýaklaryň uzalmagy, 14 ýaşdan soň bolsa göwräniň uzynlygynyň köpelmegi bilen baglanşykly.

14 ýaşa çenli boýuň we agramynyň köpelmegi sazlaşykly bolup geçýär. Diýmek, eger 14 ýaşda beden uzynlygynyň artmagy ortaça 4 sm bolsa (11 ýaşda – 8 sm), onda agramyň köpelmegi – 6,2 kg (11 ýaşda – 4,8 kg). Egniň giňligi 14 ýaşda has gaty ulalýar, çanaklygyň ölçegleri, aýratyn hem kese ölçegi 13-15 ýaşda ulalýar. (Lazarewa L.A, Boguş T.G., 1980) 16 ýaşdan çanaklygyň ösme intensiwligi peselýär, ýöne 17 ýaşda köp gyzlarda ol ýene dowam edýär. Diýmek awtorlaryň maglumatlaryna görä, barlag geçirilen gyzlaryň diňe ýarysynda çanaklygyň ölçegleri 17-18 ýaşda uly aýalyňka gabat geldi.

Jyns taýdan ýetişmekligi häzirki zaman şertlerde

öwrenilende soňky ýüzýyllykda akselerasiýa ösüşi adyny alan biziň planetamyzyň ilatynyň ösüşiň çaltlaşandygyny ýatlamazlyk mümkin däl.

Käbir awtorlar Moskwaly okuwçylaryň jyns we fiziki ösüşini 10 ýylyň dowamynda barlag geçirip (1963-nji ýyldan 1973-nji ýyla çenli) ortaça okuwçylaryň boýy 4 sm ýokary, agramy 4 kg agyr, döş kapasasynyň aýlawy 3 sm artandygyny görkezdi. Şoňa meňzeş maglumatlar beýleki barlagçylardan hem alyndy. Alymlaryň pikirine görä, akselerasiýa – ilki başdaky ösüşiň derejesiniň üýtgemeleri bilen (doglandaky beden ölçegleriniň has uly bolmagy), onuň tempiniň çaltlaşmagy, stadiýalarynyň has ir ýüze çykmagy we ahyrky görkezijileriň absolýut ulalmagydyr. Akselerasiýa meselesi aýratyn çözülişi talap edýär. Jyns taýdan ýetişmeklik döwri öwrenilende akselerasiýa meselesi barada ýatlamaklyk zerur.

Şonuň bilen baglylykda seýrek bolmadyk ýagdaýda häzirki zaman şertlerinde jyns taýdan ýetişmeklik has ir bolup geçmeýärmi diýen sorag gelip çykýar. Jyns taýdan ýetişmeklik barada biziň we birnäçe daşary ýurt alymlarynyň göz öňüne getirmesi bu soraga “otrisatel” jogap berýär.

“Pubertat döwri” diýen termin köplenç jyns öýjüklerini döretmäge we bölüp çykarmaga bolan ukyby aňladýar. Ýöne, aýal bedeni alnanda bu düşünjä düwünçegi götermeklik ukybyny hem girizmeli. Eýýäm gadymdan bäri iki düşünjäniň barlygy belli: “Puberty” we Nubilety”. Eger “puberty” bedeniň belli bölekleriniň tüý bilen örtülen ýaşyny aňladýan bolsa, onda “nubilety” (nubis-örtügi) gyzyň toý eşiklerini geýmäge, ýagny durmuşa çykmaga taýýardygyny aňladýar. Fransuz sözlüklerinde (1819ý.) M.Montagunyň belleýşi ýaly “nubilety” “puberty” bilen garyşdyrmaly däldir, ýagny toý etmäge taýýar diýen düşünje, erkege düwünçegi tohumladyrmaga, dogruma

we onuň netijelerine taýýar bolmak derejesine bedeniň hemme agzalary bilen ýetmek ukybyna aýdylýar.

Edebiýat çeşmelerini yzarlap we öz hususy tejribämizden esaslanyp, jyns taýdan ýetişmegini aýbaşynyň ýüze çykmagy, ikilenji jyns alamatlarynyň ösmegi we tohumlanma bolan ukyby bilen baglanyşdyrman, eýsem ony esasan göwreliligi götermek, dogurmak, emdirmek we enäniň öz saglygyna we çaganyň saglygyna şikes ýetirmezden sagdyn çagany terbiýelemek ukyby hökmünde göz öňüne tutýarys. Biziň alymlarymyzyň köpüsiniň pikirine görä, ýurdumyzyň ähli klimotogeografik welaýatlarynda jyns taýdan ýetişmeklik 17-18 ýaşdan ir ýüze çykmaýar.

Jyns taýdan ýetişmeklik döwri aýal üçin belli bir derejede onuň ähli geljekki ýaşaýşyny kesgitleýän postnatal ösüş döwrüniň örän jogapkärli we özboluşly “kritiki” bölegi bolup durýar. Seýrek bolmadyk ýagdaýda gyzjagazyň şol döwre sagdyn gadam basmaklygy, bu döwrüň dogry geçişine we aýal bedeniniň doly ýetişmegine  täsir edýär.

# III Bap

## Gyzjagazlaryň we ýetginjek gyzlaryň barlag usullarynyň aýratynlyklary

Saglygy goraýşyň beýleki pudaklarynda bolşy ýaly çaga ginekologiýada hem barlag usullary:

– Anamnezden.
– Obýektiw barlagdan.
– Ginekologiki barlagdan.
– Goşmaça barlag usullaryndan ybaratdyr.

### III.1. Umumy barlaglar

Dürli ginekologiki keselli gyzjagazlaryň barlag usuly.

Gyzjagazlarda ginekologiki barlag diýip, ýaşyna baglylykda içki we daşky jyns agzalarynda fiziologiki we patologiki üýtgeşmeleri ýüze çykarmak maksady bilen geçirilýän ýöriteleşdirilen usullara aýdylýar (dogulandan tä 16 ýaşyna çenli gyzjagazlaryň barlagy).

**Ginekologiki barlagyň esasy maksady:**

Barlanylýan gyzjagazlarda geçirilen barlaglaryň netijesinde tankydy görkezijileri almak bilen ginekologiki keseliň takyk we mümkin boldygyça dogry we doly kesel kesgidini goýmak.

Çagalarda ginekologiki barlagy 1956-njy ýylda ýöriteleşdirilen gyzjagazlar üçin otaglar açylandan bäri geçirilip başlandy.

Gyzjagazlaryň ginekologiki barlaglary zenanlaryň gine-

kologiki barlagyndan örän tapawutlanýar we köp sanly aýratynlyklary bar.

A) Agyry we ýakymsyz duýgylardan gorkup, çagalar lukmanyň edýän hereketlerine güýçli fiziki garşylyk görkezýärler. Barlag usullaryny geçirmek üçin barlag geçirmezden öň çaga bilen gürleşip, gerek bolsa ynama girip köşeşdirmeli. Çaga bilen hökman mähirli we hoşamaý gürleşmeli. Çaga bilen gepleşigi hökman barlaga degişli bolmadyk soraglardan başlamaly (oýunjaklar barada, söýgüli ýakyn jorasy barada, mekdepdäki üstünlikleri barada we ş.m.)

Çaganyň hökman ünsüni lukmana çekmeli we otagyň ýagdaýlaryna uýgunlaşmaga wagt bermeli. Otagyň içiniň gurnalyşy hem uly orny tutýar.

Gyzjagaz barlaga gerek bolan enjamlaryň, gurallaryň taýýarlanyşyny, ganly pagtalary, daňy materiýallary görmeli däldir. Bu ýerden çagada gorky ýa-da ýakymsyz duýgylary ýüze çykaryp biljek hemme zatlary aýyrmaly, otagyň içinde nätanyş ýat kişiler bolmaly däl, şeýlede çaganyň gözüniň alnynda başga kişiniň ýa-da çaganyň barlagy geçirilmeli däl. Hiç haçan çagany aldamaly däl, sebäbi bu ýagdaý çaganyň ynamynyň gaçmagyna getirer.

B) Uly aýallaryň barlagy bilen deňeşdirilende gyzjagazlaryň içki jyns agzalary örän kiçi we el bilen we gurallar bilen barlag üçin mümkinçiligi pes. Bu aýratynlyklar barlaýan lukmanyň işini kynlaşdyrýar, ol örän uly seresaplyk bilen we gyzjagaza agyry ýa-da ýiti ýakymsyz duýgylary ýüze çykaryp biljek usullardan ýüz öwürmeli; ol barlaglar näsagyň ýagdaýy barada takyk netije berip biljegine seretmezden, ol barlag usullary geçirmeli däl, gurallar ulanylanda örän uly seresaplyk bilen çemeleşmeli, olar şikes ýetirýän bolmaly däl, we ýaşyna gabat gelýän talaba laýyk ulülykda bolmaly.

Ç) Gyzjagazlarda çanaklyk düýbi gaty, giňişlik gatnaşygy çäklenen we köplenç takyk konturirlenmeýär, ondan başga gyzjagazlarda zenanlaryňky ýaly içki agzalaryň takyk ýerleşişi we görnüşleri ýok.

Bu ýagdaýlar barlag geçirýäniň ýokary bilimini we hünärmenligini talap edýär. Barlag geçirilýän gyzjagazyň ýaşyna baglylykda aýratynlyklaryny göz öňüne tutmaly, şeýle-de ýöriteleşdirilen otaglaryň orta we kiçi işgärleriniň ýörite taýarlygyny we bilimli bolmagyny talap edýär. Düzgün bolşy ýaly ,barlag geçirmezden öň barlanylýan çaganyň içegelerini we peşew haltasyny boşatmaly.

**Dürli ginekologiki keselli çagalaryň barlanyşynyň bölünişi**.

1. Umumy barlag.

2. Ýöriteleşdirilen barlag. Ýöriteleşdirilen barlag öz gezeginde:

A. Ginekologiki.

B. Barlaglaryň ýöriteleşdirilen görnüşine.

1. Gyzjagazlarda umumy barlaglar pediatriýada kabul ediş usul boýunça geçirilýär. Barlag geçirilýän wagty bir näçe somatiki keselleriň hem, jyns agzalaryň keselleriniň sebäbi bolup bilýär. Mysal üçin: çaga infeksion keselleri, dowamly infeksiýalar we zäherlenmeler, genitaliýalaryň jerhitleme kesellerine, aýbaşy funksiýasynyň bozulmasyna we ginatreziýalara getirip bilýär.

Gyzjagazlaryň barlagy: anamnezini soramakdan başlaýar; gyzjagaz bilen gürleşmezden öň çaganyň ejesi ýa-da başga yany bilen gelen garyndaşy bilen gürleşmeli, gyzjagazyň arzlaryny we anamnezini soramaly; diňe soňra gyzjagaza goşmaça soraglary bermeli.

**Anamnez ýygnamagyň usullary:**

Yzygiderli we dogry, doly ýygnanan anamnez kesel

kesgidini goýmagy ýeňilleşdirýär we keseliň sebäbini anyklamak üçin gymmat bahaly habarlary we netijeleri berip bilýär. Çaganyň ejesine ýa-da çaga ideg edýän ýakyn garyndaşyna doly we erkin gürrüň bermäge mümkinçilik bermeli. Mümkin boldygyça çaganyň öňki we häzirki ýaşaýyş şertleri, geçiren keselleri, çaganyň bedeniniň ösüşine täsir edip biljek hemme otrisatel we položitel faktorlary barada, nerw ulgamy we fiziki ýagdaýy barada sorag ideg etmeli, şol soragyň içine şeýle-de gün tertibi, iýmiti, söýgüli oýunlary, näme bilen meşgullanmagy gowy görýändigini, deň - duşlary bilen aragatnaşygyny bilmeli. Gyzjagazyň ejesiniň göwreliligi nähili geçen, göwreliligiň has howply döwürlerinde hünär bilen baglanyşykly ýa-da başga zeper ýetiriji zyýanly faktorlar bolupdyrmy? Dogrum nähili geçdi? Ene - atasy bilen aragatnaşygynda maşgalada gapma-garşylykly ýagdaýlar barmy? - ýaly soraglary bermeli.

Ene - atasy sorag edilenden soň goşmaça soraglar gyzjagazyň özüne berilýär, hökman näsagyň arzyny diňlemeli, keseliň nähili başlanyny anyklamaly, nähili yzygiderlikde onuň alamatlary ýüze çykdy, bar bolsa ýa-da bolan bolsa – agyrynyň häsiýeti (ýiti, kütek, uzak wagtlap ýa-da gysga wagtlap)we ýerleşişi, jyns agzalaryndan bölünip çykmalar boldumy we onuň häsiýeti we ş.m..

Bedeniň gyzgyny, ukysy, işdäsi, keýpi – bu soraglaryň hemmesi anamnez ýygnalanda uly orny tutýar. Çaganyň jynsy kämilleniş döwrüne esasy ünsüňi bermelidir (eger eýýäm gyzjagazyň aýbaşysy gelýän bolsa): ekzo - we endogen häsiýetli amatsyz ýaramaz şertleriň täsiri; antenatal döwrüniň ýaramaz geçmegi; geçiren ýokanç ýa-da gurçuk keselleri daşky ýa-da içki jyns agzalaryň trawmatiki zeperlenmegi; amatsyz gigieniki şertleri; masturbasiýa we ş.m.

Ol ýa-da başga keselleriň bolmagynda anamnez ýygnalyş yzygiderliligi üýtgeýär. Lukman barlanylýan çaganyň käbir

(inçekesel, sözenek, ýiti infeksiýaly) näsaglar bilen gatnaşykda bolmagy çagada mahsus ginekologiki keselleri ýüze çykaryp biljegini ýatdan çykarmaly däldir.Gyzjagaz inçekeselli näsag bilen gatnaşykda bolanda gyzjagazlaryň genitaliýalarynyň inçekeseli, sözenekli näsag bilen kontaktda bolanda jyns agzalarynyň bu keseli bolan halatlary düş geldi.

Anamnez ýygnalyşyny kesele baglylykda has giňeldip ýa-da tersine kiçeldip bolýar.

Alynan hemme habarlaryň içinde iň gereklilerini we gerekmejeklerini aýyl saýyl etmeli, mümkin bolýan kesel kesgitlemesini çykarmaly. Mysal görnüşinde şu aşakdakylary görkezse bolýar: Daşky jyns synalarynda gijemäniň bolmagynda trihomanadanyň ýa-da gurçuk inwaziýasynyň bolmagy mümkin. Gyzjagazyň häzirki keseli öňki geçiren ginekologiki ýa-da infeksion keseli bilen baglanyşykly bolup bilýär.

**Gyzjagazyň umumy barlagy:**

Daşky seredişden başlamaly: çaganyň ýürek ur – şyny, beden gyzgynyny, arterial gan basyşyny, umumy ýagdaýyny anyklamaly.

Beden gurluşynyň aýratynlyklaryny anyklamaly, fiziki ýetmezçilikleriň barlygy, ýoklugy, ösüş kemçilikleriň barlygy, deri örtüginiň, diliniň we nemli bardalarynyň görnüşi we ýagdaýy, fiziki, ikilenji jyns alamatlarynyň bolmagy we ýaşyna gabat gelmegi. Umumy barlagdan seresaplyk bilen lukman hökmany taýdan ýyly eli bilen içki agzalarynyň barlagyny geçirmeli. Agyryly nokatlary bolan ýagdaýda agyrysyz garşy tarapdan başlamaly. Iň soňky yzygiderlikde ýakymsyz barlaglary geçirmeli-bokurdaga seretmeli,mümkin bolsa pediatryň barlagy we maslahaty bolmaly.

Anamnez ýygnalandan we gereklisi alnandan soň, umumy barlag geçirilende alnan netijelerden soň lukman ýörite barlaglary geçirmäge başlaýar.

## III.2. Ýöriteleşdirilen barlaglar: Gyzjagazlarda geçirilýän ýörite barlag

Ginekologiki barlaglary: Barlanylýan näsagyň bedeniniň ýatyş ýagdaýyny tapmak we saýlamak esasy ýeri tutýar. Ginekologiki barlagda esasy iki sany ýagdaýlar tapawutlanýar.

1. Gyzjagaz ýa-da ýetginjek arkasynda gorizontal ýagdaýda ýatan we aýaklary diňe dyz bognunda eplenen ýa-da tersine - ýazylan.

2. Gyzjagaz ýa-da ýetginjek arkasynda ýatyr we butlary garnyna getirilip, medisina işgäri bilen saklanylýar, aýaklary çanaklyk-but we dyz bognunda eplenen.

Iki ýagdaýda-da jynshana gysgalýar we ýatgy boýunjygy barlag üçin amatly bolýar.

Öň aýdylyşy ýaly, barlagdan öň içegäni we peşew haltany boşatmaly. Soňra barlag indiki yzygiderlilikde geçirilýär.

A) Garnyň we daşky jyns agzalarynyň barlagy - seredilişi.

B) Gyzlyk perdesiniň barlagy.

Ç) Garnyň perkussiýasy we auskultasiýasy.

D) Jynshana diwaryndan, uretradan, parauretral ýollardan, uly westibulýar mäzleriň akymlaryndan, göni içegeden bakteriologiki barlaga çyrşak alynmagy.

Gerek bolan ýagdaýynda jynshanadan sitologiki barlaga çyrşak alynýar.

Çalgy almak üçin dürli gurallar ulanylýar: ýöriteleşdirilen çyrşak aýnalar, kateterlar, dam dyrgyç, kapilyar turbajyklar, dürli görnüşdäki çemçejikler we ujuna pagta towlanan tagta taýajygy.

Çyrşag alnyş usuly: nemli barda sähelçe degirmeden tä sitologiki barlag üçin dokuma almaga çenli bolup biler, bölünip çykmalary damdyrgyç bilen ýörite rezin armyt (gruşa) ýa-da Braun şprisi bilen alynyp biliner. Çalgyly

predmet aýnalara ady, familiýasy ýazylýar. Guradylan we fiksirlenen çalgylar uzak wagtlap durup biler. Amaly çaga ginekologiýada jynshana-garyn boşlugy barlagy geçirilmeýär, ol göni içege-garyn boşlugy barlagy bilen çalşyrylýar, kiçi ýaşly çagalara göni içege külbike barmagy bilen, diňe örän wajyp we seýrek ýagdaýlarda süýem barmagy bilen barlag geçirilýär.(jynshananyň ýa-da ýatgynyň dömme çişi şübhesi bolanda, şeýle-de rectal barlagyň netijesinde doly netije alynmadyk ýagdaýynda) utgaşdyrylan göni içege - jynshana barlagy geçirilýär.

Bular ýaly ýagdaýda jynshana barlagy bir barmak arkalyseresaplyk bilen geçirilýär, hökman ene – atasynyň rugsady we razylygy bilen we üçünji kişiniň gatnaşmagynda barlag geçirilýär.

Ginekologiýa hassahanalarda gyzjagazlar barlanylanda jynshana barlagy geçirilmeýär, ol barlaglary ýaşyna görä ýöriteleşdirilen çaga jynshana aýnajyklaryň kömegi bilen geçirilýär.

Käbir ýagdaýlarda çaga jynshana aýnajygynyň deregine ýönekeý ureteroskop ulanylyp bilner. Kiçi ýaşly çagalarda (3-4-ýaşa çenli) bimanual barlagy (göni içege garyn diwar barlagy) ingaliasion beýhuş edilenden soň geçirilýär, beýhuş ýamzyň we garyn diwarynyň myşsalarynyň dartgynlygynyň peselmegine getirýär. Alnan netijelere aýratyn her çaganyň ýaşyna we beden aýratynlyklaryna baglylykda, gyzjagazlaryň jyns agzalarynyň gurluşynyň anatomo-fiziologiki aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, baha bermeli.

Umumy barlaga başlananda ilki bilen gyzjagazda ekstragenital keselleri inkär etmeli, sebäbi bu keseller jyns agzalarynyň ýa-da beýleki agzalara zeperlenme getirip biläýjek ýagdaýdyr. Anamnezi öwrenmeklige geçmezden

ozal gyzjagazlarda ilki bilen ejesinden ýa-da beýleki ýakyn hossarlaryndan sorag edilenden soňra gyzjagazyň özüne goşmaça soraglary bermeli. Ejesinde göwreliliginiň nähili geçendigini, göwreli mahaly hünäri bilen baglanyşykly zyýanly şertleriň bolandygyny ýa-da embriogeneziň kritiki döwründe beýleki zeperleýji täsirleriň bolandygyny bilmeklik möhümdir. Soňra dogrumyň nähili geçendigini anyklamak hökmanydyr. Lukman jyns taýdan ösüş döwrüne esasy üns bermeli. Gyzjagazda umumy barlag seretmekden başlanýar. Gyzjagazyň beden gurluşy, ösüş defekti barmy ýa-da ýokmy, deri örtükleriniň ýagdaýy, ikilenji jyns alamatlarynyň aýdyňlygy we onuň ýaşyna gabat gelýändigini anyklanylýar. Jyns taýdan ösüşine baha berlende morfotipleriň kesgitlemesi ulanylýar. Soňra näsagda wajyp agzalarynyň we ulgamlarynyň barlagyna geçilýär (dem-alyş, ýürek-damar, iýmit siňdiriş we beýlekiler). Obýektiw barlagdan we umumy seretmeden soň hökman ýörite barlaga geçmeli. Ýörite barlag usullary indiki tertip boýunça geçirilýär: daşky jyns agzalaryna seretmek, bakterioskopiki we bakteriologiki barlaglar üçin jynshananyň bosagasyndan (agzyndan) uretradan, parauretral geçelgelerinden, uly westibulýar mäzleriniň çykaryjy akymlaryndan we göni içegeden çyrşak almak. Gerek bolsa jynshanadan sitologiki barlag üçin hem çyrkan alynýar. Düzgün bolşy ýaly çaga ginekologiýasynda bimanual jynshana-garyn barlagy geçirilmeýär. Onuň ýerine göni içege-garyn barlagyny geçirmeli.Ýörite barlagda goşmaça barlag usullar, patologiki ýagdaýyna görä alnyp barylýar.

**Waginoskopiýa** – we ýatgy boýunjygynyň jynshana bölümini dürli ýagtylandyryjylar bilen seretmek. Waginoskopiýada gury seredilýän uretroskop ”Walentina” giňden ulanylýar. Şeýle hem ýörite çagalar üçin niýetlenen ýagtylandyryjyly aýnalar ulanylýar. Bu gurallaryň islendigini hem seresaplyk bilen

ulanmaly, sebäbi olar çaganyň jyns agzalarynyň şikesine getirip biler.

**Zondirlemek** – Jynshana barlagyny geçirmek üçin ulanylýar. Käbir ýagdaýlarda jynshanany zondirleme barlagyny göni içege barlagy bilen bilelikde geçirmek maksada laýyk hasaplanýar. Şeýle utgaşdyrylan barlag usuly jynshana del jisim düşende geçirilýär.

**Barlag punksiýasy** – Uly zenanlarda geçirilişi ýaly ýatgynyň yzky gümmezinden dälde, çaga ginekologiýasynda başga ýerlerden, meselem gyzlyk perdesiniň atreziýasynda ginatreziýa meýdanyndan ýa-da gematokolpos ýüze çykanda jynshanadan geçirilýär.

**Kolpositologiki barlag** – Çaga ginekologiýada bu usul giňden ulanylýar. Ýumurtgalyklaryň gormonal işine baha berilýär. Çyrşagy adatça jynshananyň gapdal gümmezlerinden alýarlar.

**Gazly rentgenopelwiografiýa** – Bu usulyň kömegi bilen içki jyns agzalarynyň ýagdaýy we görnüşi barada gerekli maglumat alyp bolýar. Kiçi çanaklyk boşlugyndaky çişi we onuň ýerleşýän ýerini anyklap bolýar. Bu usul geçirlende gyzjagazyň ýaşy göz öňünde tutulmaly. 4 ýaşly çaga 300-700 ml gaz, 4-9 ýaşa çenli 700-1200 ml, prepubertat we pubertat döwründe 1200-1800 ml gaz goýberilýär. Gazly rentgenopelwiografiýa gyzjagazlarda 1 ýaşdan 16 ýaşa çenli geçirilýär. Degişli gurallar (aýnalar, galdyryjy gurallar, gysgyç we beýlekiler) bar bolsa gisterografiýa deflorasiýa etmezden hem ýeňil geçirip bolýar. Gyzlyk perdesiniň gowy açylmaýan ýagdaýynda 0,25% - li Nowokain ergini goýberilip, gimenal deşikden jynshana çaga aýnasy we galdyryjy gural girizilýär. Ok görnüşli gysyjylaryň kömegi bilen ýatgy boýunjygy jynshananyň agzyna tarap çekilýär. Ýatgyny zondirlemek uly bolmadyk zondyň kömegi

bilen ýerine ýetirilýär. Soňra serwikal kanala çagalar üçin niýetlenen gural girizilýär, ýatgy boşlugyna suwda ereýän kontrast maddanyň 2-5 ml mukdary goýberilýär we yzysüre gisterogramma edilýär.

**Waginografiýa** – jynshananyň rentgenografiki barlag usulydyr. Ol jynshananyň ösüş kemisligi ýa-da onuň atreziýasy guman edilende geçirilýär. Waginografiýa barlag usuly prepubertat döwründe aýbaşy halkasy başlamazdan öň geçirmek bolýar.

Ultrases barlagy

USB-y has maglumatly hasaplanýar. USB-y geçirilmeli wagty:

- eýer görnüşli, iki şahly ýatgy çaklansa-aýbaşynyň öň ýany
- endometriýanyň ýagdaýyny anyklamak üçin – aýbaşydan soň
- genital endometriozy anyklamak üçin – aýbaşy halkasynyň fazalaryna baglylykda birnäçe sapar.

Ýatgynyň ölçegleri:

1. Gyzlarda (14-16 ýaş)

- Uzynlygy (bedeni) – 4,3
- Ýatgy boýunjygy – 2,5
- Ýatgynyň ini – 3,8
- Öň-yzky ölçegi – 2,8
- Ýumurtgalyk (göwrümi) – 6,9

Doppler barlagy – içki agzalaryň arteriýa we wena gan damarlarynda gan akymyny öwrenýär. Saglygy goraýyş ulgamynda Doppler barlagy gan akymynyň tizligini ölçeýär, ýagny öýjük derejesinde eritrositleriň yzyna serpme häsiýetine esaslanandyr. Doppler barlagy damar geçirijiliginiň derejesine baha bermek üçin kardiologiýa, angiologiýa amallarynda giňden ulanylýar. 1980-nji ýyldan bäri dürli ginekologiki kesellerde hem ulanylyp başlandy. Ulanylyp

başlan günlerinden täze döremeleriň we olaryň howply däl çişlerden tapawutlandyrýan geljegiň iň bir köp ýaýran elýeter barlag usuly boljagyny subut etdi.

## III.3. Genetiki barlaglar

Medisina genetikasy jyns ösüşi bilen bagly bolan köp keseller barada maglumatlary giňeltmäge ýardam berdi. Gyzjagazlaryň jyns agzalarynyň ösüşinde kemcilikler bolan halatynda sitogenetiki barlaglary goşmak örän wajypdyr. Kariologiki barlag bilen jyns hromatininiň barlagy keselleriň anyklanylyşyny ýeňilleşdirýär. Gonadalaryň disgeneziýasy, testikulýar feminizasiýasy ýaly ýagdaýlarda sitogenetiki barlaglaryň netijesi has hem maglumatlydyr.

Bu maksatly:

1) Kliniki-sitologiki barlaglar

2) Geneologiki barlaglar (tohum yzarlaýjy alamatlaryň nesil boýunça geçişi)

3) Biohimiki barlaglar (käbir fermentleriň, aminokislotalaryň bozulmalary bilen bagly bolan alyş-çalyş hadysalaryň bozulmagy) geçirilýär.

Jyns ulgamynyň dogry ösmegi üçin bedeniň hemme öýjükleriniň deň hromosom toplumy bolmalydyr.

Kadaly aýal hromosom toplumy 46XX, erkek bolsa 46XY-dir. Gonadalaryň dogry ösmegi we işlemegi diňe bir jyns däl-de, hromatiki hromosomlaryň dogry toplanmagyna bagly.

Jyns hromosomlaryň düziminde özgertmeler gametogenez, zigotanyň irki bölünmek tapgyrynda göwreli zenana dürli daşky we içki teratogen täsiri esasynda bolýar (dowamly we ýiti infeksiýa, gormonlaryň täsiri radioaktiw şöhlelenme). Hromosom anomaliýalaryň döremek mehanizmi ilki bilen gametalaryň döremek bozulmasyna bagly (meyoz). Spermato

- we owogenezde reduksion bölünmek esasynda jyns öçjükleri hromosomlaryň birlik (gaploid) toplumyny döredýärler, ýetişen gyzlyk öýjüge diňe bir hromosoma düşýär. Ýumurtga öýjügi (X hromosoma) X ýa-da Y hromosomaly spermatozoid bilen tohumlananda öýjük zigotasynda hromosom toplumy dikelýär. Bu tapgyrda gyzlyk öýjüklerinde jyns hromosomalaryň "aralaşmak " hadysasynyň bozulmagy mümkin. Bu ýagdaýda jyns öýjükleri iki jyns hromosomadan alyp, bir öýjükde 24, beýleki gyzlyk öýjükde 22 hromosoma bolup bilýär, mysal üçin 45 X zigota döräp bilýär we embrionlar ölýärler, ýa-da düşýärler, eger jyns öýjügi Y hromosomaly spermatozoid bilen tohumlansa, zigota irki tapgyrda ölýär. Iki jyns hromosomaly ýumurtga öýjügi X hromosomaly spermatozoid bilen tohumlansa 47 XXX toplumly zigota döreýär. Bu näsaglar amenoreýa we ýumurtgalyklaryň gipofunksiýasyndan ejir çekýärler.

Hromosom keselleriniň içinde jyns hromosomalarynyň anomaliýasy 9,5% duş gelýär. Ferguson- Smitt (1965) adamlaryň gysga boýynyň 45X kariotip bilen bagly hasaplaýar. Hromosom keselleriniň kliniki alamatlarynyň aýdyňlygyň aýdyňlygy öýjik klonlaryna baglydyr.

# IV Bap

## Aýbaşy halkasynyň bozulmalary

## IV.1. Aýbaşy halkasynyň sazlaşykly ýola goýulmagy

Pubertat döwri önelge ulgamynyň ösýän we kämilleşýän wagty bolup, onuň ahyrky netijesi – jyns taýdan kämillik we çaga dogruma taýýarlyk bolup durýar. Bu döwürde käbir wajyp hadysalar bolup geçýärler.

Menarhe – ilkinji aýbaşylar

Telarhe – süýt mäzleriniň ösmegi.

Adrenarhe – gasykda we goltukda tüýleriň ösüp başlamagy.

Bedeniň kritiki agramy- bu ýumurtgalyklaryň sikliki işjeňligini tijendirmek üçin bedeniň minimal agramy.

Menarheyň ýaşy gyzjagazlarda 11 – 14 ýaş aralykda saklanýar. Geçen ýyllar bilen deňeşdirilende menarheyň 9-10 ýaş aralykda başlanmak ýagdaýlary ýygylaşdy, ony hem kadanyň görnüşi hökmünde hasap edip bolýar. Bu ýagdaýy soňky wagtlarda jyns taýdan ösmeginiň we kämilleşmeginiň has çalt geçmegi bilen düşündirip bolar. Jyns taýdan ösüşiň başlanýan ýaşy genetiki kesgitlenen, ol hem bir etniki toparda, ýa-da ýakyn garyndaşlarda menarheyň ýaşy deňräk gelýänligi bilen tassyklanýar. Emma jyns taýdan ösüşiň başlanmagyna we onuň igine täsir edýän birnäçe faktorlar bar. Ilki bilen, olara gyzlaryň fiziki we ruhy sagdynlygy, iýmiti, ýaşaýan ýeri degişli.

Ortaça semizlik menarheniň has ir başlamagyna getirýär, emma has ýüze çykýan semizlikde menarhe köp ýagdaýlarda saklanýar. Jyns taýdan giç ösüp başlamagy güýçli fiziki agramlary çekýän, bedeniniň agramynyň ýetmezçiligi, dowamly keselleri bar bolan gyzlara häsiýetli. Şäherde ýaşaýan gyzlarda obaly gyzlar bilen deňeşdirilende, jyns taýdan ösmegi has ir başlaýandygyny bellemeli. Umuman, gyzlarda jyns taýdan ösüş döwüri 10 ýyla golaý dowam edýär we 17-18 ýaşlarda tamamlanýar.

Täze doglan gyzjagazlarda gipotalamusda gonadoliberiniň impulsly bölünip çykmagy otnositel ýokary. Netijede, FSG we LG-nyň ganyň düzüminde mukdary gyzlarda, uly ýaşly zenanlardaky görkezijilere gabat gelýärler. Ortaça 1 ýaşa çenli gyzjagazlarda wagtal-wagtal FSG we LG-nyň bölünip çykmagy we ganyň düzüminde estradiolyň ýokarlanmagy bellenilýär. Ondan soň, tä jyns taýdan ösüş döwüre çenli ganyň düzümindäki gonadotropinler pes derejede saklanýar. Bu şertlerde ýumurtgalyklardaky follikulalar kämillik derejä ýetmän, atreziýa hadysasyna sezewar bolýarlar.

Pubertat döwürde gipotalamo-gipofizar toplumynyň estrogenleriň basyjy täsirine duýujylygy peselýär, gipofiziň gonadoliberine duýujylygy ýokarlanýar.

Jyns taýdan ösüşiň ilkinji alamatlaryndan birinji aýbaşa çenli 2-3 ýyl geçýär. Menarheden soň 1,5-2 ýylyň dowamynda aýbaşy halkalarynyň köpüsi anowulýator bolýarlar. Durnukly owulýator aýbaşy halkasy menarheden 1-2 ýyl geçenden soň emele gelýär.

Sagdyn gyzlarda jyns ýollaryndan az mukdarda we gysga wagtlaýyn sazlaşykly gaýtalanýan gan akma aýbaşy ady bilen bellidir. Aýbaşynyň sazlaşykly ýüze çykmagy tutuş bedeniň we jyns ulgamynyň işjeňligi we köp dürli ulgamlaýyn üýtgeşmeler bilen baglydyr. Şonuň üçin gyzlaryň bedeninde geçýän hemme

toplum ulgamlaýyn ýagdaýlar, aýbaşynyň döwürleýin ýüze çykmagy görnüşinde emele gelýär, ol aýbaşy ulgamynyň aýlawy diýen adyny aldy.

Her bir kadaly aýbaşy ulgamy aýal bedeniniň göwreli bolmaga taýýardygyny aňladýar.

Her aýbaşy halkasynyň dowamlylygy soňky aýbaşynyň birinji gününden geljekki aýbaşynyň başlanan gününe çenli aralygyny öz içine alýar. Kadaly aýbaşy aýlawynyň dowamlylygy 21 günden 35 güne çenlli bolup bilýär, aýal-gyzlaryň köpüsinde ortaça - 28 günden ybaratdyr. Aýbaşy ganynyň akmagy ýatgynyň nemli bardasynyň gopmagy netijesinde gan damarlarynyň açylmagy sebäplidir. Ýatgynyň nemli bardasynyň funksional ýüzleý gatlagy gopýar. Her aýbaşy gan akmasynyň dowamlylygy kadaly aýbaşy halkasynda ortaça 3-4 güne deň bolýar we bu köp ýagdaýlara baglydyr. Gan köp ýitirilmeýär, ýitgi ortaça (aýbaşynyň hemme günlerinde) 50-100 ml bolýar. Ginekologiýada aýalyň aýbaşy ýagdaýy öwrenilýär. Şunuň esasynda aýbaşy aýlawynyň bir döwrüniň dowamynda ýa-da durmuşyň birnäçe döwürlerinde geçiş aýratynlyklaryna seredilýär. Aýbaşy halkasynyň başlanmagy üçin (birinji aýbaşynyň) biziň ýurdumyzda ortaça 12-14 ýaş kesgitlenilýär. Soňky ýyllaryň dowamynda 27-28 ýyllap aýbaşy aýalyň durmuşynyň önelge döwründe üžnüksiz dowam edýär.

Aýbaşy halkasynyň sazlaşygy çylşyrymly neýrogumoral ýol bilen amala aşyrylýar. Häzirki pikirlere görä aýal bedeniniň döwürleýin üýtgeşmeleri aýbaşy halkasynyň aýratynlygyna baglydyr. Bu sazlaşyk möhüm bäş derejäniň gatnaşmagynda geçýär:

1. Kelle beýnisiniň gabygy.
2. Gabykasty merkezleri, has takyk- gipotalamus.
3. Merkezi içki sekresiýa mäzi – gipofiz.

4. Aýal jyns mäzleri – ýumurtgalyklar.

5. Beýleki agzalary (esasan hem ýatgynyň nemli bardasy – endometriý, ýatgy turbalary, jynshana).

Bu agzalar gormonal reseptorlar esasynda jyns gormonlarynyň täsirini takyk sazlaýarlar. Aýbaşy halkasy döwründe ýumurtgalykdan bölünip çykýan gormonlar sitoliz reseptorlar bilen özara täsir edişip, ribonukleoproteidleriň sintezine, öýjükleriň köpelmegine ýa-da ösüşiniň togtamagyna ýardam berýär. Aýal bedeninde bolup geçýän döwürleýin üýtgeşmeler birnäçe tertipli toparlara birigýär. Bu üýtgeşmeler gipotalamus ulgamynda-gipofizde, ýumurtgalykda (ýumurtgalyk ulgamy), ýatgyda we birinji nobatda nemli bardada (ýatgy ulgamy) döreýär. Şonuň bilen birlikde aýal bedeninde hemişe döwürleýin üýtgeşmeler bolup geçýär, bu aýbaşy tolkunlary ady bilen bellidir. Olar MNU-nyň işjeňliginiň, alyş-çalyş ýagdaýlarynyň, ýürek-damar ulgamynyň işiniň, termoregulýasiýanyň we beýlekileriň döwürleýin üýtgemegi bilen ýüze çykýar.

Kelle beýnisiniň gabygy aýbaşynyň bolmagy bilen bagly ýagdaýlary sazlaýar we düzgünleşdirýär. Kelle beýnisiniň gabygy arkaly, aýbaşy halkasynyň sazlanmagyna gatnaşýan nerw ulgamynyň aşakda ýerleşýän bölümlerinde daş-töweregiň täsiri tapawutlandyrylyp geçilýär. Bu haýwanlarda synag barlaglarynyň we kliniki gözegçiligiň netijesinde anyk görkezilýär. Dürli ruhy ýagdaýlar aýal jyns ulgamynyň aýdyň üýtgemegine getirmegi, aýbaşy halkasynyň bozulmagynyň dürli sebäplerine öwrülmegi mümkin.

Kelle beýnisiniň gabygynda jyns ulgamyny sazlaýan merkeziň takyk ýerleşýän ýeri şu wagta çenli anyklanylanok.

Gipotalamus – aralyk beýniniň bir bölümi hasaplanylýar we ol nerw süýümleriniň hatarynyň kömegi bilen kelle beýnisiniň dürli bölümleri bilen birleşendir.

Mundan başga-da, gipotalamus hemme çetki gormonlar üçin, şonuň ýaly-da ýumurtgalykda bölünip çykýanlara (estrogenler we progesteron) reseptorlary saklaýar. Gipotalamus özüniň gelip çykyşy boýunça geçiriji merkez hökmünde çylşyrymly özara täsirleri bilen tapawutlanýar we bir tarapdan, çetki içki sekresiýa mäzleriniň gormonlaryna täsir edýär.

Gipotalamusda aýallaryň aýbaşy sazlaşygyny üpjin edýän nerw merkezler ýerleşýär. Onuň öň böleginden gonadotrop gormon bölünip çykýar, ol ýumurtgalygyň işleýşine täsir edýär, beýleki trop gormonlar, çetki endokrin mäzler hatarynyň (böwreküsti mäzler we galkan şekilli mäz) işjeňligini sazlaýar.

Gipotalamus-gipofiz ulgamy ykjam we çylşyrymly anatomiki we funksional baglanşyklar bilen birleşendir. Ol bitewi funksional toplumy emele getirip, aýbaşy halkasyny sazlamakda möhüm orny eýeleýär.

Gipotalamusyň täsiri – gipofiziň öň bölegine neýrogo-rmonlaryň sekresiýasy bilen tapawutlanýar, bular polipe-ptidlerdir.

Neýrogormonlar gipofiziň trop gormonlarynyň bölünip çykmagyny güýçlendirýar, muňa rilizing-faktor (release-boşa-maklyk) ýa-da liberinler diýilýär. Olaryň içinde neýrogor-monlar tapawutlydyr. Trop neýrogormonlaryň bölünip çykyşyny peseldýänlere statinler diýilýär.

Gipotalamus-gipofiziň öňki böleginde bar bolan trop gormonlarynyň çykmagyna getirýän şu alty sany rilizing--faktorlary bölüp çykarýar:

1 Somatotrop rilizing-faktor (SRF) ýa-da somatoliberin.

2. Adenokortikotrop rilizing-faktor (AKTG-RF) ýa-da kortikoliberin.

3 Tireotrop rilizing-faktor (TRF) ýa-da tiroliberin.

4. Follikul stimulirleýji rilizing-faktor (FSG RF) ýa-da folliberin.

5. Prolaktin bölüp çykaryş rilizing-faktor (PRF) ýa-da prolaktoliberin.

6. Lýuteinizirleýän rilizing faktor (LG-RF) ýa-da lýuliberin.

Şularyň içinde soňky üç rilizing-faktorlar aýbaşa göni täsirini ýetirýär, olaryň kömegi bilen adenogipofizden üç sany gabat gelýän, gonadotrop diýilýän gormonlar bölünip çykýar. Olar jyns mäzleri bolan gonadalara täsir edýär.

Gipofiziň öň böleginde asidofil, bazofil we hromofob öýjükleri bar. Somatotrop gormony asidofil öýjükler öndürýär. Bazofil öýjükler tireotrop gormony (TTG), follikul stimulirleýji (FSG), lüteinizirleýji gormonlary bölüp çykarýar. Şu öýjükler bilen adrenokortikotrop gormony hem bölünip çykýar diýip çak edilýär.

FSG we LG ýokary molekulaly glikoproteid (molekulýar agramy 30.000-40.000) bolup, FSG follikulanyň ýumurtgalygyň birinde (käwagt ikisinde-de) ýetişmegini üpjün edýär. FSG we LG utgaşdyrylan täsirde follikulanyň ýetişmegi ýa-da owulýasiýanyň ýanaşmagy bolup geçýär. Owulýasiýadan soň LG täsiriniň agdyklyk etmeginde birleşdiriji dokumaly bardasynda we iç ýüzünden sallanyp duran granul öýjükde sary beden emele gelýär. Prolaktin sary bedeniň gormony - progesteronyň önümini sazlaşdyrýar.

Gonadotrop gormonyň sekresiýasy gipofiziň öňki böleginde iki ýol bilen, ýagny: üznüksiz otnositel pes derejede we aýbaşy halkasynyň fazalaryna baglylykda döwürleýin amala aşyrylýar.

Beýni goşuntgysynyň yzky böleginde (neýrogipofizde) döwürleýin wazopressin we oksitosin gormonlary ýygnanýar. Bu iki gormon gipotalamusdan bölünip çykýar we neýrogipofize iberilýar. Suw-duz çalşygy görkezilen gormonlaryň täsirine baglydyr. Olar ýylmanak myşsalaryň ýygrylmak funksiýasyna

gatnaşýar, olaryň ýatga we aýbaşy halkasynyň sazlaşygyna göni täsiri ýok.

Ýumurtgalyklar - gyzlaryň jübüt jyns mäzi bolup, olar wajyp şu iki wezipäni ýerine ýetirýärler.

1. Olarda follikul döwürleýin ýetişýär, owulýasiýanyň (follikulanyň ýarylmagy) netijesinde ýetişen aýal jyns öýjügi bölünip çykýar.

2. Ýumurtgalykda iki dürli steroid aýal jyns gormonlary bolan estrogenler we progesteron öndürilýär.

Mundan başga-da, az mukdarda erkek steroid jyns gormonlary bolan androgenler öndürilýär. Görkezilen iki ýagdaý ýumurtgalykda bolup geçýär we özara berk baglanşyklydyr. Bu adenogipofiziň gormonal işjeňliginiň döwürleýin üýtgemegine baglydyr.

Ýumurtgalyk dykyz birleşdiriji dokumaly barda bilen örtülip, onuň aşagynda gabykly gatlak ýerleşýär, ol germinal parenhima diýilýän köp mukdarda follikulalary saklaýar. Gabykly gatlagyň çuňlugynda beýni gatlagy ýerleşýär, içinden nerw süýümleri we gan damarlary geçýär. Göwreliligiň 20-nji hepdesinde aýalyň jyns düwünçeginde germinatiw öýjükleriň–owogoniniň tapawutlandyrylmagy bolup geçýär we ol primordial (ilkinji) follikula öwrülýär we jyns öýjükleri-owositleri saklaýar.

Ilki başda ýumurtgalykda köp mukdarda primordial follikulalar bolýar, onuň köp bölegi düwünçegiň ösmegi netijesinde atrezirlenýär. Gyzjagaz doglan wagty iki ýumurtgalykda 500 müň primordial follikulalar synlanýar. Ilkinji follikulalaryň atreziýasy dowam edýär we ýetginjeklik döwrüniň başynda olaryň mukdary iki esse diýen ýaly azalýar.

Jyns taýdan ýetişmek bilen adenogipofiziň gonadotrop gormonlarynyň täsirinde owositleriň töwereginde däne öýjükler ösýär we ikinji follikula (doly ýetişmedik follikula) döreýär. Soňra

ikinji follikulanyň ösmegi üçünji ýa-da wezikulýar follikulanyň emele gelmegine getirýär. Follikula içi suwuklykdan doly boşlugy saklaýar, ösen owosit bedende iň uly öýjük hasaplanylýar, onuň diametri 0,1 mm (uly ýetişen follikulada) ýetýär.

Follikulanyň iç ýüzi birnäçe hatar granulýoz öýjükler bilen örtülendir. Gipofiziň gonadotropinleriniň täsiri bilen steroid gormonlary öndürilýär. Her follikulanyň töwereginde iki, ýagny içki we daşky birleşdiriji barda ýerleşýär. Granulýoz öýjükler we follikulalaryň içki bardasy ýumurtgalygyň steroid gormonlarynyň biosintezi geçýän ýeri hasaplanýar.

Döwürleýin aýbaşy halkasynyň dowamlylygyna laýyklykda nobatdaky follikula ýetişýär. Aýalyň durmuşynyň önelge döwründe 400 follikula töweregi ýetişýär. Şol follikulalaryň diametri 2 sm-e ýetýär. Follikulanyň içki basyşy ýokarlanýar we FSG we LG gonadotropinleriň utgaşdyrylan täsiri hem-de oksitosiniň we proteolitiki fermentleriniň täsiri netijesinde ýarylýar, ýagny owulýasiýa bolup geçýär.

Owulýasiýanyň öň ýanynda birinji meýoz ýüze çykýar. Şonda ýumurtga öýjügi reduksion taýdan bölünýär. Owulýasiýadan soň ýumurtga öýjügi garyn boşlugyndan ýatgy turbasynda, ýagny onuň ampulýar bölüminde ikinji reduksion bölünmesine (ikinji meýoza) sezewar bolýar.

Owulýasiýadan soň LG täsiri astynda granulýoz öýjügi we follikulanyň birleşdiriji bardasy ösýär we onda lipidler jemlenýär, bu sary bedeniň emele gelmegine getirýär.

Sary bedeniň ösüşi dört tapgyra, ýagny: proliferasiýa, waskulýarizasiýa, gülleýän we yza gaýdýan tapgyra bölünýär. Sary bedeniň yza gaýdyş wagtynda indiki aýbaşy başlanýar. Göwreli ýagdaýda sary beden ösmegini (16 hepdä çenli) dowam edýär. Granulýoz öýjüklerde we emele gelen birnäçe beýleki öýjüklerde follikulanyň bardasynda FSG we LG gormonlaryň

täsiri bilen steroid jyns gormonlary bolan estrogenleri, androgenleri bölüp çykarýarlar, bularyň metabolizmi bagyrda amala aşýar.

Estrogenleriň 3 sany klassiki görnüşi tapawutlanýar, olar estradiol, estron, estriol bolup durýar. Gestagenler progesterondan we 17-L gidrooksiprogesterondan ybaratdyr. Androgenlere: degidroandrosteron, androstendion we testosteron degişlidir.

Estrogenler ("oestrus"-akym) – biçilen ak syçanlaryň urkaçysyna göýberilende olarda akym ýagdaýy ýüze çykýar. Biçilmedik urkaçysynda ýumurtga öýjügi birden ýetişýär. Estrogenleriň tasiri bilen gyzjagazlarda ikinji jyns alamatlary, aýala mahsus deri asty ýag gatlagy ýaýraýar, çanaklygyň häsiýetli görnüşi ýüze çykyp, göwüs mäzi ulalýar, gasygynda we goltukasty oýda tüý ösýär. Mundan basga-da, estrogenler jyns agzalarynyň, esasanam, ýatgynyň emele gelmegine we ösmegine täsir edýär. Olaryň täsirinde kiçi jyns dodaklary ösýär, jynshana uzalýar we onuň çeýeligi ýokarlanýar. Boýunjyk kanalynyň mäziniň sekresiýasynyň häsiýeti üýtgeýär, endometriýanyň we jynshana epiteliýasynyň proliferasiýasy ýüze çykýar. Estrogenler çalyşmak hadysalaryna we termoregulýasiýa öz täsirini ýetirýär. Estrogenleriň täsiri bilen madda çalşygynda katabolizm (bedende natriýiň we suwuň saklanmagy, beloklaryň dissimilýasiýasynyň ýokarlanmagy) agdyklyk edýär. Bedeniň gyzgynlygy peselýär, şunuň bilen birlikde bazal gyzgyny hem (göni içegede ölçenende) peselýär.

Gestagenler ("gesto"-götermek, göwreli bolmak) – göwreliligiň kadaly ösmegine getirýär. Gestagenler, esasan, ýumurtgalykda sary beden tarapyndan öndürilýär, olar endometriýanyň döwürleýin üýtgemesinde uly orny eýeleýär.

Gestagenleriň täsiri astynda miometriýanyň ýygryjylygy we oýanyjylygy basylýar, onuň çeýeligi we maýyşgaklygy ýokarlanýar. Gestagenler estragenler bilen birigende, olaryň

göwreliligi taýýarlamakda uly hyzmaty bardyr. Estogenleriň täsiri bilen süýt akarlarynyň proliferasiýasy bolup geçýär, gestagenler bolsa göwüs mäzleriniň alweolaryna täsir edýär.

Estrogenlerden tapawutlylykda, gestagenleriň anaboliki täsiri agdyklyk edýär. Ýokarda görkezilen gestagenleriň anaboliki netijeliligi bedeniň gyzgynynyň, esasan, bazal gyzgynynyň ýokarlanmagyna getirýär.

Androgenler (“adros”-erkek) ýa-da erkek jyns gormonlary köp mukdarda aýallaryň erkekleşme ýa-da maskulinizasiýa alamatlarynyň ýüze çykmagyna getirýär. Şonda ýumurtgalykda az mukdarda androgen bölüp çykarýan öýjüklere gilýus öýjükler diýilýär. Olar goltukasty oýda, gasykda tüýüň ösmegine hem-de klitoryň we uly jyns dodaklarynyň ösmegine ýardam berýär. Androgenler gestagenlere meňzeş anaboliki gurluşda ýüze çykýar. Ähli ýokarda agzalanlar, gipotalamusda, gipofiziň öň böleginde we ýumurtgalykda geçýän döwürleýin üýtgemeler ýumurtgalyk ulgamy diýip atlandyrylýar. Şu döwriň geçişinde gipofiziň öň böleginiň we çetki jyns (ýumurtgalyk) gormonlarynyň özara çylşyrymly baglanşygy bolýar.

Owulýasiýa wagtynda gonadotrop gormonlaryň (FSG we LG) önümi ýokarlanýar. Follikulanyň ýetişmegi owulýasiýanyň we sary bedeniň estrogenleriniň öndürilmegine baglydyr. Gestagenleriň öndürilmegi sary beden işjeňligine we ösmegine göni täsirini ýetirýär.

Görkezilen ýumurtgalygyň steroid gormonlarynyň täsir etmeginde bazal gyzgyny üýtgeýär. Kadaly aýbaşy halkasynda bu temperatura iki tapgyrlaýyn üýtgeýär. Birinji tapgyrda (owulýasiýa çenli) bazal gyzgyny 370C-den pesdir. Ikinji tapgyryň geçişinde bazal gyzgyny 37ºC-dan ýokary galýar. Geljekki aýbaşynyň başynda bazal temperatura ýene 37ºC-dan aşak düşýär.

Ýatgy – içi boş, ýylmanak myşsaly agza bolup, ol üç bölekden, ýagny bedenden(corpus), zolakdan (isthmus) we boýunjykdan (cervix uteri) durýar. Adaty şertlerde ýatgy kiçi çanaklykda ýerleşýär, göwresi çanaklyk okunyň öňüne eglip (anteversio uteri) durýar. Ýatgynyň göwresiniň we boýunjygynyň kadaly aýlawy kütek burçy emele getirip, öňi (anteflexio uteri) açykdyr.

Ýatgynyň diwary üç gatlakdan - daşky (seroz-brýuşinanyň wisseral gaty), ortaky myşsa (miometrium) we içki-nemli (endometrium) gatlakdan ybaratdyr.

Ýatgy halkasynyň geçişinde yzygiderlilikde endometriýanyň döwürleýin üýtgeýän şu dört tapgyry bardyr:

1) Deskwamasiýa (gopma).

2) Regenerasiýa (täzeden dikeldiş).

3) Proliferasiýa (ýognama, ösme, ulalma).

4) Sekresiýa (suwuklyk madda bölüp çykarma).

Ýumurtgalygyň jyns gormonlarynyň täsirini duýýan agzalaryna jynshana hem degişlidir. Aýratyn-da, nemli bardasy tekiz köp gatlakly epiteliýaly örtügiň esasy birinji gatlagy bazal öýjüklere, nemli bardanyň bazal membranasyna bölünýär. Galan gatlaklary bazal öýjükleriň ýokarky üst ýüzüniň ugry boýunça parabazal, aralyk we ýüzleý gatlaklara bölünýär. Jynshana çalgysynda nemli bardanyň öýjükleriniň görkezilen üç gatlagy tapylanda häzirki wagtda gormonal ýa-da eksfoliatiw, polisitologiýa usuly giňden ulanylýar. Bu usullar aýal bedeniniň estrogenlere we gytak gestagenleri siňdirijiligini tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Aýbaşynyň sazlaşygynda gipotalamusyň, gipofiziň öň böleginiň we ýumurtgalygyň arasyndaky gaýdymly baglanyşygyň uly ähmiýeti bar. Gaýdymly baglanyşyk iki, ýagny negatiw we pozitiw görnüşde kabul edilendir.

Häzirki wagtda aýal jyns agzalarynyň işi diňe jyns gormonlarynyň täsirine bagly bolman, oňa beýleki biologiki işjeň birleşmeleriň hatarlary hem täsir edýär. Bu birleşme çylşyrymly täsiri döredýär, koplenç aýal bedeniniň önelge işiniň aýratynlygyny anyklaýar, bu aýbaşy halkasynyň geçişine uly täsir edýär. Şu biologiki işjeň birleşmelere ilkinji nobatda prostoglandinler degişlidir. Bular beden dokumalarynda we suwuklyklarda, ýag turşylaryň doýmadyk gidrookisleriniň tas hemmesinde diýen ýaly tapylýar. Prostoglandinler adamyň we haýwanyň önelge işiniň sazlaşygyna düwünçek emele gelenden başlap, dogurmagyň ahyryna çenli işjeň gatnaşýär. Mysal üçin, aýbaşy gan akmasynyň başlanmagy (deskwamasiýa) ýatgynyň ýygrylmagyny şertlendirýär, bu endometriýadan prostogladinleriň boşamagy we onuň gan arkaly miometriýa düşmegine baglydyr. Prostoglandinler halkanyň ortasynda owulýasiýanyň sazlaşygyna hem gatnaşýar. Mundan başga-da, prostoglandinler ýumurtgalykdaky sary bedeniň steroidogenezine basyjy (ingibirleýji) täsir edýär.

Halkanyň ikinji tapgyrynda ýatgyda prostoglandinleriň ýokarlanmagy sary bedeniň yzyna ösmegine getirýär. Ahyrsoňy, prostoglandinleriň dogrum wagtynda ýatgynyň işjeňliginiň, ýygryljygynyň sazlaşygynda uly ornunyň bardygy anyklanyldy. Aýbaşy halkasynyň sazlaşygyna prostonglandinlerden başga-da biogen aminler hem işjeň gatnaşýar. Dofamin we noradrenalin gonadotrop gormonlarynyň öndürilmegine ýardam berýär, gipotalamusa täsir etmek bilen, oňa gabat gelýän relizing faktoryň bölünip çykmagyny tijendirýär.

Serotonin gonadotroplaryň bölünip çykmagyny togtadýar we owulýasiýany bökdeýär. Mundan başga-da, serotonin gipofizar gormon prolaktiniň öňdürilmegini tijendirýär. Aýbaşy halkasynyň sazlaşygynda böwreküsti mäzler we galkan şekilli mäz hem möhüm orny eýeleýär. Bu endokrin mäzleriniň işiniň üýtgemegi aýbaşy halkasynyň bozulmagyna getirýär.

### Aýbaşy döwründe berjaý etmeli arassaçylyk düzgünleri

Aýbaşy wagtynda gyzlar şahsy arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmelidir. Şu düzgünler saklanmasa, ýatgynyň infisirlenmegi, içki gatlagynyň, ýagny endometriýanyň deskwamasiýasy netijesinde emele gelýän funksional gatlagynyň iç ýüzünde ýaranyň ýüze çykmagyna amatly şert döreýär. Aýbaşydan birnäçe gün öň we soň bedeni arassa saklamaly. Gyzlar aýbaşysynyň geçýän wagtynda arassa hasahasalary ýa-da birgezeklik ýörüte ulanmaly we her gün azyndan iki sapar daşky jyns agzalaryny ýyly suw bilen sabynlap ýuwmaly.

Aýbaşy döwründe agyr zat götermeli däl, bedeniň gyzmagyna we sowuklamagyna ýol bermeli däl. Şu düzgünler bozulanda howply gaýraüzülmelere (ýatgydan gan akma) getirýär. Hapa suwuň jynshana, ýokardaky jyns ulgamynyň bölümlerine düşmeginden seresap bolmaly. Gyzlar aýbaşy wagtynda suwa düşmeli däl, diňe üstüňden suw akydyp (duşuň aşagynda) ýuwunmak bolýar.

## IV.2. Ýatgydan ýuwenil gan akmalar

Ýuwenil gan akma diýip gyzlaryň jyns taýdan ýetişýän döwründe ýatgydan asikliki (köplenç) ýa-da sikliki (seýrek) häsiýetde aýbaşy halkasynyň bozulmagyna düşünilýar. Ýuwenil gan akmalar 13-14 ýaşly gyzlaryň arasynda köp duşup, ol 2-3% gabat gelýär. Çagalarda duş gelýän hemme ginekologiki keselleriň arasynda ýuwenil gan akmalaryň paýyna 20-30% ýetýär. Jyns taýdan ýetişýän döwründe ýumurtgalyklaryň gormonal işjeňligi entäk doly ýüze çykanok we olaryň reseptor apparaty kämilleşmedik. Şol sebäpli dürli daşky we içki täsirler aýbaşy funksiýasynyň yzygiderli häsiýetini aňsatlyk bilen bozup bilýär we netijede, ýatgydan ýuwenil gan akmalaryň ýüze

çykmagyna ýardam berýärler. Ýuwenil gan akmalar ikilenji postgemorragiki gan azlyga, ganyň lagtalanma ulgamynyň bozulmagyna getirip bilýärler, şonuň üçin ýatgydan gan akmanyň sebäbini anyklamak, gemostazy dogry geçirmek we geljekde gan akmanyň gaýtalanmasynyň öňüni almak ýaly çäreler amaly taýdan örän wajyp hasaplanýarlar.

Etiologiýa we patogenezi: etiologiki faktorlary şertli üç topara bölüp bolýar:

Ýardam edýän faktorlar:

a) Enäniň gowreliliginiň we çaga dogrumyň gaýraüzülme leri (gowreliliginiň giçki gestozlary, rezus – gapma-garşylyk, dowamly gipoksiýa we başgalar) merkezi nerw ulgamyna, esasan hem diensefal bolegine, adenogipofize, jyns ösüşiniň bökdenmegi ýumurtgalyklara (gipogonadizm we başgalar) we ýatga (doly ösüp ýetişmezligi, kemisli bolmagy) ýaramaz täsir edýär.

b) Aýbaşy halkasynyň neýrogumoral sazlaşdyryjy merkeziniň durnuksyz bolmagy.

c) Konstitusional aýratynlyklar (asteniki, interseksual, ýa-da infantil tipli beden gurluşlary).

d) Howa (klimat) – geografiki şertleriň we ýaşaýyş – durmuş şertleriniň (witaminleriň, mikroelementleriň ýeterlikli bolmazlygy we berhiziň bozulmagy) kanagatlanarsyz bolmagy, ýokanç keseller (epidemiki gepatit, dowamly tonzillit, pnewmoniýa we başgalar).

Şert döredýän faktorlar:

Ýuwenil gan akmalary şu aşakdaky sebäpler döredýärler:

a) Bedeniň sarsmagy, ukynyň bozulmagy, guryagyry, inçekesel, dowamly tonzillit, zäherlenme, newroz sebäpli MNU-ň funksiýasynyň bozulmagy.

b) Endokrin bozulmalar (galkan şekilli – we böwreküsti mäzleriniň işjeňliginiň bozulmalary).

c) Gepatit, dogabitdi gepatoenzimopatiýalar, estrogenleriň metabolizminiň bozulmagy.

d) Ýatgynyň doga ýa-da gazanylan kämil bolmazlygy.

Çözýän faktorlar:

Ýuwenil gan akmalara ruhy taýdan sarsgynlar (synaglar, hirurgiki operasiýalar, gorky, ýakyn garyndaşy ýetirmek), fiziki agram düşmeler (türgenleşikler, ýaryşlar), kelle beýnisiniň şikeşleri (sport şikeşleri, beýikden gaçmak, transport (ulag) betbagtçylyklary, ýokanç (dümew) keselleri (gripp, bronhit, basyk), dowamly infeksiýanyň ojagynyň gozgamagy gönünden – göni täzir edýär. Ýuwenil gan akmalardan ejir çekýän gyzlarda sagdyn gyzlar bilen deňeşdirilende infeksion indeksi 2 esse ýokary bolýar. Şeýlelikde, ýuwenil gan akmalar köp sebäpli keseldir.

Ýuwenil gan akmalaryň emele gelmeginde (patogenizinde) ýumurtgalyklaryň funksiýalarynyň dürli görnüşde bozulmalary (follikulanyň persistensiýasy, onda birnäçe atreziýalaryň bolmagy, sary bedeniň ýetmezçiligi) gan akmanyň esasyny tutýar. Köp ýagdaýlarda ýuwenil gan akmalar anowulýasiýanyň esasynda döreýär. Ýuwenil gan akmalarda estrogen gormonlara endometriýanyň ýokary duýujylygynyň ähmiýeti hem uludyr.

Kliniki suraty: köplenç gan akma birden duýdansyz ýüze çykýar. Gan akma has köp bolup, gan azlyga getirýar.

Beýleki näsaglarda gan akma ujypsyz ýöne uzak wagtlaýyn, ýagny birnäçe hepde, käte aýlap dowam edip, ikilenji aýbaşy halkasynda we aýbaşy halkasynyň bolup başlanyndan ilkinji ýylynda ýüze çykýar. Seýrek halatlarda kesel birnäçe wagtdan soň ýüze çykmagy mümkin.

Ýuwenil gan akmalar hasiýeti boýunça asikliki (köplenç) we sikliki (seýrek) görnüşde bolup bolýär, käwagt ýeke bir ýatgy gan akmagy mümkin.

Ýuwenil gan akmalaryň sikliki häsiýetinde aýbaşy öz wagtynda gelip, uzak wagtlap dowam etmegi mümkin. Sikliki gan akma kesgitli bir wagtda ýüze çykyp, ýylyň şol bir wagtynda bolup biler.

Sikliki owulaýtor gan akmalar pubertat ýaşyň ahyrynda we ýetginjeklik döwrüne mahsusdyr. Owulýator gan akmalaryň patogeniziniň esasynda sary bedeniň doly ösmezligi ýatyr, ol hem köplenç gipofiziň LG öndürmeginiň ýeterliksiz bolmagy sebäpli bolýar. Gyzlaryň köpüsinde aýbaşy funksiýasynyň emele gelýän döwüründe halkanyň anowulýatordygyny bellemek gerek, ýone olaryň diňe 10-15%-de ýuwenil gan akmalar ýüze çykýar.

Anyklanylyşy: owulýasiýanyň ýoklygyny we gysga wagtlydygyny follikulalaryň ritmiki persistensiýasyny ýa-da sary bedeniniň kadaly ösmezligini tassyklaýan testleriň kömegi bilen geçirilýar. Asikliki gan akmalar anowulýatordyr. Olar köplenç gipo- ýa-da giperestrogeniýalaryň fonunda ýüze çykyp biler. Gan akmanyň gipoestrogen genezinde follikulalaryň uzak wagtlaýyn atresiýasy bolýar. Bu näsaglarda jynsy taýdan ýetişme ir ýa-da giç ýüze çykýar. Ýuwenil gan akmalaryň giperestrogen görnüşinde ýetişen follikulalaryň persistensiýasy sebäplidir. Munda estrogenleriň aktiw fraksiýalarynyň (estradiol) ýokarlanmagy bilen ganda estrogenleriň mukdary, derejesi artýar, KPI 50% we ondan ýokara ýetýär.

Asikliki giperestrogen gan akmalar gipermenoreýa gürnüşinde bolup, gysga wagtlaýyn aýbaşynyň saklamagynyň (1-3 hepde) yzyndan ýüze çykýär.

Hassalaryň esasy arzlary jyns ýollardan gan akma; ondan başga-da umumy gowşaklyk, ysgynsyzlyk, kelle agyry, ukusynyň bynjalyk bolmagy, işdäsiniň bolmazlygy, işe ukyplylygynyň peselmegi, gaharjaň ýa-da tersine apatiýa ýaly alamatlar ýüze çykyp biler.

Anamnez ýygnalynda enäniň gowreli wagtynyň kesellerine, dogrumyň geçişine, ekstragenital kesellerine, iş şertlerine üns bermeli. Çagalarda we ýetginijeklerde ganyň reňk görkezijisi 0,8 pes bolsa, eritrositler. 4,0x106 1 ml-de pes bolsa, gemoglobin – 116 g/l bolsa ganazlyk hasaplanýar. Ganazlyk esasan normohrom häsiýetde bolýär. Uzak we köp mukdarda gan akmalar dowamly ganazlyga getirip, gemoglobiniň mukdary 20 g/l çenli, eritrositleriň sany 2106g/l çenli peselýär.

Ganyň lagtalanma ulgamynyň görkezijileri kesgitlenilende trombositleriň mukdarynyň peselendigi, ganyň lagtalanmagynyň haýallamagy, protrombin indeksiniň peselmegi, gan akmanyň wagtynyň artmagy, gan lagtasynyň retraksiýasynyň haýallamagy anyklanylýar.

Anyklanylyşy: ýuwenil gan akmaly gyzjagazlary toplumlaýyn beýleki hünärli çaga lukmanlary: pediatr, otorinoloringolog, gematolog, endokrinolog, newropatolog, genetik bilen bilelikde barlamaly.

Hassalary barlamak umumy we ýorite barlaglara bölünýär. Umumy barlaglarda ýürek – damar ulgamyny, bagyr, böwrek, endokrin mäzleriň: galkan şekilli mäziniň funksiýasyny, gan ulgamyny barlamaly.

Gan ulgamy barlanylanda ilki bilen essensial trombositopeniýa kesselliniň barlygyny ýa-da ýoklugyny anyklamaly.

11-14 ýaşly ýuwenil gan akmadan ejer çekýän gyzlaryň antropometriki görkezijileriniň kadadan ýokarlaýandygy we jyns ösüşiniň öňe gidýändigi, ýetginjeklik döwründe bolsa (15-17 ýaş) infantil morfotipliler anyklanyldy.

Ýuwenil gan akmalarda bedeniň funksional ýagdaýyny barlamak hem ähmiýetlidir. Ýuwenil gan akmada gormonal barlaglar dürli bolsa-da, köplenç gipoestrogeniýa ýüze çykýar. Estradiol we estriolyň mukdary ýokarlanýar. Ganda olaryň mukdary peselýär.

Ýörite (ginekologiki) barlaglarda uly we kiçi jyns dodaklarynyň gipoplaziýasy tapylýar. Göni içege – garyndiwary bimanual barlagynda ýatgy boýunjygy we ýagty bedeni, ýerleşişi, konsistensiýasy, hereketliligi kesgitlenýär. Ýatgy goşuntgylarynyň ýerleşýän ýerini birkemsiz barlamaly. Ýumurtgalyklarda anatomiki üýtgeşmeler (kista, çiş) şübheli ýagdaýlar bolanda gaz rentgenopelwiografiýany ulanmaly. Hökmany ýagdaýda waginoskopiýany geçirmeli.

Ýuwenil gan akmalarda endometriýadan sitologiki barlag almak ähmiýetlidir. Onuň üçin Braunyň şprisiniň kömegi bilen ýatgy boşlugyndan aspirat almaly.

Uzak wagtyň dowamynda ýuwenil gan akmalar gaýtalanyp dursa, bejergi kömek etmese ýatgyny anyklaýyş gyryşy geçirip, nemli bardadan alnan gyryndynyň sitologiki barlagyny etmeli. Ýuwenil gan akmalary trombositopeniýalardan (Werlgofyň keseli) tapawutlandyrmaly. Werlgofyň keselinde anamnezde diş etinden gan akmak, burundan gan akmak, deriasty gan öýmek häsiýetli. Görkezilen alamatlar adatça menarheden öň we pubertat döwrüň gelmegi bilen has güýçlenýär. Trombisitleriň mukdary peselýär.

Jyns ýollardan gan akma bilen ýüze çykýan ýumurtgalygyň granula öýjükli çişi, jynshananyň sarkomasy we polipozy bilen hem tapawutlandyrmaly. Ýumurtgalygyň öýjükli çişi anyklanylanda pnewmopelwiografiýa we laparoskopiýa usullary ulanmaly.

Polipoz we sarkomada waginoskopiýany geçirip, dokumadan alnan bioptaty gistologiýa usuly bilen barlamaly.

**Bejergi.** Bejergi ýuwenil gan akmalarda toplumlaýyn, mümkin bolsa patoginetiki bolmaly. Gan akmanyň sebäbini anyklajak bolmaly. Käwagtlar aýbaşy halka kadalaşar ýaly dowamly infeksiýanyň ojagyny (tonzillit, holesistit, karioz

dişleri) aýyrmaly hem bolýar. Bejergi gan akmany çalt saklaýan we geljekde aýbaşyny kadalaşdyrjy bolmaly.

Umumy we alamatlar boýunça bejergi. Aýbaşy bolýan döwürde umumy gurplandyryjy, witaminoterapiýa, ganazlyga garşy serişdeleri ulanmaly. Dynç alyşy, iýmitlenmäni kadaly guramaly.

Witaminoterapiýa – C, E, $B_1$, $B_6$ witaminleri ulanmaly. Olar ýatgynyň myşsalaryny tonizirleýär, esasan hem genital infantilizimde has ämiýetlidir.

Ganazlyk we bedeniň umumy gowşaklygy bolsa, gan emele getirmäni çaltlaşdyrýän we umumy gurplandyryjy bejeriş: witaminler, demir serişdeleri, gematogen, gepatoprotektorlary ulanmaly. Aşa agyr gan azlykda gemotransfuziýa etmeli. Gan saklaýjy serişdeleri (wikasol, kalsiý hlorid, natriý etamzilaty) ulanmaly.

Ikilenji ganyň lagtalaýyş häsiýeti bozulanda, gan plazmasyny, epsilon-aminokapron turşysyny damar içine göýbermeli.

Gormonal bejergi. Gormonoterapiýa gan akmalarda 2 maksat bilen geçirilýär: gan akmany saklamak we aýbaşy halkasyny kadalaşdyrmak üçin. Ýuwenil ýaşda disfunksional ýatgy gan akmanyň gormonal gemostazy üçin estrogen ýa-da sintetiki estrogen – gestagen serişdeleri ýokary mukdarda ulanylýar. “Arassa” gestagenler bu ýaşda seýrek ulanylýar, sebäbi olar gan gitmegini güýçlendirip bilýärler.

Estrogenli gemostazda estrogen serişdeleri ýokary mukdarda (0,1% sinestorolyň ergini 1 ml-den intramuskulýar 3-6 sagatdan, ýa-da follikulin 10000-20000 Br 2-3 sagatdan) göýberilýar. Gan akma saklanandan soň hem estrogenleri bermegi dowam etmeli, funksional anyklaýyş testler arkaly onuň mukdaryny ýuwaş--ýuwaşdan peseltmeli. Şunuň ýaly bejeriş 12-14 günüň dowamynda geçirilip soň bolsa gestagenleri bermäge (1 ml 1% progesteronyň ergini 6-8 günüň dowamynda intramuskulýar) başlamaly.

Sintetiki kombinirlenen estrogen – gestagen serişdeler (regiwidon, marwelon, regulon, mersilon, non-owlon we başgalar) gyzlarda aýdyň bildirip duran ganazlyk bolmasa ulanylýar. Sintetiki progestinler iki nusga boýunça ulanylýar: 1) Serişdäni 1-2 günüň dowamynda 2-3 gerdejikden (tabletkadan) içilende gan saklanýar, soň mukdar günde peseldip 1 gerdejige çenli ýetirmeli. Dermany 15-25 günläp bermeli ortaça – 21 gün). Derman bermesi tamamlanandan 2-3 günden soň aýbaşa meňzeş reaksiýa ýüze çykýar. Ikinji nusga boýunça (gysga nusga) derman serişdäni günde 2 gerdejikden – 10 günüň dowamynda bellemeli.

Sikliki gan akmada progesteron (10 ml gije gündizdäki mukdary), pregnin (sutkadaky mukdary 15 mg) ýa-da horiogonin (mukdary 1000-1500 Br) ulanylýar.

Asikliki ýuwenil gan akmanyň gipoestrogen görnüşinde sikliki gormonal bejergini ulanmak täsirli. Ilkinji 12 günde näsag estrogenler, soň 3-4 günüň dowamynda estrogen bilen gestagenleriň garyşykdaky ýarym mukdar we 10 günläp gestagenler (progesteron 10 mg intramuskulýar) bellenilýär. Bejeriş tapgyry 4-6 aý.

Asikliki ýuwenil gan akmanyň giperestrogen görnüşinde uly mukdardan estragenler (3-4 günüň dowynda follikulin 40-60 müň birlik birgije gündizde intramuskulýar) berilýär. Ol gonadotropinleriň aşa öndürülmegini saklamak, endogen gestagenleriň bölünip çykmagy üçin şert döretmek maksady bilen berilýär. Ondan soň umumy kabul edilen nusgalaýyn estragen we gestagenleri bermeli.

Asikliki gan akmagyň giperestrogen görnüşiniň bejerilişi örän kyn bolup, käwagtlar güýçli täsir edýän-klomifen, horiogonin ulanylanda bejerilýär.

Pubertat ýaşda gipotalamus-gipofiz ulgamyny bozmaýan

seresaply bejergini ulanmaly, şonuň üçin gormonal däl bejeriş ulanmaly. Ol patogenetiki we alamatlar boýunça bolup biler.

Patogenetiki bejerişde rahatlandyryjy serişdeleri, trank-wilizatorlary, ukladyjy, desensibilizirleýji serişdeler ulanylýar, witamin B, ýa-da nowokainiň  intranazal elektroforezi (10-15 seans), ýatgy boýunjygynyň reseptorlarynyň elektros-timulýasiýasy, elektropunktura we iňňerefleksoterapiýa geçi-rilýär.

Olaryň täsir mehanizmi – ýagty boýunjygy bilen gipotalamus – gipofiz ulgamynyň arasynda reflektor baglanşygyň barlygynda esaslanandyr. Sonuň netijesinde gipotalamus-gipofiz - ýumurtgalyk-ýatgy ulgamlarynyň funksiýalary kadalaşýar.

Ýatgy boýunjygynyň reseptorlarynyň elektrostimulýasiýasy üçin ginekologiki elektrostimulýator we iki polýusly elektrod (serwikal kanaldan içki boýunjyga çenli) goýlup ondan elektriki impulslar göni burç görnüşde barýarlar. Impulsyň uzaklygy – 2 m/s, ýygylygy – 80 gs, kuwwaty – 5w, dowamlylygy 10 min, bejeriş tapgyry 15 gezek.

Elektropunktura usuly gyzjagazlary bejermekde boýunjyk-gipofizar refleksine meňzeş, netijede genitaliýa täsir edýär. Häzirki wagtda käbir aktiw biologiki nokatlar tapyldy. Onuň üçin ELAP-B enjamy ulanýar. Bejeriş tapgyry 8-10 gezek.

Refleksoterapiýanyň iki usuly hem (ýatgy boýunjygynyň reseptorlarynyň elektrostimulýasiýasy we elektropunktura) ýuwenil gan akmalaryň patogenetiki bejerişine degişli bolup ol diňe gany duruzyjy täsiri bolman, eýsem bediniň gormonlarynyň kadaly çykmagyna, aýbaşy halkasynyň kadalaşmagyna (anowulýator halkany owulýator halka geçirýär) hem peýda edýär, kä wagtlar konserwatiw bejeriş peýda etmese, gan akmasy hem köp bolup, howply ýagdaýlara getirip bilýär. Şeýle ýagdaýlarda  ýatgynyň nemli bardasyny gyrmak operasiýasy

edilýar. Bu operasiýa gemostaza, endometriýanyň çişden öňki üýtgeşmelerini anyklamaga kömek edýär.

Keseliň netijesi. Maksada gönükdirilen we patogenetiki bejerilende – şowly, 30% hassalarda gaýtalanýar. 5%-de bolsa aýbaşynyň dürli bozulmalary we önelge funksiýanyň bozulmalary bolýar.

Önüni almak:

Disfunksional gan akmalary bolan gyzlary howply toparyň hasabyna almaly.

Gyzlaryň aýbaşy halkasyny sazlaşdyrmak maksady bilen indiki çäreleri geçirmek maslahat berilýär (W.F.Kokolina):

1. Kadaly gün tertibini, iýmitlenmegi berjaý etmek, umumy sagaldaýyş çäreler.

2. Üç aýbaşy halkanyň dowamynda sikliki witaminobejergini geçirmek: Foliý turşuysy – aýbaşy halkasynyň 5 –nji gününden günde 1 gerdejikden – 10 günüň dowamynda; Askorbin turşysy – aýbaşy halkasynyň 16 –njy gününden gije-gündiziň dowamynda 1,0 gr (bu mukdar 3-4 kabul edişe bölmeli) – 10 günüň dowamynda; witamin E – aýbaşy halkasynyň 16 –njy gününden günde 1 gerdejikden – 10 günüň dowamynda bellemeli.

3. Sintetiki progestinler – gyzlara 3 aýbaşy halkasyndan köp bellemek maslahat berilenok – gysga nusga boýunça – aýbaşy halkasynyň 16 –njy gününden günde 2 gerdejikden – 10 günüň dowamynda; uzyn nusga boýunça – aýbaşy halkasynyň 5 –nji gününden günde 1 gerdejikden – 21 günüň dowamynda bellemeli.

4. Fiziobejeriş – ýatgy boýunjygynyň reseptorlarynyň elektrostimulýasiýasy №10; nowokain bilen boýnuň simpatiki düwünleriniň elektroforezi №10; witamin $B_1$ bilen endonazal elektroforezi (10 seans) bellemeli.

5. Iňňerefleksoterapiýa – 10 seansdan 2-3 tapgyr geçirilýär.

6. Çaga ginekologyň dispanser gözegçiligi niamala aşyrmaly.

## IV.3. Amenoreýa we gipomenstrual sindromy

### Ilkinji amenoreýa

Ilkinji amenoreýa - bu jyns taýdan ýetişenlik döwrüne ýetenden soň aýbaşynyň bolmaýan ýagdaýydyr. Jyns agzalarynyň we ikilenji jyns alamatlarynyň kadaly ösüşinde we kanagatlanarly umumy ýagdaýynda gyzlarda 16 ýaşa çenli aýbaşysynyň bolmaýanlygy fiziologiki hasap edilýär. Giçki ýaşda aýbaşynyň gelmezligi bolsa patologiki ýagdaý hökmünde seredilýär we anomaliýanyň sebäbini anyklamaklygy talap edýär. Anyklaýyş we bejeriş çärelerine 16 ýaşdan başlanylýar. Çenden aşa uzak garaşmaklyk hiç wagt ýeňişe getirmeýär.

Sebäpleri we klinikasy. Ilkinji amenoreýa özbaşdak alamat bolup ol bozulan we doly däl jyns ýetişmekliginiň uly toplumyna degişli. Kaiser (1969) boýunça ilkinji amenoreýanyň sebäplerine interseksuallylyk we hromosom anomaliýalary (37%), ösüş kemislikleri (19%), ýumurtgalyklaryň gipoplaziýasy (17%) degişli.

Dewhurst (1974) amaly topara bölünişigi uly orny eýeleýär, ol ikilenji jyns alamatlarynyň ýüze çykyşyna baglylykda aşakdaky görnüşleri öz içine alýar.

1. Kadaly ýüze çykan ikilenji jyns alamatlary

Giçki jyns ýetişmekligi

Ýatgynyň aplaziýasy

Endometriýanyň ýetmezçiligi (lal halka)

Endometriýanyň destruksiýasy (endometriýanyň inçekeseli)

Maýer- Rokitan- Kýuster sindromy

Ginatreziýa (ýatgy boýunjygy, jynshana, gyzlyk perdesi)

Testikulýar feminizasiýa

2. Ikilenji jyns alamatlarynyň ýeterliklisiz ýüze çykmagy ýa-da olaryň ýoklugy

Hromosom anomaliýalary, mozaikler (Terner sindromy)
Gipotalamo- gipofiz bozulmalar
Ýumurtgalyklaryň gipoplaziýasy
Täze döremeler
3. Wirilizasiýa
Adrenogenital sindromy (AGS)
Böwrek üsti mäzleriň gabygynyň çişleri (giperplaziýa)
Polikistoz ýumurtgalyklar (Şteýn-Lewental sindromy)
Ýumurtgalyklaryň wirilizirleýän çişleri (arrenoblastomalar, lipoidöýjükli çişler)

Anyklanylyşy. Ilkinji amenoreýanyň anyklanylşy uly kynçylyklary döredýär, sebäbi çylşyrymly barlaglaryň köp sanyny geçirmeklik zerurlugy talap edilýär. Şonuň üçin çylşyrymly ýagdaýlarda näsaglary ýöriteleşdirilen endokrin bölümine ugratmaklyk amatly bolup durýar. Maksada gönükdirilen barlag ugrukdyryjy nusga boýunça geçirilýär.

Anamnez. Maşgala anamnezi möhüm, aýratyn-da nesil yzarlaýan keselleri anyklamak. Enesinde we gyz doganlarynda menarhe gelen ýaşyny anyklamaklyk zerurdyr.

Umumy barlag. Boýunyň bozulmagyna (kiçi boýly, gigantizm) wirilizasiýa alamatlaryna, galkan şekilli mäzleriň ýagdaýyna üns bermeli. Ikilenji jyns alamatlaryny anyklamaklyk uly ähmiýetli hasaplanýar.

Ginekologiki barlagy. Ilki bilen ginatreziýany inkär etmeli. Şol sebäpli waginoskopiýanyň geçirilmegi möhüm. Bimanual barlagynda ýatgynyň gipoplaziýasy ýa-da ageneziýasy, ýumurtgalyklaryň ulalmagy (polikistoz ýumurtgalyklar, çişler) anyklanylýar.

Goşmaça barlaglar.

1. Jynshana neminiň (bölünip çykmagynyň) sitologiki barlagy (jynshananyň nemli bardasynyň funksional ýagdaýy, estrogenizasiýanyň bahalandyrmagy),

2. Bazal temperaturany ölçemek (ýumurtgalyklaryň funksiýasy),

3. Gormonlaryň mukdaryny kesgitlemek

4. Jyns hromatinininiň anyklanylmagy,

5. Rentgen barlagy: süňk ýaşyny anyklamak, türk eýeri we gipofizi barlamak:

6. Endometriýanyň biopsiýasy (ýatgy amenoreýasynda),

7 Laparoskopiýa (gonadalaryň biopsiýasy).

1. Kadaly ýüze çykan ikilenji jyns alamatlarynyň klinikasy we bejerilişi

## Ýatgynyň aplaziýasy

Ýatgynyň aplaziýasy özbaşdak kemislik görnüşinde seýrek duşýar we ol köplenç jynshana gipoplaziýasy bilen utgaşyp gelýär.

**Endometriýanyň ýetmezçiligi** (“Lal halka”, “lal aýbaşy”)

Ýumurtgalyklaryň işjeňliligi bozulmadyk, gormonyň täsiri kesilende gan akma bolmaýar, ýatgynyň nemli bardasy bolsa alamatsyz sikliki inwolýusiýa sezewar bolýar. Sebäbi näbelli. Bu ýagdaýda bejergä mätäçlilik ýok, reproduktiw işjeňliligi bozulmadyk.

## Endometriýanyň destruksiýasy

Köplenç inçekesel bilen bagly (endometriýanyň biopsiýasyny geçirmeli). Inçekesele garşy bejergi ulanylýar.

Maýer - Rokitanskiý - Kýusteriň sindromy

Patologiki anatomiýasy. Ýatgy turbalaryň atreziýasynyň aýratyn görnüşleri bilen bir hatarda solid rudimentar goşa ýatgy bilen (uterus bikornis rudimentarius solidus) jynshananyň aplaziýasynyň kombinirlenen görnüşi hem duş gelýär (Maýer-Rokitanskiý-Kýusteriň sindromy). Ýatgynyň şahlaryndan

gipoplastiki turbalar gidýär. Ýumurtgalyklar adaty ýerleşen. Keseliň ýumurtgalyklaryň funksional kadaly işlän ýagdaýynda döreýändigi barada teoretiki pikir etmek bolýar, ýöne olar X faktoryny saklaýarlar.

Klinikasy. Çagalyk we ýetginjeklik ýaşlarda näsaglarda arz ýok, olar lukmana diňe ilkinji amenoreýa sebäpli ýa-da ilkinji jyns gatnaşygynda köp sanly kynçylyklaryň döremegi sebäpli ýüz tutýarlar.

Anyklanylyşy. Ýatgynyň we jynshananyň aplaziýalaryna seretmeli.

Bejergisi. Emeli jynshana döredilýär, ony brýuşinadan döretmeklik has amatly. Maýer-Rokitanskiý-Kýusteriň sindromy bejerilende peşew emele getiriji we peşew çykaryjy ulgamlarynyň, şeýle-de içegäniň ýaşaýyşy üçin howp döredýän ösüş kemislikleriniň hem bolup bilýändigi barada oýlanylmalydyr.

## Jynshananyň we ýatgy boýunjygynyň atreziýasy

Jynshananyň we ýatgy boýunjygynyň atreziýasy seýrek duş gelýär we operatiw korreksiýany talap edýär.

**Gyz perdeliginiň atreziýasy.**

Gyz perdeliginiň atreziýasy jyns taýdan ösüş döwründe ganyň durdunlygy dörände anyklanylýar. Gögümtil öňe çişip çykyp duran gyz perdeligi görünýär, palpasiýa edilende saklanan aýbaşy ganyndan ybarat bolan çişe meňzeş emele gelme tapylýar. Ilkinji alamatlaryna peşewiň saklanmagy hem degişli.

Bejergisi: operasiýa gimenotomiýa ýerine ýetirilýär we “+”(goşmak) görnüşli kesim edilýär.

## Şerşewskiý-Terneriň sindromy

Esasy alamatlary bolup aýal maşgalalarda pes boýlylyk we jyns infantilizmi çykyş edýär. Jyns infantilizmi ikinji jyns

alamtlaryň ýetmezçiligi hem-de daşky we içki jyns agzalarynyň pes ösmegi bilen häsiýetlendirilýär. Boýnuň özboluşly şekili- ganat görnüşli gasynlary bolýar. Döş kapasasy 68% näsaglarda çelek görnüşli bolýar. Pnewmopelwiýografiýa barlagynda ýatgy we ýumurtgalyklar ýüp ýaly şekilde bolýar we gormonal, sitologiki barlaglar ýumurtga ýetmezçiligini ýüze çykarýar.

"Arassa" gonadalaryň disgeneziýasy bolan näsaglarda kadaly ýa-da uzyn boýly gyzlarda aýbaşy halkasynyň, ikinji jyns agzalarynyň bolmazlygy we ýüpgörnüşli ýumurtgalyklaryň we ýatgynyň bolmagy häsiýetli bolýar. Hromatin otrisatel ýadroly näsaglaryň ýumurtgalyklarynyň biopsiýa barlagy olarda germinatiw apparatynyň ýoklugyny, Leýdig görnüşli epitelioid öýjükleriň toplanmagyny görkezýär.

"Arassa" gonadalaryň disgeneziýasy bolan näsaglarda hromosomalaryň patologiýasynyň 3 görnüşi tapawutlandyrylýar.

1) Kadaly aýal – 46XX

2) Kadaly erkek-46 XY

3) Mozaisizm we jyns hromosomalarynyň gurluş üýtgemeleri.

Gonadalaryň disgeneziýasynda gormonal barlaglar gipoestrogeniýany görkezýär. Ol bolsa bukkal epiteliýada jyns hromatininiň bolmazlygy bilen häsiýetlendirilýär.

Sitologlaryň Bütindünýä gurultaýynda (1958) tassyklanan bölünişik boýunça: – aralyk, parabazal we bazal öýjüklere bölünýärler.

Gipoestrogeniýa üçin ýüzleý öýjikleriň bolmazlygy we gowşak (5-10% bazal öýjikler), aýdyň (10-40% bazal öýjikler) we ýiti (40-100%) atrofiýa häsiýetli bolýar.

Jyns taýdan ösmezlik we jyns aýratynlaşmak hadysasynyň

pesligi diňe bir hromosom mutasiýasy bilen däl-de, gen mutasiýasy bilen hem düşündirilip bilner.

Belli bir alamatlaryň ösmegine allel diýip atlandyrylýan genler jogapkärdir. Eger mutagen genler alamatda ýüze çykmasalar, olara ressesiw genler diýilýär. Eger alamatda ýüze çyksalar, dominant genler diýilýär.

## Testikulýar feminizasiýa

Bu näsazlykda näsaglaryň esasy arzy aýbaşynyň bolmazlygydyr. Olarda:

1. Hakyky zenan keşbi
2. Göwüs mäzleriniň dogry ösmegi
3. Jynsy tüý örtüginiň bolmazlygy ýa-da selçeň bolmagy
4. Uly we kiçi jyns dodaklarynyň ösmezligi, jynshananayň kütek gutarmagy
5. Içki jyns agzalarynyň bolmazlygy ýa-da rudimentar yzlarynyň bolmagy
6. Ýumurtgalar spermatogenezsiz bolup, jyns kanalyndan durýar
7. Ýumurtgalyk estrogenleri we androgenleri öndürýär, käte gipofizar gonadotropinleriň ekskresiýasy bolýar.

## Adrenogenital sindrom

Bu sindrom kartizol gormonynyň sintezinde, oňa gatnaşýan fermentleriň antenatal döwürde böwreküsti mäzleriň işjeňliginiň üýtgemegi bilen ýeterliksiz önmegi sebäpli döreýär. Gyzjagazlaryň arasynda köplenç olaryň wiril – 21-gidroksilazanyň sintezinde gatnaşýan dürli mutagen genleriň bolmagy bilen baglydyr.

21 gidroksilazanyň sintezine jogap berýän enäniň we atanyň her biriniň bir mutagen resessiw geniniň bolýandygyny bellemelidir Ene-atalarda AKTG barlagy böwreküsti mäziň gabygynyň ýetmezçiligini görkezýär. Bu kesel özüniň

polimorfizmi bilen tapawutlanýar, gyzjagazlaryň käsinde klitoryň ýetmezçiligi, käsinde onuň gipertrofiýasy, kä birinde bolsa urogenital sinusynyň saklanmagy ýüze çykýar. Peşewde jyns gormonlary, 17- KC dürli bolýar.

Bedeniň gurluşy interseksual - eginleri giň, elleri, aýaklary gysga, gyzjagazlarda ir tüý ösmek, klitoryň we uly jyns dodaklaryň ulalmagy bellenýär. Jyns hromatin bu gyzlarda kadalydyr.

Jyns agzalarynyň nädogry ösmegini kesgitlemekde gyzjagazlarda anamnez barlamak wajypdyr. Onda ene-atanyň ýaşy, göwreliligiň geçişi, bejergisi öwrenilýär. Maşgalada we golaý garyndaşlarda genetiki keseller we prebupertat, pubertat döwürdäki infeksion anamnez bilen gyzyklanylýar.

## Ikilenji amenoreýa

Ikilenji amenoreýa diýip ilkinji aýbaşy ýüze çykandan soň aýbaşynyň gysga ýa-da uzak wagtlap bolmazlygyna aýdylýar. Bu ýagdaýda soňky aýbaşydan geçen möhlet 6 aýdan köp bolmaly. Amenoreýanyň bu görnüşi patologiki we fiziologiki bolup bilýär.

## Fiziologiki amenoreýa

Fiziologiki amenoreýa menarheden soňky ilkinji ýyly; uzak amenoreýada biraz garaşmaly, bejergi geçirmek hökman däl. Ejesi bilen bilelikde gürrüň geçirilenden soň gyzjagazy aýbaşy senenamasy bilen üpjün etmeli. Ýetginjek gyzjagazyň ene-atasy, terbiýeçisi, gözegçilik edýän lukmany aýbaşy senenamasynyň dogry ýöredilýändigine gözegçilik etmeli.Bejerýän lukman senenama esasynda aýbaşynyň bozulmagynyň häsiýetini we agyrlygyny kesgitleýär. Köp ýagdaýlarda ilkinji 6 aý ýa-da biraz gijiräk kadaly halka başlanýar. Ikilenji amenoreýada ýetginjek

gyzlarda göwreliligiň ýokdygyny anyklamaly. Hiç wagt diňe anamneziň maglumatlary bilen çäklenmeli däl.

## Patologiki amenoreýa

Sebäpler Gipotalamo-gipofiz-ýumurtgalyk-ýatgy endokrin sazlaşygy çylşyrymly we onuň islendik zynjyrynda zeperlenme bolup biler. Amenoreýanyň ýygy duş gelýän sebäbi psihogen –gipotalamo gipofiz ulgamdaky bozulmalar bolup durýar, ikinji ýerde bolsa ýumurtgalygyň disfunksiýasy durýar (1-nji surat). Gyzjagazlarda ýatgy keseliniň aýbaşynyň kesilmeginiň sebäbi bolup bilýändigi uly müňkürlenme döredýär.

**Anyklanylyşy:**

Ikilenji amenoreýany anyklamakda şu alamatlar esasy bolup durýarlar:

1. Wirilizasiýa: ýumurtgalygyň çişi, Şteýn- Lewentalyň sindromy, böwreküsti mäzleriň gabygynyň çişi.

2. Galaktoreýa: göwreliligi inkär etmeli (immunologiki usuly bilen).

Gipofiziň çişini inkär etmek üçin türk eýeriniň rentgenologiki barlagyny geçirmeli.

Näsagyň şu derman serişdelerini almandygyna göz ýetirmeli:

a) owulýasiýany basyjy (togtadyjy) serişdeleri

b) Fenotiazin serişdeleri

Bejergi. Egerde amenoreýa sazlaşdyryjy merkeziniň bozulmagy bilen bagly bolsa, onda esasy bejergi usuly - ruhy bejergi bolup durýar. Köp halatlarda birden aýbaşy ýüze çykýar. Bejergi köplenç näsagyň talaby bilen ir başlanýar. Progesteron barlagynyň oňaýly netijesinde siklakur (siklo-proginowo) birnäçe aýlaryň dowamynda ulanylýar. Jyns taýdan ösüş döwründe owulýasiýany tijendiriji serişdeler örän serasaply bellenilmeli. Giroffi (1975) barlaglarynyň netijesinde tassyklanan “Rebaund-

fenomeniň” bolmaýan ýagdaýynda aýbaşyny kadalaşdyrýan, ýöne owulýasiýany duruzýan serişdeleri ulanmak gadagan.

### Aýbaşy halkasyň idiopatiki bozulmagy

Sebäpleri doly öwrenilmedik

Kliniki geçişi. Menarhe giç ýüze çykýar, soňlugy bilen kesilýän, sazlap bolmaýan aýbaşy halkasy bolýar.

Gormon barlagynyň netijesi. Gonadotropinler we 17 KS kadaly, esrogenleriň mukdary käwagt biraz ýokarlanýar.

Bejergisi. Progesteron barlagy bellemek bilen aýbaşa meňzeş reaksiýa ýüze çykarylýar. Soňra birnäçe aýyň dowamynda gipofiziň işini basmaýan kombinirlenen estrogen- gestagen serişdeler, meselem, siklokur, (siklo-proginowo) bellenilýär. Netijede aýbaşy halkasynyň birden sazlanyşmagy ýüze çykýar.



**1-nji surat.**
14 ýaşly näsag. Ikilenji amenoreýa. Giperandrogeniýa.

### Ruhy sebäbi

Etiologiýasy. Psihiki şikesler, psihiki keseller, daşky gurşawyň üýtgemeleri, synagdan öňki gorkular, tussagda bolmaklyk ýokarky merkezler arkaly ýumurtgalygyň işine täsir edip amenoreýanyň sebäbi bolup durýar. Kliniki we endokrinologiki maglumatlar kadaly. Patogistologiki barlag geçirilende endometriý kadaly.

**Bejergi.** Jyns gormonlaryny ulanmak maslahat berilmeýär, psihoterapiýa peýdaly hasaplanýar. Aýbaşa meňzeş reaksiýany ýüze çykarmak üçin psihotrop (neýrodinamiki) serişdeleri, ýumurtgalygyň we gipofiziň gysga tolkunly şöhlelenmesi, käwagt, progesteron (1 sanjym 1 günde, 3 güniň dowamynda) ulanylýar.

Netijesi: Köplenç oňaýly. Egerde ruhy şikeslenme aradan aýrylsa, aýbaşy halkasy kadalaşýar.

## Neýrogen anoreksiýa

Sebäpleri we kliniki geçişi. Somatiki we psihiki infantilizmi bar gyzlarda we ýetginjeklerde endokrin ulgamynyň ýetişmezligi bu keseliň ýardam beriji faktory bolup durýar. Näsaglar newrotiki funksional bozulmalar netijesinde iýmitden ýüz öwrüp horlanýarlar, olaryň agramy peselýär, kaheksiýa çenli ýetýär. Bu bolsa libidonyň üýtgemegine we amenoreýa getirýär.

Gormon barlagynyň netijesi. Görkezijiler has peselen (hemişe hökmany däl).

**Bejergi.** Jyns gormonlar ulanylmaýar. Psihoterapiýa maslahat berilýär. Kä ýagdaýlarda bu näsaglary hassahana ýerleşdirmeli bolýar. Näsaga anaboliki serişdeleri, witaminleri we proteinlere baý bolan iýmit bellemeli. Ýagdaýy gowulaşsa, agramy kadalaşsa aýbaşysy dikelýär.

## Ruhy taýdan ýalan göwrelilik

Sebäpleri. Bu ýagdaý 1 gezek jyns gatnaşygynda bolan, psihiki taýdan durnuksyz gyzjagazlarda (göwrelilikden gork-maklygy sebäpli) duş gelýär.

**Kliniki keşbi.** Kadaly göwreliligiň ähli alamatlary: amenoreýa, agramynyň artmagy, süýt mäzleriniň we garnynyň ulalmagy, striýalaryň emele gelmegi bolýar, hatda, näsaglar

düwünçegiň hereketini (içegileriň peristaltikasy bilen çalşyp) hem duýýarlar.

**Bejergi:** Göwreliligiň ýokdygyny immunologiki we kliniki taýdan subut etmeli. Soňra näsaga psihoterapiýa we aýbaşa meňzeş reaksiýany ýüze çykarmak üçin progesteron bellemeli.

## Gipotalamiki semizlik

Sebäpleri belli däl.

Kliniki suraty. Menarhe giç ýüze çykan infantil gyzjagazlarda duş gelýär. Ilki oligomenoreýa, soňra amenoreýa ýüze çykýar. Işdäsiniň aşa ýokary bolmagy bilen semizlik çalt döreýär. Gormonlaryň barlagy kadaly, süňkler köplenç ir ýetişýärler.

Aýyl-saýyl anyklanylşy: Isenko-Kuşingiň keseli bilen geçirmeli.

**Bejergi:** Psihoterapiýa, näsagyň agramyny azaltmaly. Käwagt ýatgydan gan akmalar ýüze çykarylýar.

**Göwrelilikden goraýan derman serişdelerini ulanylmak bilen bagly bolan amenoreýa -"Giperduruzyjy sindromy"**

Owulýasiýany basýan dermanlar kesilenden soňra, olaryň ulanylan döwrüniň dowamyna baglanyşyksyz, uzak wagtlap amenoreýanyň (5%ýagdaýda) ýüze çykmagy mümkin. Beýle ýagdaý ýetginjek gyzjagazlarda arassa gestagenler (" mini-pili") we kombinirlenen 1 fazaly serişdeler ulanylanda hem ýüze çykýar.

Kliniki geçişi - ikilenji amenoreýa, käwagt endometriýanyň atrofiýasy.

**Bejergi.** 3-6 aýyň dowamynda aýbaşynyň öz-özünden birden dikelýändigi sebäpli garaşmaklyk maslahat berilýär, ýöne ilki bilen göwreliligi inkär etmeklik üçin barlaglary geçirilmelidir.

## IV.4. Algodismenoreýa

**Ýygylygy:**

Ýetginjeklerde ýüze çykýan agyryly aýbaşylar («ýetginjekleriň dismenoreýasy»), disfunksional we organiki üýtgesmeler sebäpli bolýandyr. Disfunksional dismenoreýa köplenç ikilenji bolup durýar. Ol köplenç ilkinji aýbaşydan 2-3 ýyl soň ýüze çykýar. Ilkinji aýbaşyda dismenoreýa seýrek ýüze çykýar. Aýbaşysy bozulan ýetginjekleriň arasynda dismenoreýa 20% töweregi ýagdaýda anyklanylýar.

**Sebäpleri:**

Ilkinji dismenoreýanyň sebäbi takyk belli däl. Nerw-wegetatiw faktorlar belli bir orny eýeleýär, ýöne olar esasy sebäbini düşündirmeýär. Bu gyzjagazlarda hemişe iki fazaly aýbaşy halkasynyň barlygy sebäpli gormonal faktory hem inkär edip bolmaýar. Dismenoreýa owulýasiýanyň alamaty hökmünde hem garamak bolýar. Yatgyňyň myşsasynyň damarlarynyň gysylmagy agyryly işemiki kontrakturanyň ýüze çykmagyna getirýär diýip çak edip bolýar. Häzirki wagtda endometriýanyň öndürýän prostoglandinleriniň mukdarynyň köpelmegi hem dismenoreýanyň sebäbi bolup biler. Fransuz awtorlar anomal ýagdaýdaky entek ýetişmedik gipoplastiki ýatgynyň ondaky gan aýlanşygyň bozulmagyna we agyryly kontrakturalaryň ýüze çykmagyna getirýär diýip belleýärler. Ýatgynyň gipoplaziýasyna uly orun berilýänligini bellemeli.

**Tapawutlandyryş anyklanylşy:**

Bimanual barlagyň netijesinde organiki sebäpleri, mysal üçin: goşuntgylaryň jerhitleme «çişlerini», ýumurtgalyklaryň kistalaryny, endometriozy aradan aýyrmaly.

**Bejergi:**

Bu patologiýaly ýetginjekleriň 2O% töweregi medikamentoz

bejergä mätäç däldir. Ýöne käbir gyzjagazlarda bejergi kynçylyk döredip biler. Öňüni alyş çäre hökmünde her ýagdaýda aýbaşynyň fiziologiýasy hakynda we funksional zerurlygy barada düşündirmek hökmandyr. Ýetginjek gyzjagazlary ilkinji aýbaşa taýýarlamak hökmandyr, ol ýetişmek döwründe ýaşaýyşyna täsir etjek fiziologiki hadysadygyna düşünmelidir.

Bejergini jyns taýdan ösüş döwründe başlamaklyk maslahat berilýär, ýogsam kesel öwrenişikli we psihogen fiksirlenen görnüşine geçip biler. Bu ýagdaýlary gelejekde bejermek kyn bolýar. Ýeňil ýagdaýlarda psihoterapiýa bilen çäklenip bolýar. Näsagyň umumy ýagdaýy bozulanda köplenç agyrsyzlandyryjy we spazmolitiki serişdeler bilelikde ulanmak maslahat berilýär. Izokssuprin (dowodilan) günüň dowamynda 30-40mg bellenilende gowy netije berýär. Bejergini aýbaşynyň ýüze çykmagyna 72-sag. töweregi golaýlanda başlamak gerek.

Diňe agyr ýagdaýlarda, ýokardaky görkezilen bejergi täsir etmese, gormonal bejeriş görkezilen.

Häzirki wagtda owulýasiýany basman täsir edýän dýufaston (retroprogesteron) gowy netije berýär. Ýatgy gan akmalarynyň öňüni almak üçin günde 1 tab. 2 gezek, aýbaşy halkanyň 5-25-nji günlerinde bellenilýär. Köplenç ýetginjekleriň dismenoreýasynda owulýasyny basmaýan iki fazaly gormonal serişde bolan siklokur (siklo-proginowa) gowy netije berýär.

Eger gormonal bejergi netijesiz bolsa, onda keseliň esasynda organiki üýtgeşmeler ýatandyr (jyns agzalarynyň gaýnaglama keselleri, endometrioz, organiki jyns kemçilikleri). Şular ýaly ýagdaýlarda ginekolog hünärmeniň soňky barlaglary gürrüňsiz zerurdyr. Ikilenji dismenoreýada esasy keseli bejerýärler. Bu bejergini hem ginekolog geçirmeli.

Netije, umuman kanagatlanarly.

# V Bap

## Gyzjagazlarda jyns agzalarynyň jerhitleme (sowuklama) keselleri

### V.1. Wulwowaginitler

Ginekologiki keselleriň içinde 1 ýaşdan 9 ýaş aralygyndaky gyzjagazlarda gaýnaglama hadysalar birinji orny eýeleýär. Dürli ýaşdaky gyzjagazlarda köpçülikleýin gözegçillik geçirlende 9,8 – 11,5%-de wulwowaginitler anyklanyldy.

Kliniki taýdan gyzjagazlardaky gaýnaglama hadysalary ýygy duş gelýär we olaryň bedeniniň ýetişen döwründe esasy funksiýalaryň (aýbaşy, önelgelik, jyns) bozulmagyna getirip biler.

Gyzjagazlarda jynshananyň dürli etiologiýaly zeperlenmegi jynshananyň bitişmegine ýa-da daralmagyna getirip, soňy bilen jyns gatnaşygynda, göwrelilikde we dogrumda päsgelçilik döredip biler.

Ondan başga hem, dowamly geçýän jerhitleme hadysalary gipotalamus – gipofiz - ýumurtgalyk ulgamynyň funksional işjeňliginiň bozulmagyna, bu topardaky gyzjagazlarda dürli ginekologiki keselleriň duş gelmeginiň ýokarlanmagyna getirýär.

1 ýaşdan 9 ýaş aralygyndaky gyzjagazlarda gaýnaglama hadysalarynyň has köp duş gelýän ýeri wulwa we jynshanadyr.

Bu ýaşda wulwowaginitler jyns agzalarynyň ähli keselleriniň 65-79%-ni düzýär.

Aralyk döwürde wulwanyň we jynshananyň nemli bardasy näzik we aňsat zeperlenýänligi bilen tapawutlanýar. Jynshana neminiň düzümi aşgar reaksiýaly bolup, epiteliýasy glikogen saklanok.

Seýrek däl ýagdaýlarda patologiki dörediјiniň aralaşmagy wulwowaginitiň ýüze çykmagyna aýratyn hem şoňa ýykgynlyk bolanda ýüze çykýar.

Prepubertat we pubertat döwründe gyzjagazlarda wulwowaginitler seýrek duş gelýär, bu ýagdaý ýumurtgalyklaryň endokrin funksiýasynyň artmagy, jynshananyň nemli bardasynda glikogeniň sinteziniň ýokarlanmagy bilen düşündirilýär.

Gyzjagazlarda wulwowaginitler infeksion etiologiýaly bolup, gonokokk, stafilokokk, strepptokokk, içege taýajygy we başga mikroblar tarapyndan döredilýär.

Parazitar wulwowaginitleriň dörediјisi bolup, trihomonadalar, ostrisalar, kömelejikler çykyş edip bilýärler.

Şahsy gigiýenany berjaý etmezlik, hapysaçylyk, gyzjagazlaryň daşky jyns agzalaryna nädogry gözegçilik, şahsy gigiýena serişdelerini umumy ulanmak, keselli çagalaryň ene-atalar bilen ýakyn gatnaşykda bolmaklygy wulwowaginitiň ýüze çykmagyna ýardam edýär.

Daşky jyns agzalarynyň nemli bardasyny gyzjagazlar öz elleri bilen jyns agzalaryny elläne zeperläp bilýärler, ondan başga-da termiki, mehaniki, himiki zeperlenmeler hem jerhitleme hadysalaryny ýüze çykaryp bilýär.

Patogen mikroorganizmler jerhitleme hadysasyny jyns agzalarynyň nemli bardasynyň bütewiligi bozulmadyk ýagdaýda hem döredip bilýärler.

Keseliň ýüze çykmagyna şert bolup:

infeksion keseller (gyzamyk, täjihoraz, guryagyrynyň

ýitileşmegi), dowamly infeksion – toksiki täsirler (gaýmorit, tonzillit, piýelonefrit), seýrek bolmadyk ýagdaýda wulwowaginitleriň ýüze çykmagyna immunologik reaktiwligiň peselmegi, eksudatiw diatez, diabet, tireotoksikoz, madda çalşygynyň bozulmagy ýardam berýär.

Seýrek ýagdaýlarda wulwowaginitler jyns ýollaryna del jisim düşende ýüze çykyp biler. Gyzjagazlarda wulwowaginitler ýiti başlanýar, ýöne hroniki geçişi hem bolup biler.

Ýiti wulwowaginitde gyzjagazlar ýörände agyra arz edýärler; gijelewik we awuşama buşuganda güýjeýär. Bu arzlar eger gaýnaglama hadysasy wulwanyň töweregine ýaýrasa ýüze çykýar. Käbir ýagdaýlarda agyry jynshananyň töweregine, garnynyň aşagyna, bil-guýmaç zolagyna ýaýrap bilýär.

Dizuriki alamatlardan başga näsaglar iç gatama bilen hem ejir çekýärler.

Kesel dowamly görnüşine geçende eksudasiýa we giperemiýa azalýar, agyry köşeşýär. Ýöne jyns ýollaryndan iriňli nemiň gelmegi we gijilewik güýçlenýär.

Hemme wulwowaginitler üçin iriňli nem häsiýetlidir.

Jynshananyň diwarlaryny we düzümini görmek üçin waginoskop ulanylýar. Barlagda anyklanylýar: ýatgy boýunjygynyň we jynshananyň nemli bardasynyň gyzarmagy, ýeňil ganamaklyk, giperemirlenen nemli bardada seroz-iriňli we iriňli nem görünýär. Şu alamatlar ýiti waginit üçin häsiýetlidir.

Waginoskopiýanyň netijeleri diňe bir anyklamak üçin dälde, eýsem geçirilen bejerginiň netijeliligine baha bermek üçin hem gerek.

Wulwowaginit kesel kesgitlemesi anamnez, daşky jyns agzalarynyň barlagy, rektal-abdominal barlaglar, waginoskopiýa, mikroskopik we bakteriologik barlaglar, gurçuk barlagy esasynda goýulýar.

Hökmany suratda şahsy gigiýenanyň düzgünleriniň berjaý ediliş şertlerine, keseliň başlanmagyna we geçiş aýratynlyklaryna, başga agzalarda we ulgamlarda keseliň geçiş aýratynlyklaryna baha bermeli.

**Hörezekli wulwowaginitde** – wulwanyň derisi we nemli bardasy infiltrirlenen, gyzaran, gögümtil öwüşgünde bolýär. Waginoskop barlagynda jynshananyň nemli bardasy örtükli, aýranyňda ganaýan eroziýalar anyklanylýar. Gasyk limfa düwünleri ulalan, agyryly. Bölünip çykýan nem – az mukdarda – nemli ýa-da ganly-iriňli häsiýetli.

**Kandidoz wulwowaginiti** köplenç kiçi we 2-3 ýaşyndaky göwşak gyzjagazlarda bolýar, ýöne hemme ýaşdaky gyzjagazlarda hem ýüze çykyp biler. Kandidoz wulwowaginitiň ýüze çykmagyna agyr keseller (öýkenleriň sowuklamasy, garamyk, dizenteriýa) we antibakterial bejergi getirip biler. Antibiotikleriň täsirinde duýgur däl mikroorganizmleriň güýçli ösmegi bolup geçýär, ol hem drož kömelejikleriniň köpelmegine, saprofitleriň patogen görnüşine geçmegine getirýär. Awitaminoz we B topar witaminleriň çalşygynyň bozulmagy kandidoz wulwowaginitleriň ösmegine ýardam berýär. Kliniki daşky jyns agzalarynda güýçli gijelewik bilen häsiýetlenýär. Wulwanyň nemli bardasy we jynshana girelgesi gury, giperemirlenen. Gyzarma gülgüne öwüşgünli bolýar. Nemli bardada ganaýan jaýryklar, dorag (tworog) görnüşli örtük, blýaşkalar emele gelýär. Jynshanadan nem gelenok. Jyns ýollarynyň kandidozy bilen bilelikde agzyň burçlarynda, goltuk asty oýunda, gasyk epinlerinde, deriniň zeperlenen böleklerini görüp bolýar. Deriniň zeperlenen ojaklary gyzaran, gülgüne reňkde, sagat deriden araçäklenen. Şol ojaklarda deri infiltrirlenen, gury, jaýryklar aňsat emele gelýär. Keseliň kesgitlemesi kliniki we laborator maglumatlar esasynda

goýulýar. Dorag (tworog) görnüşli bölünip çykmada kandida maşgalasynyň drož kömelejikkleri we miseliý anyklanylýar.

Kandidoz wulwowagintli gyzjagazlarda hökmany suratda ganyň we peşewiň glükozasyna barlag geçirmeli, sebäbi diabetde drož kömelejikkleriniň ösmegi bolup geçýär.

Waginoskopiýada gyzaran nemli bardada ak reňkli örtük görünýär. Bölünip çykma dorag görnüşli.

Genital gerpes üçin ownuk gabarçaklar we ýarajyklar häsiýetli.

**Bakterial** (strepto – stafilokokkly) **wulwowaginit** – 4-7 ýaş aralygyndaky gyzjagazlarda duş gelýär we dowamly, ýitiasty geçýär. Kliniki suraty üçin suwuk nemli-iriňli bölünip çykma we wulwanyň, jynshananyň gyzarmagy häsiýetli. Seýrek ýagdaýlarda (antisanitariýa ýagdaýda) wulwanyň nemli bardasynda ýüzleý eroziýalar bolup bilýär.

Gyzjagazlarda serwikal kanaly infeksiýa az duýgurly, sebäbi jyns taýdan ýetişýänçä kanalyň mäzli epiteliýasy gowşak ösen, ýöne käbir ýagdaýlarda sowuklama hadysasyna serwikal kanal hem goşulyp biler.

Serwisit, ýatgy boýunjygynyň eroziýasy serwikal kanaldan nemli – iriňli bölünip çykma bilen häsiýetlenýär.

Serwisit waginoskopiýa arkaly anyklanylýar.

Gyzjagazlaryň umumy ýagdaýy bozulanok. Ýöne eroziw wulwowaginitli näsaglarda gowşaklyk, bedeniň subfebril gyzgyny, işdäsizlik, agyryly buşukma bolýar. Bakterioskopiki barlagda leýkositoz we gramm položitel kokkly flora anyklanylýar, kulturada altyn sow stafilokokk tapylýar.

**Enterobiozdan** ejir çekýän gyzjagazlarda giperemiýa ýüze çykýar, çiş deriniň perianal gasynlaryna ýaýraýar.

Wulwowaginitli gyzjagazlaryň uly toparyny peşew bölüp çykaryş ýollarynyň keselleri düzýär. Bu ýagdaýda daşky jyns agzalarynyň giperemiýasy bilen bilelikde jynshananyň

bölünip çykmasynda we peşewde köp mukdarda leýkositler anyklanylýar.

Wulwowaginit we leýkosituriýa bilen ejir çekýän gyzjagazlardan daşky jyns agzalary gowy ýuwulandan soň peşewiň ikinji tapgyry barlaga alynýar.

**Del jesim sebäpli ýüze çykýan wulwowaginit** 2 ýaşdan 9 ýaş aralygynda, köplenç 5-8 ýaşda köp duş gelýär. Del jisim sebäpli ýüze çykýan wulwowaginit ýiti geçýär – suwuk, köp mukdarda iriňli, gan gatyşykly nem gelýär. Nem hemişe ýakymsyz ysly bolýar. Kesel dowamly geçende daşky jyns dodaklarynda, yzky geçelgede maserasiýa döreýär. Del jisimi rektal barlagda, jynshana aýnalaryň kömegi bilen we waginoskopiýada anyklaýarlar. Rektal barlag geçirmek üçin gyzjagaz sag tarapyna, dyzy we çanaklyk-but bogny epilen ýagdaýda ýatmaly. Wazelin ýagy çalnan süýem barmak anal deşige salynýar. Del jisim jynshananyň yzky diwary ellenende anyklanýar. Köplenç jemleýji kesel kesgitlemesi waginoskopiýa barlagyndan soň goýulýar. Bakterioskopiki nemde köp mukdarda leýkositoz, dürli gram položitel we gram otrisatel kokkly flora anyklanylýar.

Jynshanadaky nemiň bakterioskopik, gerek bolsa wiruso-logik barlaglar netijesinde döredijileriň häsiýeti anyklanylýar. Has takyk barlag geçirmek üçin iki çalga seredýärler: birini Gramm boýunça, beýlekesini – Romanowskiý-Gimze boýunça reňkleýärler.

Sözenekli wulwowaginitde çalgyda gonokokk, mikotiki görnüşde – kömelejik sapajyklary, has ýygy – ak kandidalar, trihomoniazda – gonokokklar bilen simbiozda jynshana trihomonadalar we başgalar tapylýar. Patogen mikrofloranyň ýoklugy wirusly keseller üçin mahsus.

Sredalarda ekiş geçirmek – döredijiniň görnüşini we onuň

antibiotiklere duýujylygyny kesgitleýär. Çalgyda floranyň ýoklugy, köp sanly leýkositleriň bolmaklygy gonokokk sebäpli wulwowaginit barada şübhe döredýär. Bu ýagdaýlarda gyzjagazlarda öjükdirme geçirilýär: jynshana, peşew bölüp çykaryş kanalyna, göni içegä Lýugolyň ýa-da 1% -li azotturşy kümüşiň ergini goýberilýär. Bilelikde 3 ýaşdan uly gyzjagazlara et içine 150-200 mln mikrob bedenjikleri gonowaksinasy edilýär. Öjükdirmeden soň 3 günüň dowamynda gaýtadan jynshanadan we peşew bölüp çykaryş kanalyndan çalgy alnyp, ol hem ýörite sredada ekilýär. Göni içegäniň galyndy ýuwundy suwlary hem barlanylýar.

Gyzjagazlarda ýatgynyň goşuntgylarynyň sowuklama üýtgemeleri appendisitiň gaýraüzülmesi görnüşinde geçip biler, şonuň üçin appendektomiýa geçirlende ýatgy turbalary we ýumurtgalyklary hökman barlanmaly. Ýumurtgalyklaryň follikulýar apparatynyň üýtgemekligi degeneratiw hadysa hökmünde seredilýär. Umumy infeksion keseller gyzjagazlarda jyns agzalarynyň toksiki zeperlenmegi bilen geçip biler. Pediatr gyzjagazlarda ýüze çykyp biläýjek görkezilen kesellere we daşky jyns agzalarynyň ýagdaýyna (gijilewik, agyry, patologiki bölüp çykmalar) üns bermeli we wagtynda bejeriş-öňüni alyş çärelerini geçirmeli.

## V.2. Mahsus jerhitleme keselleri

Jyns agzalarynyň mahsus sowuklamalaryna şular ýaly keseller degişli bolup durýar: trihomoniaz, gyzjagazlaryň sözenek keseli, gyzjagazlaryň jyns agzalarynyň inçekeseli.

Trihomoniaz keseli jynshana trihomonadanyň esasynda emele getirýär (ýönekeýjeleriň görnüşi) we kolpitiň döremegi bilen ýüze çykýar. Gyzjagazlarda döreýän kolpitleriň arasynda jynshana trihomanadasy sebäpliler ortaça 4% ýagdaýda ýüze

çykýar. “Aralyk” we prepubertat döwürdäki gyzjagazlar trihomoniýaz bilen diňe “durmuş” ýoly bilen, seýrek ýadgaýlarda täze doglan bäbekler dogrum wagtynda zeperlenýär. Has uly ýaşly ýetginjekleriň arasynda jyns aragatnaşyk esasynda kesel ýüze çykýar.

Keseliň geçişi: keseliň geçiş hadysasynda has ýüze çykýan alamatlar şular: iriňli-ýaşyl reňkli köpürjikleýän bölünip çykmalar, olar nemli bardalary, ýamyzyň, butlaryň we daşky jyns dodaklaryň derisini gyzardyp, awuşadýarlar. Ondan başgada, şol sanap geçilen böleklerde gijilewük binjalyk edýär. Daşky jyns agzalarynyň, wulwanyň, jynshananyň nemli bardasy çişen, gyzaran, aňsatlyk bilen zeperlenýär; gyzarma diffuz häsiýetli bolýar.

Seýrek ýagdaýda daşky jyns agzalarynyň nemli bardasynda köp sanly kontaktda ganaýan ýüzleý eroziýalar bar.

Jerhitleme hadysasyna pesew bölüp çykaryş kanaly hem goşulýar, uretrit emele gelip, agyryly buşukma, peşew bölüp çykarýan kanalyň giperemiýasy ýüze çykýar, daşky agzy giperemirlenen we çişen bolup görünýär, seýrek ýagdaýda bolsa ondan iriň görünýär..

Sowuklama hadysasyna ýatgynyň boýunjygynyň jynshana bölegi goşulýar, bu ýagdaý waginoskopiýa arkaly anyklanylýar. Jynshananyň we ýatgy boýunjygynyň waginal bölegi gyzaran, çişen, aňsatlyk bilen zeperlenýär, köp mukdarda köpürjikli nemiň gelmegi häsiýetli. Gyzjagazlaryň umumy ýagdaýy bozulanok.

Anyklanylşy: Anyklamak maksady bilen waginoskopiýa geçirilýär. Waginoskopiýa geçirilende jynshananyň diwarlarynyň çişmegi we gyzarmagy görünýär, bu alamatlar ýatgy boýunjygynyň jynshana böleginde hem anyklanylýar.

Keseliň kesgidi jynshanadan we uretradan alynan çyrşaklarda trihomonadalary tapmak esasynda goýulýar. Ýöne has gowy usul bolup bakterial ekiş ulanylýar.

**Sözenek** (gonoreýa) – weneriki kesel bolup, gyzjagazlarda seýrek duş gelýär we onuň geçişinde öz aýratynlyklary bar. Dörediji-Neýsseriň gonokogy, bütinleýin bedene zyýany ýetýär, esasan jyns we peşew ulgamynyň nem bardalaryny zeperleýär.

Etiopatogenezi: öňden bilşimiz ýaly, bu keseliň etiologiýa sebäbi, öýjükleriň içinde ýerleşýän we ýüz ýyl gowrak mundan öň Neýsser alymyň tapan, gonokokklary bolup durýar.

Iriňli wulwowaginit 3-7 ýaşlylarda duş gelýär. Şu döwürde genitaliniň biologiki işjeňligi pes bolýar.

Näsaglaryň esasy bölegi (92%) şahsy gigiýena üçin ulanylýan serişdeleriň üsti bilen (polotense, moçalka, gorşok) ýa-da umumy düşek arkaly sözenek keselli näsaglardan geçýär. Hemme ýagdaýlarda diýen ýaly keseliň çeşmesi bolup ejesi, seýrek – garyndaşlary we joralary bolýar. Ýekeleýin ýagdaýlarda (1%) kesel ejesinden dogrum wagtynda infisirlenen dogrum ýollaryndan geçip bilýär.

Häzirki wagtda gyzjagazlaryň täze sözenegini (dowamlylygy 2 aýdan geçenok) we dowamly (dowamlylygy 2 aýdan geçse) geçişini tapawutlandyrýarlar.

Gyzjagazlaryň täze sözenegi ýiti, ýiti asty, torpid ýa-da alamatsyz geçýär. Dowamly sözenek wagtal-wagtal möwjeýär. Sözenek bilen ejir çekýän gyzjagazlar jyns ýollaryndan köp mukdarda nemiň gelmegine arz edýärler. Näsaglar gijilewüge, daşky jyns agzalarynda awuşama arz edýärler. Käbir näsaglarda (10%) dizurik bozulmalar anyklanylýar. Proktitler subýektiw alamatsyz geçýärler. Umumy ýagdaýy üýtgänok, seýrek ýagdaýlarda gaharjaňlyk, gowşaklyk, işdäsiniň peselmegi, deri örtüginiň solaklygy bolup biler.

Sözenek 95% gyzjagazlarda täze döwründe, diňe 5%-i dowamly görnüşde anyklanylýar. Täze sözenek 70% näsaglarda ýiti akymly, seýrek ýagdaýda (20% gyzjagazlarda) sowuklama

hadysasy ýiti asty geçişli, 10% näsaglarda alamatsyz ýa-da torpid geçýär.

Ýiti sözenekli sowuklama hadysasy aýdyň giperemiýa we daşky jyns agzalarynyň çişi bilen häsiýetlenýär. Çykyndylar – nemli-iriňli, ýaşylymtyl nem köp ýa-da az mukdarda bölunip çykýar. Bölünip çykýan nem uly jyns dodaklarynda guraýar, kä ýagdaýlarda buduň iç ýüzünde, gasyk gasynlarynda we ýamyzda dermatit ýüze çykyp biler. Wulwa gyzaran we çişen, seroz-iriňli nem bölünip çykýar.

Ýiti asty geçişinde genitaliý töweregindäki jerhitleme hadysasy az alamatly geçýär (ojaklaýyn häsiýetli, jynshanadan gelýän nem az mukdarda, dermatit alamatlary ýok). Peşew bölüp çykaryş kanaly üýtgemedik, nem ýok, seroz-bulanyk bölünip çykma.

Sözenegiň torpid geçişinde sowuklama üýtgemeleri peşew çykaryş, jyns agzalarynda anyklanmaýar, diňe waginoskopiýa barlagynda giperemiýa, jynshananyň yzky oýunda köp bolmadyk nemli-iriňli bölünip çykma anyklanylýar. Dowamly sözenek – kesel möwjän döwründe anyklanylýar, ýöne kliniki geçişi boýunça ýiti we ýitiasty sözenekdendan tapawutlanmaýar. Diňe aýry topar näsaglarda dowamly hadysa aktiw dispanser usuly bilen remissiýa döwründe anyklanylýar.

Sözenek bilen kesellän gyzjagazlarda birnäçe ojaklaryň bir wagtda zeperlenmegi laborator anyklanylýar. Hemme ýagdaýlarda diýen ýaly gonokokklar jynshanada anyklanylýar, seýrek däl (90%) ýagdaýda uretrada anyklanylýar. Göni içegäniň zeperlenmegi 18-20% gyzjagazlarda (dowamly geçişinde) duş gelýär. Hökmany bellemeli zat – sözenekde zeperlenme dürli derejeli sowuklama üýtgemeleri bilen häsiýetlenýär.

Uretritler we proktitler köp näsaglarda alamatsyz geçýär we topiki kesel kesgitlemesi laborator gonokokklar anyklanandan soň goýulýar.

Sözenek bilen keselli 40-50% gyzjagazlarda gaýnaglama hadysasyna ýatgynyň boýujygy goşulýar we ol waginoskopiýa arkaly anyklanylýar.

Aralyk döwürde ilkinji sözenekli endoserwisit mäzli dokumanyň ýok ýa-da gowşak ösüşinde seýrek duş gelýär.

Sözenegiň dowamly görnüşinde 8-9 ýaşyndaky we uly gyzjagazlarda has ýygy ýagdaýlarda ikilenji endoserwisit bilen ýüze çykýar. Keseliň geçişi haýal we torpid. Sözenekli serwisitde ýatgynyň boýunjygy çişen, aýdyň giperemirlenen. Serwikal kanal zeperlenende onuň daşky deşiginden nemli-bulanyk ýa-da nemli-iriňli bölünip çykma häsiýetli, ol hem jynshananyň yzky gümmezine lenta görnüşli sallanýar.

Endoserwisit bolanda, gyzjagazlarda seýrek duş gelýän ýokaryk galýan  sözenek barada unutmaly däl.

Gyzjagazlarda ululardaky ýaly gorag hökmünde ýatgynyň ýapyk içki agzynyň ýoklugy, serwikal kanalyň gasynlarynyň ulularda içki agzyna çenli, gyzjagazlarda bolsa ýatgy boşlugyna çenli dowam edýänligi bilen düşündirilýär. Eger zeperlenme ýüze çyksa esasy endometriý zeperlenýär.

Seýrek ýagdaýlarda ýatgy turbalarynyň we çanaklyk brýüşinasynyň jerhitlemesi duş gelýär.

Edebiýatlarda gyzjagazlarda ýokary galýan sözenek ýalňyş – „ýiti appendisit“ kesel kesgitlemesi goýlan ýagdaýlara duş gelinýär. Bu ýagdaýda garnynda agyry, t – 38°C çenli ýokarlanyp biler, kä ýagdaýlarda arzy bolanok. Rektoabdominal barlagda endometritiň alamatlary (agyryly, ýumşagrak ýatgy), gümmeziň we üýtgän ýatgy goşuntgylarynyň agyryly bolmagy bellenýär, bu bolsa çanaklyk brýüşinasynyň goşulandygyna şaýatlyk edýär. Ýokaryk galýan hadysanyň ýüze çykmagynda bedeniň gorag reaksiýasynyň peselmegi uly rol oýnaýar.

Häzirki wagtda gyzjagazlaryň sözenegi seýrek ýagdaýlarda

gaýraüzülmeler bilen geçýär. Agyr ýaýran patologiki hadysalary, ýürek – gan damar, endokrin we beýleki agzalaryň we ulgamlaryň zeperlenmeleri duş gelenok.

Aýry topar näsaglarda bogunlaryň zeperlenmegi toksiko-allergiki häsiýetli bolup, olaryň organiki üýtgemekligi ýok. Artritiň ýeke bir alamaty – agyry we hereketiň çäklenmekligi ýüze çykýar.

Täze we dowamly sözenekde ganyň görkezijileri sähelçe üýtgeýär: EÇT 15-20mm/sag., neýtrofillez, eozinofiliýa.

Anyklanylşy: iriňli nemiň we dizuriýanyň bolmagyna arzylar we şowsuz epidemiologiki anamnez barada maglumat anyklanylyşa kömek berýär. Uly we kiçi jyns dodaklarynyň, jynshananyň girelgesiniň nem bardalary çişen we giperemirlenen. Sözenegiň dowamly görnüşinde ýiti uçly kondilomalaryň ýaýrap ösmegi anyklanýar. Täze ýüze çykan sözenekde waginoskopiýa geçirilende jynshananyň we ýatgy boýunjygynyň nem bardalarynyň gyzarmagy kesgitlenýär. Dowamly sözenekde bolsa jynshananyň nem bardalary solak birnäçe giperemirlenen ojaklary bilen kesgitlenilýär, goşmaça sözenekli uretrit we proktit kesgitlenýär.

Bir ojakda bakteriologiki ýa-da bakterioskopiki taýdan gonokokklar anyklananda keseliň jemleýji kesgidi sözenek diýip aýdylýar. 3-4 gün öň ýany antibiotikler bilen bejergi geçirilen bolsa, jynshana çyrşagynyň barlagynyň netijesi nädogry bolýar. Gonokokklary diňe ýiti ýagdaýda anyklamak mümkinligi sebäpli, torpid ýagdaýda ýa-da dowamly ýagdaýda öjükdirme geçirilýär. Şol sebäpli himiki we biologiki görnüşli öjükdirmeler geçirilip, 24, 48 we 72 sagat wagtyň dowamynda bakterioskopiýa barlagy geçirmek üçin çyrşaklar alynýar. Pubertat döwründe bolan gyzlarda aýbaşynyň 2-nji gününden başlap 3 günüň dowamynda çyrşaklar alynýar. Sözenek keseli kesgitlenenden soň näsag hökman deri- wenerologik hassahana iberilýär.

**Genital inçekeseli –**

Dürli ýaşdaky gyzjagazlary dürli ýygylykda zeperleýär.

Bir aýlyk döwründe enäniň we plasentanyň gormonlarynyň aktiw täsiri barlygy netijesinde ýekeleýin genital inçekeseli duş gelýär.

4 ýaşdan 7 ýaş aralygynda jyns gormonlarynyň täsiriniň azlygy sebäpli, inçekesel duş gelenok. 8-18 ýaş aralygynda gyzjagazlaryň bedeninde jyns gormonlarynyň täsiriniň ýokarlanmagy netijesinde genital inçekeseli aýdyň ýokarlanýar.

Kliniki suratynda ýiti başlamaklyk kesele mahsus. Ýetginjek döwründäki genital inçekeseliň kliniki geçişi ulularda geçişinden tapawutlanmaýar. Kesel alamatsyz başlanýar. Agyry sindromy häsiýetli bolup, içki jyns agzalarynda sähelçe üýtgeşme bilen utgaşýar. Hemişelik, biynjalyk edýän garnynyň aşagynda sebäpsiz agyry patologiki hadysasyna brýüşinanyň goşulmagyny aňladýar. Ulurdaky ýaly, ýygy ýatgy turbalary zeperlenýär, olarda produktiw hadysa geçip, brýüşinany gurşap alýar. Seýrek ýagdaýda ýatgy, ýumurtgalyklar, jynshana we daşky jyns agzalar zeperlenýär.

Anyklanylyşy: keseliň kesgidini doly çykarmak üçin hökman birnäçe anyklaýyş usullary utgaşdyrmaly. Kesel gyzjagazalaryň anamnezi mahsus alamatly bolup, şulardan ybarat: häzirki wagtda öýkende ýa-da başga agzalarynda inçe kesel hadysasynyň bolmagy, sowuklama kelleriniň bolmagy ýa-da inçekeselden ejir çekýän adam bilen gatnaşygynyň barlygy. Arzlardan aýratyn özüne üns çekýän - umumy ysgynsyzlyk, gaharjaňlyk, üznüksiz subfibriliteti, ondan başgada iç gatama, meteorizm bolmagy. Rektal barlagy geçirilende uly aýallardan aýratynlykda gyzjagazlaryň ösüntgilerinde uly we dykyz emele gelmeler anyklanmaýar. Köp halatlarda emele gelmeler agyrsyz we sowuklama garşy bejergilere ukypsyz bolýar. Gimeniň

süýnmekligi gowy bolsa gisterosalpingografiýa barlagyny geçirip bolýar we suratda inçekesele mahsus bolan ýatgynyň konturlary anyklanýar. Ýatgynyň boşlugyndan aspirat alynýar we sitologiki taýdan barlanýar. Aspiratda mahsus öýjükler tapylýar. Kohuň barlagyny geçirmek üçin deriasty 20 TE tuberkulin göýberilýär. Kesel gyzjagazlarda bu barlag geçirilenden soň umumy gowşaklyk, garnyň aşagynda güýçli agyrylaryň emele gelmegi, bazal gyzgynyň ýokary galmagy we jyns ýollardan ganjymagyň gelmegi ýaly alamatlar ýüze çykýar. Seýrek ýagdaýlarda anyklaýyş maksady bilen laparotomiýa geçirilýär.

## Wulwowaginitleriň bejerilişi

Wulwowaginitleriň mahsus bejergisi keseliň sebäbine bagly bolup durýar. Mikroskopik we bakteriologik barlag döwründe hemme gyzjagazlara doly netije alynýança, ösümlik serişdelerinden (çopantelpek, bidenek, çereda) oturylýan wannalary bellenýärler we daşky jyns agzalaryna gaýnadylan we süzülen ösümlik ýagy çalynýar. Sebäbi anyklanandan soň degişli bejergi geçirilýär.

Trihomonadaly wulwowaginitde ýerli we umumy täsirli bejergi geçirilýär. Hökman arassaçylyk düzgünini saklamaly. Goşmaça berhize seretmeli, esasy uglewod saklaýjy iýmitleri we gyjyndyrýan tagamlary aýyrmaly. Umumy täsirli serişde (flagil, trihopol, tinidozol.) ýaşyna görä bellenilýär: 3-5 ýaşda – 125 mg 3 gezek günüň dowamynda, 10 ýaşdan uly gyzjagazlarda – 250 mg 2 gezek günüň dowamynda. Bejergi 8-10 güniň dowamynda geçirilýär. Soňky ýyllarda tiberal (ornidazol) derman serişde trihomoniazy bejermekde üstünlikli ulanylýar. Tiberal çaganyň her 1kg agramyna 25 mg -dan hasaplanyp, bir sapar bellenilýär. Ýerli bejergide degişli umumy täsirli serişdeler bilen sepilýän külke (poroşok) görnüşinde instillýasiýalary geçirmeli.

Trihomoniazyň bejergisinde ýerli bejergi häzirki wagtda ikilenji orny eýeleýär. 8-10 ýaş aralygyndaky gyzjagazlara 7 günüň dowamynda 1-2 ml 2,5% nifazolyň suspenziýasy jynshana goýberilýär (1% iýmit sodasy bilen ýuwulandan soň). 3 ýaşa çenli jynshana günde 7 günüň dowamynda 1ml 1% metilen gögüň ergini goýberilýär, soňra 7 günüň dowamynda balyk ýagy bellenilýär.

Trihomoniaz bilen keselli çagalar çagalar bagyna gutulýança goýberilmeýär. Çaga sagalan ýagdaýynda çaga edaralaryna göýberilýär. Onuň sagalandygyna göz ýetirmek üçin, yzygiderli günaşa 3 sapar çyrşak alynýar we bakterioskopiýa barlagy geçirilýär.

Sözenegiň bejergisi hökman utgaşan bolmaly. Bu bejergi waksinoterapiýadan, antibiotikoterapiýadan, witaminoterapiýadan, umumy berkidiji terapiýadan we desensibilizirleýji terapiýadan durýar. Hökmany ýerli bejergileri geçirmeli. Uly aýallara garanyňda çagalarda fiziobejergiler keseliň irki döwürlerinde geçirilmeýär. Bejergi çäreler hökman hassahanada geçirilmeli we ýatymlaýyn düzgün saklanmaly. Sözenegiň ýiti derejesinde benzilpenisillin bellenýär, umumy ortaça mukdary 2-4 mln. az bolmaly däl. Serişde 50.000-200.000 birlikde gijegündiziň dowamynda her 4 sagatdan geçirilýär. Antibiotiklerden ekmonowosillini, lewomisetini, hlortetrasiklini ulanmakdan ýagşy tejribeler bar. Soňky ýyllarda häzirki zaman antibakterial serişde rosefin (seftriakson) sözenek keseliniň bejergisinde ýokary täsirli hasap edilýär. Ol bejeriş we umumy mukdarynda - 250mg bir wagtynda bellenilýär. Antibiotikleri göterip bilmedik ýa-da položitel täsiri bolmadyk ýagdaýynda sulfanilamidler bellenilýär. Ýerli bejergiler: ýiti döwürde arassaçylyk çäreler, çopan telpek oty bilen her gün 15 minutdan günüň dowamynda 2-3 sapar 4-5 gün oturylýan wannoçkalary etmeli. Sözenek

keseliň torpid we dowamly görnüşinde ýa-da antibiotik derman serişdeleri bilen bejergileri täsirsiz bolan ýagdaýda gaýtadan bejergiler waksinoterapiýadan başlanýar. Şol wagtda peşew çykaryjy kanalyň daşky agyzjygyndana 0,5%-2%-li protargolyň ergini bilen 3-4 gezek instillýasiýany geçirmeli. Göni içege zeperlenen ýagdaýda göni içegäniň içine her gün 1-3%-li 10-20 ml protargolyň ergini göýberilýär 5-6 günüň dowamynda.

Kliniki hadysasy kadalaşdyrylandan soň we çyrşaklar öjükdirmeden soň kadaly bolsalar, keselden saplanandygy subut edilýär. Öjükdirmeler her 10 günden 3 sapar geçirilýär. Mekdepde okaýan gyzjagazlarda sözenek keselli bejergilerden soň hassahanadan çyklarýarlar. Kiçi ýaşly gyzjagazlary bolsa hassahanada 1 aýa çenli saklaýarlar. Sözenek keselliň torpid we dowamly görnüşlerinde gözegçiligi 1,5 aýa çenli uzaldylýar. Sözenegiň emele getirýän ojagy anyklanmasa onda gyzjagaz 6 aýa çenli dispanser gözegçiliginde bolýar. Mekdebe birinji gözegçiliginden soň göýberilýär.

Jyns agzalarynyň inçekeseliniň bejerilişi başga agzalardaky inçekeseliň bejergişinden tapawudy ýok. Esasy orny antibakterial bejergi tutýar: PASK, tubazid, streptomisin we başgalar.Jyns agzalaryň inçekeselinden ejir çekýän gyzjagazlar uzak wagtlap çaga ginekolog we ftiziatr lukanlaryň gözegçiliginde bolmaly.

Mikotik wulwowaginitleri bejermek üçin umumy täsirli serişdelerden nistatin, klotrimazol, flýukonazol peýdalanýar. 3 ýaşa çenli gyzjagazlara nistatin 100 müň birlikden 3 gezek günüň dowamynda 7-10 gün, orta ýaşly gyzjagazlara 250 müň birlikden 2-3 gezek günüň dowamynda 10 gün. Iýmitden uglewoda baý iýmitler aýrylýar. Ýerli serişde hökmünde 1% iýmit sodasy ýa-da 2% bor turşulygy bilen jynshanany ýuwmak bellenilýär. Wannoçkadan soň wulwanyň nemli bardasyna, jynshananyň girelgesine, deriniň zeperlenen ojaklaryna

Kastellani garyndysyny ýa-da 1-2% göwher ýaşylyny çalýarlar. Jynshana 1-2 ml 20% buraly gliserin, waginal nistatin taýajyklary ulanylýar.

Gurçuk wulwowaginitde gurçuga garşy bejergi geçirmeli we şahsy gigiýenany reinwaziýanyň öňüni alyş çäresi hökmünde berjaý etmeli.

Sowuklama hadysasyny aýyrmak üçin oturylýan wannoçkalar (çopantelpek, bidenek, çereda), furasillin bilen (1:5000) jynshanany ýuwmaklyk, soňundan 1-2 ml ösümlik ýagyny çalmak bellenilýär.

Hörezekli wulwowaginitde mahsus bejergi geçirilýär. Jynshana eroziýalary gowy bejerýän sereşdiler goýberilýär (streptosidli, sintomisinli emulsiýa).

Strepto-stafilokokkly wulwowaginitde umumy gurplandyryjy ýerli bejergi bilen utgaşdyrylýar. Eger kesel basyk ýa-da täjihorazdan soň ýüze çyksa, onda, ýaşyna görä, antibiotikler bellenilýär. Ýerli bejergi: 8-10 gün furasillin (1:5000) bilen jynshanany ýuwmak. Jynshana sulfadimezinli (0,3-0,5g) ýa-da norsulfazol (0,3g) taýajyklary, 1-2% streptosid emulsiýasy goýberilýär. Bejerginiň netijeliligi ýok bolsa, monomisin instillýasiýasy 350000 birlik möçberde 4-5 ml distillirlenen suwda 10-15 günüň dowamynda geçirilýär. Geçirilen bejergiden soň jerhitleme aýrylmasa, onda 7 günüň dowamynda jynshana 1-2 ml ösümlik ýagy ýa-da balyk ýagy goýberilýär.

Jynshanada del jisim anyklananda ony aýyrmaly, soňra furasillin ergini bilen (1:5000) ýuwmaly we jynshana streptosid emulsiýasyny goýmaly.

Bejergiden soň jynshananyň nemli bardasyna baha bermek üçin gaýtadan waginoskopiýa geçirilýär.

Başga agzalarynyň we ulgamlarynyň keselleri bilen ejir çekýän wulwowaginitli gyzjagazlary bejermek umumy bedeni berkitmäge gönükdirilen bolmaly.

# VI Bap

## Gyzjagazlaryň jyns agzalarynyň dömme keselleri

### VI.1. Endometrioid geterotopiýalar

“Endometrioz” we “endometrioid geterotopiýa” termini bu patologiki ýagdaý bolup, endometriýanyň gurluşyna we funksiýasyna meňzeş dokumanyň ýatgynyň nemli bardasynyň çäginden daşda ýerleşmegine – ösmegine aýdylýar. Endometrioz giňden ýaýran ginekologiki kesellere degişlidir.

Ginekologiki keselleriň arasynda endometrioz genitaliniň jerhitleme kesellerinden we ýatgynyň miomasyndan soň üçünji ýeri eýeleýär diýip hasaplanýar.

Ýerleşýän ýeri boýunça endometrioz 2 topara bölünýär:

1. Genital – içki we daşky;
2. Ekstragenital.

Endometrioid geterotopiýa ýatgynyň diwarynda ýerleşse içki endometrioz ýa-da adenomatoz, başga jyns agzalaryndan tapylsa daşky endometrioz diýilýär.

Ekstragenital topara – içegäniň, retroserwikal kletçatkanyň, peşew haltanyň, garnyň öňki diwarynda operasiýadan soňky tyg yzynyň, buduň myşsasynyň, böwregiň, öýkeniň, gözüň konýuktiwasynyň we ş.m. endometriozy degişlidir.

Endometriýanyň ýerleşýän ýeri boýunça esasy bölegini genital (92-94%) we seýrek ýagdaýda ekstragenital endometrioz (6-8%) tutýar.

Endometrioz ýumurtgalyklaryň işine we funksiýasyna täsir edýär we sazlaşdyrýan gipotalamo-gipofizar ulgamynyň täsiri netijesinde endometrioz ojagynda ýatgynyň nemli bardasyndaky üýtgemelere meňzeş sikliki üýtgemeler bolup geçýär. Näsagyň bedeninde endometriozyň birnäçe ojagy dörände (içki we daşky genital, şeýle hem ekstragenital) olardaky sikliki üýtgeşmeler birmeňzeş bolmaýar. Bu endometrioz ojagynyň gelip çykyşynyň dürliligini aňladýar, ýagny içki endometrioz endometriýanyň bazal gatlagyndan emele gelýär we endometriýanyň funksional gatlagyndan emele gelýän daşky genital we ekstragenital endometrioz bilen deňeşdireninde sikliki üýtgemä az sezewar bolýar. Makroskopiki endometrioz düwüni gyralary nädogry infiltrat, käwagt gemorragiki ýa-da goýy-goňur reňkli suwuklyk bilen doldurylan kistoz emele gelme görnüşinde bolýar. Düwünleriň diametri dänäniň ululygyndan birnäçe santimetre çenli bolýar. Konsistensiýasy gaty, bu bolsa ojagyň töwereginde we endometrioz höwürtgesinde infiltratiw tygly üýtgemeleriň emele gelýänligine şaýatlyk edýär. Endometriozyň gistologiki gurluşy mäzli endometriýa meňzeş epiteliýanyň we sitogen stromanyň garyşyp gelmegi bilen häsiýetlenýär. Endometriýaly mäzler hem turba, şahalanýan ýa-da ownuk kistoz giňelen boşlukly bolýar we birhatarly silindriki ýa-da kubiki epiteliý bilen örtülendir. Käbir epitelial öýjüklerde kirpijikler bolýar.

Endometriozyň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri hem onuň töwereginde birleşdiriji kapsulanyň ýoklugydyr, ýöne endometriozyň kistoz görnüşinde (ýumurtgalyklar, öýken zeperlenende) halkalaýyn aýbaşy görnüşli gan öýmeler we sowuklama reaksiýa netijesinde birleşdiriji kapsula ýa-da fibroz dokuma döräp biler.

Endometriozyň indiki aýratynlygy bolsa, töweregindäki agzalarda we dokumalarda destruksiýa döretmek bilen infiltratiw ösüşe ukyplylygydyr, bu bolsa endometriýanyň fermentatiw

işjeňligini, lipolitiki we tripolitiki fermentleri öndürmäge bolan ukybyny görkezýär.

Diatermohirurgiki we radikal däl usul bilen endometrioz ojagynyň aýrylmagy onuň öňküden beter ösmegine getirýär.

Endometrioz gematogen we limfogen ýollary arkaly ýaýramaga (metastaza) ukyplydyr. Genital we ekstragenital endometriozyň howply döremä öwrülmegi islendik ýaşda bolup biler. Aýratyn hem stromal endometrioz howply döremä ýykgynlydyr. Endometrioz köplenç genitaliniň onkologiki, jerhitleme keselleri, ýatgynyň miomasy bilen bilelikde duşýar. Täze pikirlere görä endometriozyň döreýşini düşündirýän birnäçe teoriýalar bar:

1. Kiçi ýaşda endometriozyň köp duşmagy embrional we dizontogenetiki teoriýa ünsi çekýär. Belli bir konstitusional neslegeçijilik aýratynlygy we embriogeneziň bozulmagy netijesinde dogabitdi endometrioz döreýär, köplenç irki (menarhe başlanda ýa-da aýbaşynyň ilkinji ýylynda) we agyr kliniki alamatlar bilen häsiýetlenýär. Embrional teoriýanyň esasynda endometrioz düwünçegiň garyşyk bölejiklerinden emele gelýär we netijede şol bölejiklerden endometriý döreýär.

2. Endometrial teoriya laýyklykda endometrioz endometriýanyň limfogen, gematogen we myşsa süýümleriniň arasy bilen miometriýa inwaziýasy döreýär, bu bolsa endometriýanyň yzyna gaýdyş (retrograd) ýol bilen ýatgy turbasyndan aýbaşy gany bilen geçip ýumurtgalykda, garyn perdesinde we duglas boşlugynda endometriozyň implantirlenmegine – ornaşmagyna getirýär (daşky endometrioz).

Ýatgy diwaryna endometriýanyň ösmegine jyns gormonlarynyň deňagramlylygynyň (balansynyň) bozulmagy we hirurgiki operasiýalar ýardam berýär.

Endometriýanyň hirurgiki şikesiniň esasynda ýatgynyň

nemli bardasynyň bölekleriniň gana, limfa, düşmegi we beýeki dokumalara,agzalara ýaýramagy bolup geçýär.

3. Metaplastiki teoriýa – endometriozyň döremegini embrional brýuşinanyň we beýleki selomiki epiteliýanyň metaplaziýasy bilen düşündirýär. Pubertat döwürde geçirilen çaga ýokanç keselleri gipotalamusyň, gipofiziň, ýumurtgalyklaryň dürli zynjyrlaryna täsir edip, ýumurtgalyklarda we ýatgy reseptorlarynda degeneratiw üýtgemeleriň döremegine getirýär. Emele gelen gormonal ýagdaý endometriod geterotopiýanyň esasy bolup biler.

Häzirki döwürde endometrioz ektopirlenen endometriýanyň disgormonal giperplaziýasy hökmünde seredilýär.

Alamatlary: ýatgy (içki) endometriozy, adenomatozy genital endometriozyň arasynda has ýygy duş gelýänidir. Şu jähtden keseliň has wajyp alamatlary:

1. Aýbaşynyň dowamlylygy artýar, gan köp ýitirilýär (giperpolimenoreýa).

2. Aýbaşy wagty we öňünden agyry bolmagy (algomenoreýa).

3. Ýatgynyň göwrüminiň aýbaşy wagty ulalmagy we aýbaşy gutarandan soň kiçelmegi.

Dogabitdi endometriozly näsaglarda algodismenoreýa menarhe bilen başlanýar we ilkinji iki-üç ýyllynda agyry güýjäp has aýdyň ýüze çykýar.

Ýumurtgalyklaryň endometriozynda hem agyry garnyň aşagynda we bil guýmaç töwereginde bolup, çekiji häsiýetli bolýar, aybaşy gelýän wagty agyry has güýçlenýär. Retroserwikal endometrioza garaňda agyry az intenziwli bolyar. Kistanyň diwarynyň mikroperforasiýasynda (deşilmeginde) we kistanyň düzüminiň garyn boşlugyna dökülmeginde agyrylar güýçli bolýar we“ýiti garýn” alamatlary ýüze çykýar.

Ýumurtgalyklaryň endometrioid kistasynda elmydama sepleşmeler emele gelýär, bu bolsa içegäniň we peşew haltanyň isiniň bozulmagyna getirýär (iç gatama, dizuriki ýagdaý). Ýumurtgalyklaryň kistasy bolan näsaglarda köplenç subfebril gyzgyn, üşütme, eritrositleriň çöküş tizliginiň ýokarlanmagy, leýkositoz ýüze çykýar.

Ýumurtgalyklaryň endometriozynda garnyň aşagynda hemişelik bolmadyk agyry döreýär, käwagt ol aýbaşy bilen gabat gelýär. Ýatgy turbalary el barlagynda (palpasiýada) týaz görnüşinde, gatan, galňan bolýar.

Jynshanadaky, retroserwikal ýa-da peşew-halta-jynshana aralygyndaky endometriozda aşakdaky alamatlar bolýýar:

- garnyň aşagynda we bilde çekiji agyry, agyry aýbaşydan öň güýçlenýär we jynshana, göni içegä, ýamza, daşky jyns agzalaryna we köplenç buda ýaýraýar (irradiasiýa bolýar).

- defekasiýanyň (uly täretiň) kynlaşmagy, endometrioid dokumanyň göni içegäniň diwaryna ösmegi netijesinde iç gatamak we aýbaşy wagtynda täretiň gan gatyşykly bolmagy ýüze çykýar. Peşew haltanyň endometriozynda garnyň aşaky böleginde we çanaklygyň içinde agyry duýgusy peýda bolýar, ol aýbaşydan öň we aýbaşy wagty güýçlenýär. Bulardan başga-da şol wagt agyryly, çalt-çalt buşukmaklyk ýüze çykýar.

Ähli endometriozlardan ýatgy boýunjygynyň endometriozy az kem agyryly geçýär. Näsagyň häsiýetli arzy aýbaşydan öň we soň öz-özünden ýa-da kontakt sebäpli döreýän goňur ýa-da ganjymak nemiň bolmagy, nem örän az mukdarda bolýar. Agyry diňe ýatgy boýunjygynda endometriozyň köp bolmagy sebäpli serwikal kanalyň atreziýasynda döreýär.

Göbegiň, garnyň öňki diwarynyň operasiýadan soňky tygzynyň endometriozynda ýerli infiltratyň döremegi we aýbaşydan öň, aýbaşy wagty şol ýeriň gögümtil bolmagy

häsiýetlidir. Käwagt aýbaşy wagty endometrioid emele gelmeden ganjymak nem çykýar.

Endometriozy anyklamak käwagt kynçylyk döredýär. Hökmany suratda aýbaşy halkasy bilen bagly, ýokarda agzalan alamatlary, aýbaşydan öň we aýbaşy wagty agyrynyň güýçlenmegini, dürli fazalarda ýatgynyň ulalmagyny, aýbaşydan öň we soň garamtyl-goňur nemiň gelmegini göz öňünde tutmaly. Goşmaça barlag usullaryndan gisteroskopiýa, laparaskopiýa, rektoromonoskopiýa, irrigoskopiýa, sistoskopiýa we ş.m. barlaglary gyzlarda geçirilýär.

Bejergi: endometriozyň bejergisi toplumlaýyn bolup, olar gormonal, jerhitlemä garşy serişdeler, hirurgiki usul, käbir ýagdaýlarda bolsa şöhle bejergisi bolmalydyr.

Kliniki alamatlary işjeň däl endometriozly näsaglar yzygiderli gözegçilikde bolmalydyrlar. Endometriozy gormonal bejergiden başlamak has maksada laýyk hasap edilýär. Soňky döwürlerde estrogen-gestagen serişdeler giňden ulanylýar. Derman serişdeleri tapgyrlaýyn bellenilýär (3 aý içmeli, 1 aý dynç, 3 aý içmeli 1aý dynç), ýagny her aý 21 günüň dowamynda. Bejergi 9-12 aýyň dowamynda geçirilýär. Keseliň agyr görnüşinde näsaglara dermany 5-6 aýlap yzygiderli bellemeli we aýbaşydan öň we aýbaşy wagty dermanyň mukdaryny ýokarlandyrmaly (3-5 tab çenli), soň ýuwaş-ýuwaşdan peseltmeli.

Gormonal bejergi bilen bilelikde sorujy emleri (ýylylyk ulanmazdan) kaliý ýod, lidaza bilen elektroforez, ultrases ulanylýar.

Geçirilýän konserwatiw bejerginiň netijesiniň oňaýsyz bolmagy (näsagy gan azlyga getirýän gan akma, durnukly agyry alamaty), gormonal bejergini kabul edip bilmezlik endometriozy hirurgiki usul bilen bejermeklige görkezme bolup durýýar. Gyzlarda aýbaşyny, geljekde reproduktiw funksiýany saklamak maksady bilen konserwatiw-plastiki operasiýalar geçirilmeli.

Operasiýadan soňky döwürde gaýtadan döremekligiň (residiwiň) öňüni almak maksady bilen sintetiki progestinleri gysga arakesmeli tapgyr boýunça (3-4 aýyň dowamynda) 1-2 ýylyň dowamynda bellenilýär.

Toplumlaýyn bejergi: desensibilizirleýji serişdeleri, spazmolitikleri, anaboliki steroidlary, endometriozyň döremegine getirýän sepleşme ýagdaýlary aýyrmak maksady bilen geçirilýän fiziki usullary (iodly, lidazaly ronidazaly, himotripsinli elektroforez we ş. m) ulanylýar.

Endometriozly näsaglarda gipotalamo-gipofizar-ýumurtgalyk ulgamynyň funksiýasynyň üýtgemeginde gyzlarda aýbaşy funksiýasynyň dikelen döwri ýokanç toksiki keseller belli bir orun tutýar. Şol sebäpli endometrioz bilen kesellemegi azaltmak üçin geçirilýän öňüni alyş çäreleri pubertat döwürde hroniki ýokançlaryň ojaklaryny ýok etmeklige we öňüni almaklyga, ýokanç keselleri, algomenoreýany, nerw-psihiki dartgynlygy bejermeklige, abortyň öňüni almaklyga gönükdirmeli. Bulardan başga-da genitaliýalaryň jerhitleme kesellerini ir we dogry bejermek hem endometrioz bilen keselleýjiligi peseltmeklige getirýär.

## VI.2. Ýumurtgalyklaryň çişleri

Gyzjagazlaryň jyns agzalaryny zeperleýji faktorlar embriogenez döwründe ýüze çykyp biler we şonda olar agyr ösüş kemçiliklerine getirýär. Zeperleýji faktorlar göwreliligiň soňky möhletinde täsir edende dürli dürli agzalaryň we olaryň funksiýalarynyň ösüş emele gelmeginiň bozulmagy ýüze çykýar.

Jyns ulgamynyň funksiýasynyň ösüş emele gelmegi üçin ontogeneziň antenatal döwrüniň 32-34 hepdelik möhletleri kritiki döwri bolup durýar. Aýal jyns agzalaryna antenatal ýaramaz täsiriniň mese-mälim mümkinçiligini göz öňüne tutup, enäniň

dürli endokrin keselleri, şeýle-de göwrelilik döwründe ekzogen gormonlaryny (dietilstilbestrol we beýl.) ulanmagy (uzak wagtyň dowamynda we uly möçberde) postnatal döwürde gyzjagazlarda jyns agzalarynyň çiş hadysasynyň (jynshanada giperplastiki hadysalar, ýumurtgalyklaryň çişleri) döremegine getirip bilýär. Gyzjagazlarda jyns agzalarynyň çişiniň uly ýaşdaky aýallardan seýrek duş gelýändigine garamazdan, olarda kesel agyr geçýär we ölümçilik göterimi uly ýaşdakylardan has ýokary. Uly ýaşdaky aýallarda çişiň geçişi howpsyz bolsa, gyzjagazlarda olar köplenç howply ýagdaýa geçýärler. Emele gelmeleriň hemme görnüşleri, hatda retension kista hem gyzjagazlarda çalt ösýär. Çaga bedeni üçin häsiýetli bolan dokumalaryň çalt ösmegi çişlere hem geçýär. Muňa getirýän ýagdaýlar: gormonal korrelýasiýanyň güýçliligi, adenogipofiziň işjeňligi, ösüş gormonynyň täsiri, gowy damar üpjünçiligi, okislenme hadysalaryň ýokary işjeňligi, antenatal döwrüniň ösüşi bilen bagly bolan taýýarlyk.Ýumurtgalyklaryň çişleri islendik ýaşlylarda duş gelýär, ýöne täze doglan bäbeklerde we emdirilýän ýaşdaky çagalarda bu patologiýa örän seýrek bolýar.Ýumurtgalyklaryň çişleri çagalaryň we ýetginjekleriň 10-16 ýaşlaryna çenli döwründe, ýagny bedende gormonal üýtgeşmeleriniň has aýdyň bolýan jyns taýdan ýetişmeklik döwründe duş gelýär.

Çaga we ýetginjek ýaşyna ýumurtgalyklaryň çişleriniň aýratyn gistologiki görnüşleri häsiýetli. Köplenç bir ýa-da 3 embrional ýapragyndan emele gelýän germinogen çişleri duş gelýär. Epitelial çişleri çagalarda örän seýrek bolýar. Çagalyk döwrüniň çişleriniň aýratynlyklary:

1. Ulular bilen deňeşdirilende gistologik görnüşleriniň azlylygy.

2. Çişleriň 2 sany topara bölünmegi:

a) ýönekeý retension kistalar (follikulýar we lýutein);

b) hakyky çişler – kistomalar (silioepetilial, psewdomusinoz, teratoid çişleri, disgerminomalar), gormon bölüp çykarýan çişler: granulýoz öýjükli (follikulomalar), tekomalar (tekoblastomalar), androblastomalar.

## Ýumurtgalyklaryň retension kistalary

**Klinikasy.** Bu emele gelmeler hakyky çişlere degişli däl, olary seýrek bolmadyk halatlarda çiş emele gelmeler ýa-da retension emele gelmeler diýip atlandyrylýar. Olar follikulýar suwuklygynyň bölünip çykmagynyň saklanmagy (retentio-saklanma) netijesinde döreýär. Retension kistalar ýetginjeklerde we jyns taýdan ýetişmeklik döwründe döreýärler we olar ýumurtgalyklaryň gipotalamo-gipofiz regulýasiýasynyň bozulmagynyň netijesi bolup durýarlar.

Ýumurtgalyklaryň retension kistalary (follikulýar we lýutein) ýuka we tekiz diwarly emele gelme bolup, olaryň ölçegi 3-4 sm-den uly bolmaýar. Retension kistalar aýbaşy işiniň bozulmagyna getirýär (ýuwenil gan akma), bu gaýraüzülme ýygy duş gelýär, seýrek ýagdaýlarda olar garnynda agyrynyň bolmagynyň sebäbi bolup durýarlar.

**Bejerilişi:** Retension kistalar hirurgiki bejergini talap etmeýärler. Olar öz-özünden aýrylyp hem bilýärler. Diňe seýrek ýagdaýlarda retension kistalaryň aýajygynyň towlanmagy netijesinde hirurgiki bejergini geçirmeklik zerurlygy ýüze çykýar.

## Ýumurtgalyklaryň hakyky çişleri. Kistomalar

Kistomalar hakyky çişdir – hakyky proliferirlenýän emele gelme.

Ýumurtgalyklaryň hakyky çişleri ýaşlyk döwründe howpsyz we howply bolup bilýärler.

## Kistomalar

Gyzlarda ýumurtgalyklaryň kistomalaryň ikisi hem duş gelýär – silioepitelial (seroz we papillýar) we psewdomusinoz kistomalary, we olaryň görnüşleri. Ýöne gyzlarda olar uly ýaşdaky aýallar bilen deňeşdirilende seýrek duş gelýärler. Silioepitelial seroz çişleri psewdomusinoz çişlerinden ýygy duş gelýärler. Gyzjagazlarda ýumurtgalyklaryň çişleri köp halatda bir taraplaýyn bolýarlar we olar 10 we ondan ýokary ýaşdaky gyzjagazlarda duş gelýärler.

## Silioepitelial çişleri

Silioepitelial çişleri seroz (ýuka diwarly) we papillýar (gabygynyň üstünde emzik şekilli ösüntgileri) görnüşlere bölünýärler.

Seroz  kistomalar birtaraplaýyn, birkameraly, uly ölçeglere hem ýetip bilýärler. Çiş ulalanda garnynyň ulalmagy ýüze çykýar, goňşy agzalaryň gysylma alamatlary peýda bolup biler. Barlag geçirilende ýatgynyň gapdalynda ýa-da yzynda ýerleşen üsti tekiz dykyzelastiki çiş tapylýar.

**Bejergi operatiw:** çişiň aýrylmagy.

Papillýar (emzik şekilli ösüntkili) kistomalar köplenç halatda ikitaraplaýyn. Emzijekleriň ýerleşişine baglylykda olar inwertirleýji (emzijekler diňe çişiň içinde), ewertirleýji (emzijekler çişiň diňe daşynda) we garyşykly (emzijekleriň gabygyň iç we daş ýüzünde ösmegi) görnüşlerine bölünýärler. Kähalatda, mikroskopiki barlag geçirilende öýjükleriň dürliligi anyklanylýar. Şeýle kistomalar proliferirlenilýan diýip atlandyrylýarlar we köplenç halatda olar howply çiş keseline öwrülýärler. Papillýar kistomalar, esasanam önelge ýaşdaky aýallarda ýygy duş gelip, olar üçin ýumurtgalyklaryň ikitaraplaýyn zeperlenmegi, garyn

boşlugynda papillýar ösmäniň bolmagy, kiçi çanaklykda sepleşme hadysasynyň we assitiň bolmagy häsiýetli.

Keseliň kesgitlemesi ginekologiki barlag usullarynyň geçirilmegi arkaly goýulýar.

**Bejergi operatiw.** Gyssagly sitoanyklaýyş operatiw bejerginiň göwrümi baradaky soragy çözmeklige mümkinçilik berýär.

## Psewdomusinoz kistoma

Psewdomusinoz kistoma – howply däl epitelial, köplenç birtaraplaýyn, köpkameraly gurluşly bolmagy sebäpli üsti tekiz däl ciş. Uly ölçegde hem bolup bilýär. Çişiň boşlugynda nem şekilli suwuklyk – epiteliýanyň bölüp çykarýan sekreti bolan musin saklanylýar.

Alamatlary, geçişi: garnynyň aşaky böleginde agyry, agyrlyk duýgusy, goňşy agzalaryň işjeňliliginiň bozulmagy häsiýetli.

Keseliň kesgitlemesi ginekologiki barlag usullarynyň geçirilmegi arkaly goýulýar.

Bejergi operatiw: zeperlenen ýumurtgalygy aýyrmak.

Ýumurtgalyklaryň kistalarynyň we kistomalarynyň gaýraüzülmeleri

Kistanyň we kistomanyň aýajygynyň towlanmagy esasanam uzyn aýajykly bolan hereketli emele gelmelerde döreýär. Kistanyň we kistomanyň aýajygynyň towlanmagy gyzjagazlarda uly ýaşdaky aýallardan tapawutlylykda ýygy duş gelýär. Ýaşynyň topografo – anatomiki aýratynlyklary bilen düşündirilýär (ýatgynyň kiçi ölçegleri, ýumurtgalyklaryň otnositel ýokarda ýerleşmegi, çiş bilen doly peşew haltanyň aragatnaşygynyň amatsyz ýagdaýda bolmagy). Çişleriň aýajyklarynyň towlanymagyna täsir edýän daşky faktorlara içiniň gatamagy, peşew haltanyň doly bolmagy, agyr götermek, bökmek, bedeniň çalt öwrül-

megi we şuňa meňzeşler degişli. Ýumurtgalyklaryň çişleriniň aýajyklarynyň towlanmagy bölekleýin, doly we köpsanly bolup bilýär. Ýönekeý kistalar we kistomalar towlanmaga has ukyply. Gaýraüzülmeler we kliniki alamatlar towlanmanyň tizligine we derejesine bagly.

Haýal we doly däl towlanma çişde ganyň durgunlanmagyna, çişiň döremegine, onuň ulalmagyna, hat-da onuň ýarylmagyna hem getirýär. Aýajygyň çalt we köp sapar towlanmagy çişde gan aýlanyşygyny bozýar, intoksikasiýa alamatlary, brýuşinanyň reaksiýasy, infiltratlaryň, sepleşmeleriň emele gelmegi, çişiň iriňlemegi ýaly alamatlary bilen bilelikde dokumanyň işemiýasy we nekrozy döreýär. Kollaps üçin häsiýetli bolan kliniki alamatlary bolýar. Garnynda güýçli agyry döreýär, sowuk der, deri örtüginiň agymtyl reňki, ýurek bulanma, gaýtarma, peritoneal alamatlary peýda bolýar, garny çişýär, palpasiýada agyryly, ýelleriniň we täretiniň saklanmagy ýa-da içiniň geçmegi, Şýotkin-Blýumberg alamatynyň položitel bolmagy, pulsy ýygy, ýumşak, bedeniniň temperaturasy haýal ýokarlanýar. Rektoabdominal barlagynda palpasiýa örän agyryly, çiş aýdyn konturirlenilmeýär.

Çişleriň ýarylmagy (urulma, itergi, ýykylma, lukmanyň gödek barlagy netijesinde) bolup biler. Egerde olaryň saklaýan suwuklygy seroz suwuklyk bolsa, ýyrtylma gaýraüzülme bermeýär; dermoid kista ýarylanda intoksikasiýa döreýär, psewdomusinoz kistomanyň ýarylmagy brýuşinanyň psewdomiksomasyna getirýär. Egerde suwuklygy iriňlenen bolsa, onda peritonit ýüze çykýar.

Kähalatda, çişiň aýajygynyň bilinmän galan towlanmagynda ýa-da çişiň iýmitlenmesiniň bozulmagynda we onuň bölekleýin nekrozynda goňşy agzalary bilen sepleşmeler

emele gelýär, aýratynam, iç ýag we içege bilen. Bu ýagdaýda çiş rektoabdominal barlagynda özüniň daşky görkezmeleri boýunça aýdyň kontury bolmadyk, ýatgy ösüntgileriniň sowuklama çişine meňzeş bolan konglomerat görnüşinde bolýar.

Içege bilen sepleşme dowamly we ýiti içege geçirilmezligini döredýär. Ýçege bilen sepleşen aýajygynyň ýiti towlanmagynda içegäniň towlanmak howpy döreýär.

Gyzjagazlarda ýumurtgalygyň çişiniň aýajygynyň towlanmadyk ýagdaýynda onuň infisirlenilmegi seýrek bolýar. Belli bolşy ýaly, uly ýaşly aýallarda iň ýygy we howply gaýraüzülmeleriň biri çişiň howply ýagdaýyna – ýumurtgalygyň ikilenji howply çiş ýagdaýyna geçmegi bolup durýar. Gyzjagazlarda bu gaýraüzülme örän seýrek duş gelýär.

Ýumurtgalyklaryň germinogen çişlerine teratomalar we disgerminomalar degişli.

Teratomalar.

Ýetişmeklik we differensiasiýa derejesi boýunça ýetişen teratomalary we teratoblastomalary tapawutlandyrýarlar.

## Ýetişen teratoma

**Klinikasy.** Gyzlarda ýumurtgalyklaryň çişleriniň arasynda ýetişen teratomanyň udel ýygylygy ýokary. Bu çiş bir taraplaýyn bolup, çagalarda iki ýumurtgalygyň zeperlenmegi, ulular bilen deňeşdirilende has ýygy duş gelýär. Çişiň diametri 10 smden ýokary bolmaýar. Onuň düzüjileriniň arasynda 3 embrion ýapraklarynyň differensiasiýa önümleri ýygy anyklanylýar: saçlar, dişler, deri, ýag, eňekler, gözleriň embrion ýapraklary, nerw dokumasy we beýlekiler. Çiş tegelek görnüşde, konsistensiýasy gatyrak, seýrek bolmadyk ýagdaýda aýajygy bar. Çişiň giň baglaýjyň arasynda ýerleşmegi seýrek.bolýar. Ýetişen

teratomalaryň malignizasiýa mümkinçiligi ýokary däl. Kliniki alamatlary aýajygynyň towlanmagy ýa-da goňşy agzalarynyň gysylmagy bilen bagly.

## Teratoblastomalar

**Klinikasy.** Teratoblastomalar ýumurtgalygyň täze döremelerinden we sarkomasyndan has howply. Çiş gabygyna çalt ösüp geçýär, brýuşina ornaşýar, brýuşinadan daşky limfa düwünlerine metastaz berýär. Metastazlar gematogen ýoly bilen kelle beýnisine, bagyra, öýkenlere geçýär.

## Disgerminomalar

**Klinikasy.** Disgerminomalar seýrek duş gelýän howply çişdir. Ol gonadalaryň irki ösüş döwründe differensirlenmedik öýjüklerinden hem aýal hem erkek gonadalarynda döräp bilýär. Çişiň ýumurtgalygyň erkek böleginden döreýändigi barada hem düşünje bar. Munuň bilen çişiň beýleki ady düşündirilýär – seminoma. Disgerminoma – bu çiş ýumurtgalygy doly eýeleýär, kähalatda gabygyna ösüp geçýär we töweregindäki dokumalar we agzalar bilen sepleşýär. Ululygy dürli çäklerde bolýar. Köplenç bir ýumurtgalyk zeperlenýär, ýöne iki ýumurtgalygyň hem zeperlenmegi mümkin, onuň ýygylygy 8-12 %. Ýumurtgalyklaryň çişleriniň arasynda disgerminomalar haýal jyns ösüşli infantil gyzlarda has ýygy duş gelýär. Gormonal işjeňlik häsiýetli däl, kähalatda çiş androgenleri bölüp çykarýar we gyzlarda infantilizm alamatlarynyň ösüşine getirýär: daşky jyns agzalarynyň ösüş ýetmezçiligi, ýatgynyň gipoplaziýasy, ikilenji jyns alamatlarynyň ösüşiniň saklanmagy, aýbaşysynyň giç peýda bolmagy ýa-da amenoreýa bolýar. Çiş ýygy duş gelýär we daşlaşan agzalara metastazlary ir berýär. Metastazy

limfa düwünleri boýunça garyn boşlugynyň içindäki agzalara, gursakara agzalara, kelle beýnisine berýär. Jynshana, daşky jyns agzalaryna metastaz bermeýär we olara ösüp geçmeýär.

## Gormon bölüp çykarýan çişler

Bu topary gistogenezi we mikroskopiki gurluşy dürli bolan, gormonal işjeňliligi bolan emele gelmeler düzýärler. Çagalarda granulýoz öýjükli çişler ýygy, tekomalar - seýrek duş gelýärler.

## Granulýoz öýjükli çişler (follikuloma)

**Kinikasy.** Bu çişleriň döremeginde ýumurtgalykda gormonal durnuklylygyň bozulmagy netijesinde granulýoz öýjükleriniň proliferasiýa ojagyndan emele gelmek mümkinçiliginiň bardygy barada bellenip geçilýär. Çagalyk döwründe bu çişiň ýygylygy ýumurtgalygyň çişleriniň arasynda 5% bolup, ol köplenç bir taraplaýyn bolýar. Ululygy giň çäklerde bolýar: kiçi ölçeglerden agramy 8-15 kg bolan uly ölçeglere çenli. Çişiň aýajygy bolup, ýa-da ol giň bagjagazyň gatlarynyň arasynda ýerleşip biler. Geçişi howpsyz, ýöne çalt ölümçilige getirýän howply görnüşleri hem duş gelýär. Granulýoz öýjükli çişleriň öýjükleriniň wagtyndan öň jyns ösüşinde ýüze çykýan aýdyň kliniki alamatlaryny ýola goýýan estrogenleri bölüp çykarmak ukyplylygy bar. Jyns taýdan ýetişenlik ýaşyna ýetmedik çagalarda jynshanadan aýbaşy görnüşde ganly bölünip çykma ýüze çykýar, ýamyzda saçlaryň ösmegi, göwüs mäzleriniň ösmegi, ýatgynyň ulalmagy bolýar. Wagtyndan öň jyns ösüşiniň alamatlary peýda bolýar. Ýetginjek döwürde aýbaşy işjeňligi bozulýar. Çiş aýrylandan soň ýokardaky agzalyp geçilen alamatlar ýitiýär.

## Tekomalar (tekoblastomalar)

**Klinikasy.** Ýumurtgalyklaryň estrogen bölüp çykarýan çişleriň ikinji görnüşi bolup durýar. Gurluşy boýunça fibromany ýatladýar, ýöne kliniki ýüze çykma alamaty tapawutlanýar, sebäbi fibroma gormonal işjeňli çiş däl. Tekomalar ýetginjek döwründen öň has seýrek duş gelýärler we olar howplylygyň kiçi derejesine degişli. Tekomalar kliniki alamatlary boýunça granulýoz öýjükli çişlerden tapawutlanmaýarlar, ýöne teka öýjükleriniň granulýoz dokumasyndan tapawutlylykda estrogen gormonyny köp bölüp çykarýandygyny we olaryň estrogenlere baýdygy barada maglumatlary bilen berkidilen pikirler bar. Çiş bir taraplaýyn, gaty konsistensiýaly, daşynyň gabygy ýok, sary ýa-da hapa sary reňkde, käte has uly ölçegli, hereketli, süýri ýa-da tegelek görnüşli, ýatgynyň yzynda ýa-da gapdalynda ýerleşýär.

## Androblastomalar (erkekleşdirýän çişler)

**Klinikasy.** Androblastomalaryň örän seýrek duş gelýän çişlere degişli. Çiş aýal jyns mäziniň erkek komponentiniň embrional gatyndan – ösüp ýetişmedik tohum kanallardan döreýär. Androblastomalaryň howply ýagdaýa geçmekligi ýygy. Kliniki ýüze çykma alamatlary: defeminizasiýa we maskulinizasiýa. Defeminizasiýa göwüs mäzleriniň, ýatgynyň wagtyndan öň kiçelmegi, aýbaşysynyň azalmagy ýa-da kesilmegi – oligomenoreýa, amenoreýa alamatlarda ýüze çykýar. Maskulinizasiýada aýalyň daş görnüşi erkek sypatyna girýär: saçlaryň erkek görnüşinde ýüzünde we bedeninde ösmegi (girsutizm), sesiniň ýognalmagy, klitoryň gipertrofiýasy bolýar. Bu kliniki alamatlary arrenoblastomalaryň iň aktiw androgenleri – testesterony bölüp çykarýandygy bilen esaslanan, olaryň

täsiriniň netijesinde bolsa defeminizasiýa we maskulinizasiýa alamatlary peýda bolýar. Çiş ýatgynyň gapdalynda birtaraplaýyn ýerleşýär, süýri görnüşde, gaty konsistensiýaly, uly bolmadyk ölçegli, hereketli, agyrsyz bolýar.

Ýumurtgalyklaryň çişleriniň we çiş görnüşli emele gelmeleriniň anyklanyşy.

Birnäçe sebäpler netijesinde anyklaýyş örän kyn. Gyzjagazlarda we ýetginjeklerde ýumurtgalyklaryň çişleri dürliligi bilen tapawutlanýar we her kesel üçin mahsus bolan kliniki alamatlary ýok. Çagalarda ýatgynyň we onuň ösüntgileriniň ýerleşişiniň anatomiki aýratynlyklary (4-5 ýaşa çenli bu agzalar garyn boşlugynda ýerleşýärler) onuň anyklaýşyny  kynlaşdyrýar, çiş kiçi ölçeglerde hem has ýokarda ýerleşip bilýär. Howpsyz çişleriň geçişi çagalarda tapawutlydyr. Esasy arzy garnyň aşagyndaky agyry hasaplanylýar. Ulularyňka garanyňda olar gyzjagazlarda köplenç alamatsyz geçýär, diňe garnynyň ulalmagy ene-atany alada goýýar, lukmana ýüz tutmaga mejbur edýär. Gyzjagazlarda barlag usullary nusga boýunça geçirilýär. Ejesiniň antenatal döwürdäki aýratynlygy barada berýän maglumatlaryny goşmak bilen anamnezi anyklanylýar. Umumy seretmekligiň keseliň kesgidini goýmaklykda uly ähmiýeti bar, çişleri garyn diwarynyň üsti bilen palpasiýa edip bolýar. Gyzjagazlar barlananda rektal-garyndiwar barlagyny geçirmeklik hökmandyr, bu usul lukman tarapyndan inkär edilse anyklanyş ýalňyşlyklara ýol berilýär. “Ýiti garyn” alamatlary ýüze çykanda kistanyň we kistomanyň aýajygynyň towlanmagynyň mümkinçiliginiň bardygyny bilmelidir. Çişiň we çiş görnüşli emele gelmäniň anyklanylyşynda goşmaça barlag usullary ulanylýar: garyn boşlugynyň rentgenoskopiýasy, ultrases barlagy, içegeleriniň, aşgazanyň rentgenografiýasy, kähalatlarda piýelografiýa we sistoskopiýa. Anyklamasy kyn

ýagdaýlarda pnewmoperitoneum şertlerinde rentgenografiýa, hatda anyklaýyş laparotomiýa hem ýerine ýetirilýär.

Tapawutlandyryş anyklanylşy. Ýumurtgalyklaryň çişlerini aşakdaky keseller bilen differensirlemeli: appendisit, distopirlenen (nädogry ýerleşen) böwrek, ýatgynyň çişi.

Bejerilişi. Ýumurtgalygyň her bir hakyky çişi hirurgiki usul bilen aýrylmalydyr. Gyzjagazlary we ýetginjekleri ýumurtgalygyň çişleri anyklanylanda haýal etmän operasiýa etmeli, sebäbi çagalyk döwründe çişiň çalt ösme ukyby bar. Operasiýa wagty çişiň häsiýetini anyklamaly, gyssagly sitologiki we gistologiki barlaglary geçirilmeli, sebäbi morfologiki barlaglaryň netijeleriniň esasynda operatiw bejerginiň göwrümi çözülýär.

Egerde hadysanyň howpsyzlygyna doly göz ýetirilse, onda agzany saklaýjy operasiýa (çişiň aýrylmagy we üýtgemedik gonad dokumanyň galdyrylmagy) görkezilen, operasiýa edilen gyzjagaz bolsa soňlugy bilen dispanser gözegçilikde bolmaly. Gyzlaryň we uly ýaşly aýallaryň aýbaşy we önelge funksiýasynyň ýaşlykdaky geçirilen operatiw çäreleriniň häsiýetine we göwrümine örän baglydygyny bilmeklik gerekdir. Eger-de operasiýa wagty ýumurtgalygyň howply çişi anyklanylsa, onda radikal bejergi zerur (ýatgynyň iki tarapdaky ösüntgileri bilen amputasiýasy we iç ýagy bilen ekstirpasiýasy). Ýumurtgalyk ýaly jübüt agzada operasiýa geçirilen wagty onuň assimetriýasyny göz öňüne tutmaly: sag ýumurtgalygyň anatomiki ölçegleri çepdäkiden uly; sag ýumurtgalygyň funksional işjeňliligi çepdäkiden ýokary. Bu maglumatlar ýumurtgalyklarda apopleksiýa ýa-da howpsyz çiş boýunça operasiýa geçirilen wagty aýratyn amaly ähmiýete eýedirler.

# VII Bap

## Çagalar ginekologiýasynda “Ýiti garyn” keselleri

“Ýiti garyn” bu toplumlaýyn düşünje. Bu düşünje öz içine garyn boşlugynda ýüze çykýan etiologiýasy boýunça dürli-dürli, kliniki alamatlary boýunça meňzeş patologiki hadysalary alýar. “Ýiti garyn” keselleriniň sebäbi aýry-aýry bolsa-da olaryň alamatlary meňzeş bolýar, ýagny: birden agyry döremegi, brýuşina örtüginiň gyjynyjylygy, ýürek bulanma, gusup-gaýtarma, ýel çykmagynyň we uly täretiň kadadan bozulmagy. “Ýiti garynyň” sebäpleri ginekologiýada 3 topara bölünýärler:

1. Garyn boşlugyna gan akma sebäpli ýüze çykýan keseller (köplenç ýumurtgalygyň apopleksiýasy);
2. Içki jyns agzalarynda gan aýlanyşygyň bozulmagy netijesinde ýüze çykýan keseller (ýumurtgalygyň çişleriniň aýajyklarynyň towlanmagy, çişiň gabygynyň ýarylmagy, mioma düwününiň aýajygynyň towlanmagy we nekrozy);
3. Ýiti jerhitleme kesselleriň netijesinde brýuşina örtüginiň zeperlenmegi (piowaryň, piosalpingsiň ýarylmagy).

Gyzjagazlarda „ýiti garyn“ alamatlary bilen geçýän ginekologiki keselleriň arasynda ýumurtgalygyň apopleksiýasy we ýumurtgalygyň dömmesiniň aýajygynyň towlanmagy esasy orny eýeleýärler.

## Ýumurtgalygyň apopleksiýasy

Bu kesel ýumurtgalygyň dokumasynyň anatomiki bütewiliginiň bozulmagy netijesinde garyn boşlugyna duýdansyz gan akma sebäpli ýüze çykýar. Garnyň boşlugyna gan akmagynyň sebäpleriniň içinde ýumurtgalyklaryň apopleksiýalarynyň paýyna 0,5-2,5% düşýär. Ýumurtgalygyň apopleksiýasy aýbaşy halkasynyň islendik fazasynda bolup bilýär, ýöne owulýasiya döwründe, ýa-da sary bedenjigiň gan damarlar bilen üpjün edilen wagty has köp duş gelýär.

**Etiologiýasy we patogenezi:** Ýumurtgalygyň dokumalarynda we damarlarynda dürli üýtgemeler sebäpli, ýumurtgalykda gematoma ýüze çykyp biler. Bu üýtgemelere damarlaryň warikoz giňelmegi, gyşarmagy, daralmagy (sklerozirlenmegi), ýumurtgalygyň ownuk kistoz ýagdaýlary, jerhitleme hadysalary degişlidir. Şikesler, fiziki dartgynlyklar we beýleki sebäpler ýumurtgalygyň apopleksiýasynyň ýüze çykmagyna getirip biläýjek ýagdaýlardyr.

**Klinikasy:** keseliň kliniki görnüşi içki gan akmanyň häsiýetine we ugurdaş kesellere baglydyr. Eger gan akma follikulanyň ýarylmagy bilen bagly bolsa, onda keseliň alamatlary aýbaşy halkasynyň 12-nji we 16-njy günleriniň aralygynda ýüze çykýar. Sebäbi şol günlerde owulýasiýa hadysasy bolup geçýär we bu ýagdaý gös - göni gan akmanyň sebäbi bolup durýar. Eger gan akma sary bedeniň ýarylmagy bilen bagly bolsa, keseliň alamaty aýbaşy halkasynyň ahyrky hepdesinde ýa-da aýbaşy wagtynda ýüze çykýar. Ýumurtgalyklaryň apopleksiýasyna agyry we içki gan akma has mahsusdyr. Şol sebäpli bu keseli gan azlyk we agyryly görnüşlerine bölýärler. Eger bu alamatlaryň aýdyňlygy deň derejede bolsa, keseliň garyşyk görnüşi tapawutlandyrylýar. Kesel duýdansyz garnyň aşaky böleginde agyry peýda bolmak

bilen başlanýar. Bu patologiýanyň gan azlyk görnüşini köplenç ýatgydan daşardaky göwrelilik bilen, agyryly görnüşini bolsa – ýiti appendisit bilen tapawutlandyrmaly. Keseliň gutarnykly anyklanmasy kä wagt diňe operasiýa wagtynda kesgitlenilýär. Ýumurtgalyklaryň apopleksiýasy sebäpli gan akmalarda aýbaşy saklanmaýar; göwreliligiň alamatlary, gaýtarma, ýürek bulanma bolmaýar, göwüs mäzlerinden oguz süýdi gelmeýär. Garyn boşlugyna köp mukdarda gan aksa, gan azlyk alamatlary, kollaps, şok ýüze çykýar. Deri örtükleri we nemli bardalary agarýar, damar urgusy ýygylaşýar, arterial gan basyşy peselýär. Göni içege-garyndiwary barlagynda ýatgynyň goşuntgylary ellenilip görlende zeper ýeten tarapynda güýçli agyry ýüze çykýar. Näsagda içki gan akmanyň ýa-da şoguň kliniki alamatlary has aýdyň bolsa, gaýra goýulmasyz operatiw bejergi geçirmek zerur bolup durýar. Ýumurtgalygyň apopleksiýasynyň alamatlary aýdyň bolmadyk ýagdaýda ilki konserwatiw bejergini ulanmaly. Sag ýumurtgalykdan uly bolmadyk gan akma kliniki taýdan ýiti köriçegä kybapdaş bolýar. Ýiti appendisitde elläp görlende agyry nokady göbegiň, sag ýanbaş süňküniň öň-ýokarky oky bilen birleşdirýän göni çyzygyň ortasynda (Mak-Burneý nokady) kesgitlenilýär. Ýumurtgalygyň apopleksiýasynda bolsa ellenip görlende bu agyry şol nokadyň aşagynda kesgitlenilýär. Ýiti appendisitde ýüze çykýan agyrylar esasan göbegiň we sag sepgitjigiň töwereginde toplanýar. Ýumurtgalykdan ýiti gan akmadaky agyrylar aýaga ýa-da artbujaga tarap ýaýraýar. Ýiti appendisit bilen ýumurtgalygyň gan akmasynyň arasynda tapawutlandyryş takyklama geçirmek üçin Promptowyň alamaty uly ähmiýete eýedir: ýiti appendisitde göni içegäniň üsti bilen barlag geçirilende göni içege-ýatgy çuňlanmasynyň töwereginde ýiti agyry ýüze çykýar hem-de ýatgynyň süýşmegi agyryly bolýar. Ýumurtgalygyň apopleksiýasynda bolsa göni

içege-ýatgy çuňlugynyň düýbindäki agyry uly bolmaýar we şol wagt ýatgy galdyrlanda birden ýiti agyry ýüze çykýar. Käbir ýagdaýlarda keseli kesgitlemek üçin laparoskopiýa hem geçirilýär. Ganyň barlagyny geçirmegiň ähmiýeti uludyr: leýkositleriň mukdarynyň köpelmegi we EÇT ýokarlanmagy ýiti appendisite mahsusdyr.

Bejerilişi: kesel kesgidini dogry anyklap bolsa, uly bolmadyk gan akmada we näsagyň ýagdaýy kanagatlanarly bolanda, onda bejergi konserwatiw çäreler (rahatlyk, garynyň üstüne buzly halta goýmak, gemostatik serişdeler) bilen çäklenilse hem bolýar. Hassahana şertlerinde näsaga berk gözegçilik geçirilýär. Eger gan akma köp mukdarda bolsa, onda operatiw bejergi, ýagny laparotomiýa we ýumurtgalygyň ýyrtygyny tikmeklik ýa-da onuň rezeksiýasyny geçirmeli. Bütin ýumurtgalygy aýyrmaklyga çurt-kesik görkezme bolmaly, ýagny, ýumurtgalyk tutuş gan öýmeli bolan ýagdaýlarda.

## Ýumurtgalygyň dömmesiniň aýajygynyň towlanmagy

Bu ýagdaý gaty bir seýrek duş gelmän, hereketli çişiň aýajyklarynyň birden towlanmagy, onda gan aýlanyşygynyň bozulmagy netijesinde ýüze çykýan "ýiti garynyň" bir görnüşidir. Sebäbini takyk bilip bolanok. Çaklanyşyna görä çişiň aýajygynyň towlanmagyna getirip biljek pursatlar çylşyrymly edilýan hereketleriň birden duruzulmagy (gimnastiki maşklar, akrobatika), ýagny garyn boşlugyndaky basyşyň birden üýtgemegi netijesinde ýüze çykýar.

Ýumurtgalygyň çişiniň aýajygynyň towlanmagy gyzjagazlarda, ýetginjek gyzlarda otnositel köp duş gelýär. Ýumurtgalygyň çişiniň anatomiki aýajygyny düzüjiler: ýumurtgalygyň hususy bagjygy, ýumurtgalygy asyp saklaýan (çanaklyk- guýmaç) bagjygy, mezoowarium. Ýumurtgalygyň

dömmesiniň aýajygynda gan damarlary (ýumurtgalyk arteriýasy, onuň ýatgy arteriýasy bilen anastomozy, atdaş wenalar), limfa damarlary we nerwler geçýärler. Çişiň hirurgiki aýajygyny düzüjiler anatomiki aýajyk we towlanma girýän agzalar (köplenç – ýatgy turbasy, ondan başga -da iç ýag, içegeler we başg.).

Towlanma doly (360° we ondanam ýokary) we bölekleýin (360°-dan az) bolup biler. Çişiň aýajygy towlananda ýumurtgalygy iýmitlendiriji ýatgy we ýumurtgalyk arteriýa we wena damarlary gysylýar, çişde gan aýlanyşyk bozulýar, soň nekroz ýüze çykýar, aseptiki sowuklama bolup, brýuşina örtügi zeperlenýär. Dömme ilki garamtyl-gülgüne, soňra mele reňke öwrülýär. Eger wagtynda hirurgiki kömek edilmese, bu hadysalar käwagt agyr septiki gaýra üzülmelere (peritonite) getirip biler. Köplenç towlanma hereketli uzyn aýakly dermoid kistalar, ýumurtgalygyň dömmeleri – fibromasy we kistomasy sezewar bolýar.

Çişiň aýajygynyň towlanmagynyň kliniki alamatlary şeýle aýdyň bolup, kesel kesgidini goýmak kynçylyk döretmeýär.

Kesel birden başlanýar, “ýiti garyn” alamatlary – güýçli agyry, ýürek bulanma, gusup-gaýtarma, içege ýeliniň we uly täretiň saklanmagy ýüze çykýar. Garnyň öňki diwarynyň myşsalary dartgynly, Şýotkin-Blýumbergiň alamaty položitel. Näsagyň ýagdaýy çalt erbetleşýär, reňki agymtyl, sowuk der basýar, gyzgyny galýar. Anamnez, obýektiw we ginekologiki barlaglaryň netijesi kesel kesgidini goýmaklyga mümkinçilik döredýär: göni içege-garyndiwary barlagda ýatgynyň gapdalynda süýri şekilli, gaty ýa-da dykyz-maýyşgak konsistensiýaly, hereketi çäkli, agyryly çiş görnüşli emele gelme kesgitlenýär. Beýleki tarapda yatgy we onuň goşuntgylary üýtgemeýär. Köp halatlarda agyry we garnyň öňki diwarynyň myşsalarynyň dartgynlylygy sebäpli çişi anyklap bolmaýar. Gyzjagazlarda

barlagy beýruş dermanyny ulanyp geçirmeli. Keseliň netijesi operasiýanyň öz wagtynda gijikdirilman geçirilmegine baglydyr.

Köp halatlarda gyzjagazlarda kesel kesgidi gijikdirilip goýulýar, sebäbi gynansakda, käbir lukmanlar gyzjagazlaryň içki jyns agzalarynda çişiň bolýandygyny bilmeýärler. Keseliň tapawutlandyryş anyklanylyşy appendisit bilen geçirilýar.

**Bejergisi.** Näsagyň ýaşyna seretmezden operatiw bejergi. Garyn boşlugy açylandan soň, towlanan aýajyga gysgyçlar goýulyp, olaryň arasyndaky aýajyk kesilýär.

Operasiýa wagtynda çişiň aýajygyny yzyna towlamak bolmaýar, sebäbi gan damarlaryndaky gan lagtalary (tromblar) damar boýunça süýşüp emboliýa getirip bilýär.

## Içki jyns agzalarynyň brýuşina örtügini zeperlemek bilen geçýän jerhitleme keselleri

Sowuklama kesselleriniň arasynda "ýiti garynyň" alamatlaryny berýän keseller, bular ýiti iriňli salpingit, iriňli tuboowarial döremeleriň ýarylmagy. Bu ýagdaýlarda iriň barlygy sebäpli kiçi çanaklygyň brýuşina örtügi zeperlenýär (pelwioperitonit) ýa-da pariýetal we wisseral brýuşina zeperlenýär (ýaýran peritonit).

Sowuklamanyň sebabi mahsus däl (septiki), mahsus (sözenek, inçekesel) bolup bilýär. Gyzjagazlarda goşuntgylaryň jerhitleme keselleri we onuň bilen bagly "ýiti garyn" keselleri seýrek duş gelýär; olar inçekesel sebäpli dörän halta görnüşli emele gelmeler, ösüş nogsanlyklary (gyzlyk perdesiniň bitewiligi) zerarly dörän gematosalpings, appendisit zerarly ýaýran sowuklama bolsa ýüze çykýar.

**Kliniki alamatlary:** keseliň haýallyk bilen başlanmagy, ýürek bulanma, gusup gaýtarma, üşüdip gyzdyrma ýaly alamatlar.

Seredişde: dili gurak, damar urşy çalt, garny ýellenen, garnyň öňki diwarynyň myşsalary dartgynly. Gan barlagynda leýkositler köp, leýkositar formula çepe süýşen.

Ginekologiki barlagda garnyň öňki diwarynyň myşsalarynyň dartgynlylygy sebäpli, içki jyns agzalarynyň ýagdaýyny kesgitlemek kyn. Esasy jyns ýollaryndan iriňli nemiň gelmegi häsiýetlidir.

Pelwioperitoniti konserwatiw usulda 18-24 sagatlap bejermek bolýar. Käbir awtorlaryň aýtmagyna görä 6-12 sagat bejermeli. Geçirilýän bejergi peýda bermese, onda operatiw bejergini geçirmeli.

Eger-de peritonit bolsa, onda operasiýanyň göwrümi ekstirpasiýa çenli giňeldilýär. Operasiýa wagty esasy şertleriň biri - garyn boşlugyny drenirlemekdir.

# VIII Bap

## Jyns agzalarynyň ösüş näsazlyklary

Jyns differensiasiýasynyň mehanizmi çylşyrymly bolup, ol morfologiki we gormonal täsirlere bagly bolýar. Kadada fenotip onuň jynsynyň genotipine görä döreýär. Embrionyň we göwredäki çaganyň bedenine zyýanly şertler täsir edende kadaly jyns differensiasiýasy bozulýar we fenotipiň gabatlaşmazlygy ýüze çykýar. Zyýanly täsir göwrelilik döwründe näçe ir degse, doga jyns kemisligi şonça güýçli ýüze çykýar. Jyns agzalaryň ösüşinde iki mehanizm tapawutlandyrylýar:

1. Ýumurtga öýjügi we spermatozoidleriň birikmeginde 22 jübüt autosom we 1 jübüt XX ýa-da XY(gyzdygyna ýa-da oglandygyna baglylykda) hromosom toplumly embriony döredýär. Gonadalaryň gurluşyna görä bu seksual indeferent tapgyry.

2. Jyns gormonlarynyň täsirinde jyns agzalarynyň ösmegi. Jyns taýdan ösmek diňe bir hromosom jynsy taýdan tapawudyna däl-de göwredäki çaganyň jyns mäziniň çykarýan önümine baglydyr. E.A.Petrow-Maslakow, A.I.Nikitin (1965) embrionyň ösüşiň irki tapgyrynda has duýgurdygyny belleýärler. Şol sanda follikuldaky ýumurtga öýjügi zyýanly täsirlere durnuklydyr. Köp awtorlar göwredäki çaganyň ösüşinde kritiki döwri diýip 24-34 hepdeleri alýarlar.

Zyýanly faktorlaryň iň howplusy antibiotiklerdir.

N.T.Starkowa, I.W.Golubewa jyns agzalarynyň ösüş näsazlyklarynda 5 döwri tapawutlandyrýarlar we olaryň 4 hilini kesgitleýärler.

1 Jyns agzalarynyň wagtyndan öň ýetişmegi.

2. Pubertat döwründe jyns agzalarynyň ösüş näsazlyklary.

3. Pubertat döwürde jyns agzalarynyň ösmekden galmagy. (merkezi nerw ulgamynyň we ýumurtgalyklaryň gipofunksiýasy). Bu döwürde gyzjagazlaryň ösüşden galmagy estrogenleriň sintezinde genetiki esaslandyrylan ferment ulgamynyň ýetmezçiligi bilen bagly hasaplanýar.

4. Jyns agzalarynyň ösmezligi jyns hromosomalarynyň patologiki toplumynyň döremegi bilen bagly bolup, gonadalaryň disgeneziýasyny ýa-da Şerşewskiý-Terneriň sindromyny döredýär.

Beýleki (Grumbaç we Wan-Wyk, 1974) awtorlar başga klassifikasiýany teklip edýärler:

1. Gonadalaryň differensiasiýasynyň bozulmagy – ýumurtgalyklaryň disgeneziýasy, hakyky germafroditizm.

2. Aýal we erkek germafroditizmi.

3. Doly we doly däl görnüşli testikulýar feminizasiýanyň görnüşleri.

4. Aýallarda klassifisirlenmedik görnüşli jyns ösüşiniň bozulmagy (ýatgynyň we ýatgy turbalarynyň aplaziýasy we jynshananyň aplaziýasy).

Ondan başga-da ýumurtgalyklaryň ösme ýetmezçiligi (doly we bölekleýin ageneziýa) we jyns ýollarynyň ýetmezçiligi, ýatgy we jynshananyň, ýatgy turbalarynyň ýetmezçiligi. Ondan başga-da aýry-aýry agzalarynyň ilkinji ösüş ýetmezçiligi tapawutlandyrylýar. Mysal üçin: jyns mäziniň Mýuller akarynyň we daşky jyns agzalaryň ýa-da olaryň toplumynyň anomaliýasy (jyns agzalarynyň anomaliýalarynyň döremeginde kritiki döwri

bolup göwreliligiň 8-9 hepdesi hasaplanylýar we onuň 55 görnüşi bolup bilýär (C. Hosgon, 1967ý).

Anomaliýalar aşakdaky görnüşlerde bolup bilýärler:

1. Ageneziýa – jyns agzasynyň bolmazlygy.
2. Aplaziýa – jyns agzasynyň bir böleginiň bolmazlygy.
3. Gipoplaziýa –agzanyň doly ösüp ýetişmezligi.
4. Dizrafiýa – jyns agzasynyň bölekleriniň bitmezligi ýa-da ýapylmazlygy.
5. Multiplikasiýa – agzanyň sanynyň ýa-da onuň böleginiň köpelmegi.
6. Geterotopiýa (ektopiýa) – agzanyň adaty ýerinden başga ýerde döremegi (ösmegi).
7. Atreziýa – agzanyň ösmeden ikilenji galmagy, bitmegi.
8. Ginatreziýa – aýal jyns ulgamynyň belli bir böleginiň bitmegi. Bu kemislik köplenç tebigy dar ýerlerde döreýär (wulwa, gyzlyk perdesi, ýatgynyň daşky we içki agzy, ýatgy turbasynyň girelgesi).

## Gyzlyk perdesiniň we wulwanyň anomaliýalary

Bu patologiýalara gyzlyk perdesiniň bitinligi, jynshana agzynyň atreziýasy we jynshananyň aplaziýasy girýär.

Gimeniň atreziýasy jyns taýdan gyzjagaz ýetişende ýüze çykyp jynshana, ýatgy we ýatgy turbalary gandan dolanda – gematokolpos, gematometra, gematosalpinks bilen ýüze çykýar.

Gimeniň atreziýasy gyzlyk perdesiniň konus şekilli pökgermegi we flýuktuasiýa bilen kesgitlenýär.

Gimeniň atreziýasynyň **bejergisi** bolup gyzlyk perdesiniň aý ýa-da goşmak görnüşli kesilmegi, kesigiň burçlaryna ketgut tikiniň goýulmagy we jynshanany furasillin (1:5000) ergini bilen ýuwup, antibakterial melhemli dyky (tampon) goýulmagy bilen bejerilýär.

Wulwanyň bitmegi doga we gazanylan bolup bilýär. Ol esasan hem göwrelilik döwründe gecirilen sowuklama hadysasy bilen bagly bolýar. Germafroditizmde, gipo- we epispadiýalarda göni içegäniň jynshana we onuň agzyna açylmagy mümkindir.

## Jynshananyň kemisligi (anomaliýasy)

Jynshana göwredäki çaganyň ösüşiniň 8-nji hepdeliginde emele gelip başlaýar we paramezonefral akarlaryň aşaky uçlarynyň bitişmeginiň netijesinde döräp, olaryň täk bölegi bolup durýar.

Täze doglan gyzjagazlaryň jynshanalarynyň uzynlygy 3-5 sm, 8-9 ýaşly gyzjagazlaryňky 5-6 sm, zenanlarda 7,5-10 sm bolýar.

Ýaşyna görä bu agzanyň ýerleşiş aýratynlyklarynyň barlygyny bellemelidir. Gyzjagazlarda peşew halta we ýatgy ýokarda, kiçi çanaklykdan daşary ýerleşendigi zerarly çagalaryň jynshanasy has dikligine ýerleşendir. 3-5 ýaşynda ýatgy kiçi çanaklyga düşýär we gorizontal çyzyga ýiti burçly ýerleşýär. Bu topografoanatomiki aýratynlyklary waginoskopiýa edilende göz öňünde tutmalydyr.

## Jynshananyň ageneziýasy

Jynshananyň ilki başdan doly ýoklygy bilen häsiýetlendirilýär. Şolar ýaly näsaglarda uly jyns dodaklarynyň arasynda kiçijik, ulylygy 3-4 sm-den geçmedik oýjagaz bolýar.

**Jynshananyň aplaziýasy -** bu jynshananyň ilki başda bir böleginiň bolmazlygy, ol bolsa 18 hepdelik göwrelilige çenli döräp ýetişmeli jynshana turbajygynyň kanalizasiýasynyň saklanmagy bilen häsiýetlendirilýär.

**Jynshananyň atreziýasy -** bu jynshananyň doly ýa-da bölekleýin bitmegi. Çaganyň antenatal ýa-da postnatal döwürlerinde geçiren sowuklama hadysanyň netijesinde ýüze çykýar.

## Ýatgy atreziýasy

Kemisligiň bu görnüşi köplenç serwikal kanalyň daşky agzy bitişende duş gelýär. Aýbaşy gany ýatgy boşlugynda ýygnanýar we ýatgy şar şekilli görnüşde bolýar, ganyň serwikal kanala üýşen ýagdaýynda, ýatgy süýnmek görnüşde bolýar.

Ýatgy atreziýasynyň düýpli gaýraüzülmesi – aýbaşy ganynyň ýatgy turbasynda ýygnanmagy bolýar, ýygnanan gandan ýatgy turbalarynda ampulýar böleginiň bitişmegi netijesinde turba çişleri emele gelýär. Näsaglar ilki aýbaşynyň ýoklugyna, soňra bolsa garnynyň aşagyndaky agyrylara arz edýärler. Ýygnanan ganyň artmagy bilen onuň garyn boşlugyna ýarylmagy mümkin. Bu bolsa peritonit ýagdaýyny döredýär.

Ýatgy atreziýasy bilen kesellän näsaglaryň bejergisi – operasiýa bilen tamamlanýar.

**Ýatgynyň ösüş kemislikleri.**

**Uterus didelfus** – ýatgynyň we jynshananyň aýry-aýry ýerleşen halatynda ikilenmesi – bu patologiýa dogry ösýän paramezonefral akarlaryň birikmesiniň bolup geçmeýän ýagdaýlarynda ýüze çykýar. Munda iki agza ýylmanak perdäniň kese epini bilen aýrylyşdyrylan. Ýatgylaryň hersi kadaly işleýär we gyzjagaz jyns taýdan ýetişende göwrelilik iki ýatgyda-da bolup bilýär (2-njy surat).




**2-nji surat.** Anomaliýalaryň görnüşleri: a) uterus didelphus; b) bicornis bicollis; ç) bicornis unicollis; d) septus duplex; e) subseptus; ä) unicornis; f) rudimentar şahly biçornis; g) goşmaça şahly biçornis; h) biçornis rudimentarius solidus; i) vagina subsepta.

**Uterus dupleks et wagina dupleks** – öňküden tapawutlylykda belli bir böleginde jynshana we ýatgy has golaý birikýärler. Ýatgylaryň biri ölçegi we işleňligi boýunça pes gelýär we şol tarapda gimeniň ýa-da ýatgy agzynyň atreziýasy bolýar.

**Uterus bikornis** – bu patogiýada umumy jynshana we iki ýatgy bolýar.

**Uterus bikornis bicollis** – bu paromezonefral akymlaryň bitişmezliginiň güýçli bolmadyk ýüze çykmagydyr. Bu ýagdaýda umumy jynshana we ýatgynyň bedeniniň we boýunjygynyň ikilenmesi ýüze çykýar. Uterus bikornis unikollis – bu anomaliýada paromezonefral akarlaryň birikmesi diňe orta bölümleriniň proksimal bölegine ýaýraýar.

**Rudimentar şahly uterus bikornis.**

Bu ýagdaý paramezonefral akarlarynyň biriniň ösmekden has yza galmagy sebäpli bolýar. Eger rudimentar şah boşlukly bolsa, onda onuň ýatgynyň boşlugy bilen arabaglanyşygynyň barlygy ýa--da ýoklugy amaly taýdan möhümdir. Rudimentar şahyň boşlugy bolsa-da, işjeňligi pes bolýar. Emma işjen rudimentar şahyň barlygy polimenoreýa, algodismenoreýa we infisirlenme bilen utgaşýar. Rudemintar şahda ektopiki göwrelilik bolmagy mümkin.

**Uterus unikornis** – buparamezonefral akymlarynyň biriniň çuňňur zeperlenmeginde döreýän seýrek duş gelýän patologiýa. Bu ýagdaýda köplenç bir böwregiň we bir ýumurtgalygyň bolmazlygy ýüze çykýar.

Kähalatlarda gyzjagazlarda «Maýer – Rokitanskiý – Kýuster – Mýuller – Hauser sindromy» adyny alan **uterus bikornis rudementarius solidus** ösüş anomaliýasy ýüze çykýar. Bu patologiýada jynshana we ýatgy ýukajyk birleşdiriji dokuma halda bolýar.

Ýatgynyň ösüş ýetmezçiligine onuň **ösüşiniň yza galmagy**

hem degişlidir. Gyzjagazyň neýtral ösüş döwründe ýatgynyň boýunjygy onuň bedeninden 2 esse uly bolýar. Prepubertat döwürde olaryň ösüşi deňleşýar, pubertat we jynsy ösüş tapgyrynda ýatgy boýunjygyndan onuň bedeni 2 esse uzyn bolýar.

Infantil ýatgy gaty we onuň bedeni boýunjykdan kiçi bolýar. Ondan başga-da "uterus gipoplastikus" bolup bilýär. Onda ýatgy –boýunjyk gatnaşygy 2/1 bolup kadaly görnüşde bolsa-da onuň umumy ölçegi kiçidir.

Ýatgynyň ösüş anomaliýasynyň bejergisi konserwatiw boýar. Fiziobejergi, witamin bejergi bellenilýär, bejeriş gimnastikasy ulanylýar. 16 ýaşdan soň gormonal bejergi bellenilýär.

**Ýatgy turbalaryň kemislikleri.**

Göwredäki çaganyň adaty şertlerine golaýlaşdyrylan ýagdaýlarda fiziologiki asimmetriýa ýüze çykýar, ýagny sag ýatgy turbasy çepdäkinden uzyn bolýar, emma olaryň tapawudy 5 mm-den köp bolmaýar. Ontogeneziň antenatal döwründäki ýüze çykan kadaly tapawutlylygyň önelge ýaşly aýallarda hem saklanýanlygyny barlaglar görkezdi. Şol sebäpli hem köplenç ektopiki göwreliligiň sag ýatgy turbada galýanlygyny bu maglumatlar bilen düşündirip bolýar. Göwrelilik patologiki ýagdaýda geçende sag we çep ýatgy turbalaryň tapawudy 35-47 mm-e hem ýetip bilýär. Enede göwreliligiň gaýraüzülmeler (ýokançlar) bilen geçmegi, çagada ýatgy turbalaryň esasan ortaky bölümlerinde geçirijiliginiň bozulmagyna getirip bilýär. Käte ýatgy turbalaryň goşalanmasy (bir ýa-da iki tarapdan) duş gelýär, ýöne köplenç ýatgynyň ösüş kemislikleri bilen bile gelýän ýatgy turbanyň bir taraplaýyn ýoklugy ýüze çykýar.

**Ýumurtgalyklaryň ösüş kemislikleri.**

Gyzjagazyň antenatal döwründe ýumurtgalyklaryň ösüş aýratynlyklary, ýagny sag ýumurtgalygyň çep tarapyňkydan uly we işjeňlik taýdan has kämil bolmagy bellenýär. Doga

kemisliklerden bir ýumurtgalygyň ýoklugyny, käte asla gonada dokumasynyň hem ýoklugyny belläp bolar. Bu ýagdaýlarda ýumurtgalyk dokumasyna derek fibroz torlaryny tapýarlar. Munuň ýaly kemislik dürli görnüşli ýumurtgalyklaryň disgeneziýalaryna, şol sanda nesil yzarlaýjy (Şereşewskiý-Terneriň sindgromy) sindromlara häsiýetlidir. Soňky ýyllarda dogabitdi ýa-da gazanylan ýumurtgalyklaryň doly ösmezligi (gipogonadizm) anyklanylýar.

**Anyklanylyşy.**

Näsaglar köplenç ýagdaýda aýbaşy halkasynyň bozulmagyna (amenoreýa ýa-da polimenoreýa) arz edýärler. Ilkinji amenoreýa – jyns agzalarynyň ösüş ýetmezçiliginiň iň köp duş gelýän we köplenç ilkinji alamatydyr. Garnyň aşagynda agyrylar, peritoneal alamatlar gimeniň atreziýasyndaky gematometra we gematokolposda ýüze çykýar.

Daşky jyns agzalarynyň seredilmegi, jynshananyň we ýatgynyň zondirlenmegi, bimanual göni içege barlagy anyklaýyşda uly kömek edýär. Gazly pelwiografiýa şahly ýatgylarda anyklaýyş kömegin berýär. Bikontrast ginekografiýanyň içki jyns agzalarynyň hemme anomaliýalarynyň anyklamagynda uly ähmiýeti bar.

Jyns agzalarynyň anomaliýalarynda endoskopiki barlag usullarynyň ähmiýeti hem ulydyr (kuldoskopiýa, laparoskopiýa, sistoskopiýa we rektoromanoskopiýa).

## Bejerlişi

Käbir kemislikler (eýer görnüşli ýatgy, bir şahly ýatgy we başg.) hiç hili bejergini talap etmeýär. Ýöne kemisligiň görnüşini bilmek geljekde göwreliligi, dogrumy dogry alyp barmak we beýleki emelleri etmek üçin möhümdir.

Ikişahly ýatgy bolanda hirurgiki operasiýalara ýüz urulýar. Rokitanskiý-Kýusteriň sindromy bolanda bejergiň täsiri az bolýar. Bejergi diňe jyns aragatnaşyklary ýola goýmak üçin gönükdirilendir (durmuşa çykmaka emeli jynshana döretmek).

Örän ýönekeý bejergi gyzlyk perdesiniň (gimeniň) bütewiliginde geçirilýär – onuň merkezinde haç görnüşli kesim edilýär we gematokolpos boşadylýar (kä wagt ondan 2 litre çenli goýy garamtyl gan çykýar). Ondan soň kesimiň gyralaryna seýrek aýratyn ketgut tikinleri goýup, emeli gimenal deşigiň gyralaryny döredýärler.

Jynshananyň atreziýasynda ýa-da ageneziýasynda eger içki agzalar dogry gurnalan bolsa – operasiýa görkezilendir.

Ýatgynyň goşmaça, ýa-da rudimentar şahyny laparotomiýa wagtynda aýyrýarlar.

**Infantilizm.**

Jyns infantilizmi 15 ýaşdan soň kesgitlenip, ol jyns agzalarynyň ösüş yza galmagy we ýumurtgalyklaryň gipofunksiýasy bilen häsiýetlendirilýär.

**Etiologiýasy.**

Infantilizmiň sebäpleriniň içinde genetiki bozulmalaryndan we antenatal ösüşiň agyrlaşmalar bilen geçmeginden başga-da gyzjagazlaryň iýmitlenmeginiň bozulmagy, infeksiýalar, ýumurtgalyklardaky operasiýalar ýaly postnatal faktorlar bolup biler.

**Görnüşleri.**

Jyns infantilizminiň iki görnüşini tapawutlandyrýarlar:

1. Ýumurtgalyklaryň (owarial) ýetmezçiligi bilen geçýän görnüşi
2. Kadaly ýumurtgalyk işjeňliligi bilen geçýän görnüşi.

Infantilizmde köplenç ýumurtgalyklaryň gonadotrop gormonlara, nyşana-agzalaryň steroid gormonlara pes duýgurlygy ýüze çykarylýar. FSG köp önip, LG az öndürilip çykarylýar.

Klinikasy. Bu gyzjagazlar horja we gysga boýlydyr. Çanaklygy umumy deň daralan. Ilkinji aýbaşy (menarhe) giç gelip, algodismenoreýa bilen utgaşýan gipomenstrual sindrom

ýüze çykarylýar. Ýatgysynyň ölçegleri kiçidir. Ýatgynyň ösüş ýetmezçiliginiň 3 derejesini tapawutlandyrýarlar. Olar:

1. Rudimentar, ýa-da düwünçek ýatgysy (uterus fetalis) – 1-3 sm uzynlykdaky, ýatgy esasan boýunjykdan durýar. Bu näsaglarda amenoreýa ýa-da gipomenstrual sindromy hökmany ýüze çykýar.

2. Infantil ýatgy (uterus infantilis) – ýatgy 3 sm-den uzyn, ýöne beden bilen boýunjygnyň gatnaşygy – 1:3, ol hem ýetginjeklik döwürdäki gyzyňka meňzeş. Ýumurtgalyklar ýokarda ýerleşen, ýatgy turbalary uzyn hem egremli. Geljekde önelge işjeňligi dikeltmek üçin köp wagtlap bejergini geçirmek zerur.

3. Gipoplastiki ýatgy (uterus gipoplastikus) – ýatgy 6-7 sm uzynlykda we ol dogry gurluşda. Köplenç bu kesel jyns durmuşy başlandan soň we çaga dogrumdan soň öz-özünden hem aýrylyp biler.

**Anyklanylyşy.** Bu keseliň kesgidini anamnez ýygnanyl-andan, obýektiw barlaglar, şol sanda antropometriki, laborator barlaglardan soň goýamak bolar.

Näsaglarda aýbaşy işjeňliginiň bozulmagy – aýbaşylaryň giç başlanmagy, agyryly bolmagy, gipomenstrual sindromyň ýüze çykmagy, köplenç pes boý, döş kapasasynyň doly ösmezligi, göwüs mäzleriniň ýetişmezligi, dar çanaklyk, çatalbasyndaky we goltugyndaky ösüntgileriň köse bolmagy kesgitlenýär. Kiçi jyns dodaklary öňe çykyp dur, daşky jyns agzalarynyň gipoplaziýasy zerarly klitor ulalan ýaly görünýär. Bimanual barlagda kiçijik, giperantefleksiýa ýagdaýynda ýerleşen ýatgyny kesgitläp bolýar.

Jyns infantilizmi umumy infantilizm bilen utgaşan halatynda interseksual alanatlary hem ýüze çykarylýar: döş kapasasynyň giňelmegi, çanaklygyň ölçegleriniň kiçelmegi, süňk ýaşyň ýyl ýaşyndan yza galmagy bellenýär.

Ganda gonadotrop gormonlaryň mukdary barlananda (FSG, LG), olaryň halkalaýyn bölünip çykmagynyň bozulmalary ýüze

çykarylýar. Şol sebäpli hem jyns steroid gormonlarynyň bölünip çykmagy peselýär. Bu näsaglarda jyns hromatini we kariotip üýtgemedik.

Jyns infantilizmi ýuwenil gipotalamiki sindromdan, Şteýn-Lewentalyň sindromyndan (irki görnüşi), gonadalaryň disgeneziýasyndan (arassa görnüşi), dogabitdi endometriozdan tapawutlandyrmaly (1-nji jetwel).

1-nji jetbel

**Jyns infantilizminiň tapawutlandyryş anyklaýyş alamatlary**

| Patologiýanyň görnüşi | Ýumurt-galyklaryň ýagdaýy | ikilenji jyns alanat-larynyň aýdyňly | Algome-noreýa | Neýroendokrin bozulmalar |
|---|---|---|---|---|
| Jyns infantilizm | Kiçelen | Gaty bildirenok | Häsiýetli | Bolmazlygy mümkin |
| Ýuwenil gipotalamiki sindrom | Kistoz üýtgemegi | Aýdyň ýüze çykýar | Bolmazlygy mümkin | Wegetatiw damar üýtgeşmeler bilen newrotiki reksiýalar |
| Şteýn-Lewentalyň sindromy | Ulanan | girsutizm, aýdyň ýüze çykýar | Häsiýetli däl | Bolmazlygy mümkin |
| Donadalaryň disgeneziýasy (arassa görnüşi) | Kiçelen | Aýdyň ýüze çykmadyk | Häsiýetli däl | Bolmazlygy mümkin |
| Gogabitdi endometrioz | Üýtge-şiksiz | Aýdyň ýüze çykýar | Ýiti ýüze çykýar, gaý-tarma, käte «ýiti garyn» alamtalary bilen utgaşýar | Bolmazlygy mümkin |

**Bejergisi.**

Infantilizmiň agyr görnüşinden (düwünçek ýatgy) galan görnüşleriniň bejergisi köplenç şowlydyr.

Bejergi geçirilende:

1. Mümkin boldygyça ösüş kemisligiň sebäbini aýyrjak bolmaly.

2. “Taýýarlyk esasyny” döretmeli, ýagny nyşan-agzalaryň jyns gormonlara duýgurlygyny ýokarlandyrmaly.

3. Laýyk gelýän öwezini doluş gormonal bejergisini saýlap almaly.

Nyşan-agzalaryň jyns gormonlara duýgurlygyny ýokarlandyrma meseläni çozmek üçin 2-4 aýlap witaminler ($E,C,B_6,B_1$) ATF ulanýarlar. Gormonal bejergi başlanylmanka näsagda kemis gonadalaryň we ýumurtgalyklaryň gormonal-işjeň çişleriň ýokdugyna güwä geçmeli. Birinji 2-3 aý sigetiniň minimal mukdaryny (0,05 g 1 gezek günde) bellemeli. Şol bir wagtda gangleron bilen bejergini başlamaly (0,04 gr günde 1 gezek). Indiki 3-4 aýyň dowamynda estrogenleriň we progesteronyň minimal dozasy mukdary halkalaýyn bejergini geçirmeli. Gormonal bejerginiň tapgyryn soň 3 aýlyk arakesme etmeli. Indiki tapgyry diňe bellenen bejerginiň täsiri bolmadyk ýagdaýynda geçirilýär.

Gormonal bejergi bilen bilelikde fiziobejergini (parafin, aýbaşy halkasynyň 5-13-nji gün aralykda mis bilen, 14-24-nji gününde sink bilen elektroforez), elektrorefleksobejergini (akupunktura, elektropunktura), balneobejergini hem geçirmek maslahat berilýär. Palçyk bilen bejergi we ginekologiki owkalamak ýaly usullar hem giňden ulanylýar.

Umumy we jyns infantilizmli näsaglar hökman dispanser gözegçiliginde bolmalydyrlar, sebäbi bu näsaglarda jyns agzalaryň dömme kelleriniň döremek mümkinçigi ýokarydyr.

# IX Bap

## Jyns taýdan ösüş bozulmalary

### IX.1. Jyns taýdan wagtyndan öň ýetişmek

Wagtyndan öň jyns taýdan ýetişmek seýrek patologiýa degişli we gyzlarda ginekologiki keselleriň 2,5%-nde gabat gelýär. Biziň maglumatlarymyza we daşary ýurtly awtorlaryň gözegçiliklerine laýyklykda, soňky ýyllarda bu bozulmanyň ýygylygynyň ýokarlanmaga bolan ýykgynlygy bellenýär. Bu ýagdaýda ikilenji jyns alamatlary 8 ýaşa çenli ýüze çykýar. Wagtyndan öň jyns taýdan ýetişmek izoseksual, ýagny aýal görnüşi boýunça we geteroseksual – erkek görnüşi boýunça bolup biler.

Izoseksual görnüşi boýunça wagtyndan öň ýetişmegiň sebäpleri 2 görnüşli patologiýa: esasan organiki we funksional häsiýetli serebral bozulmalar (WÖJTÝ serebral görnüşi) bilen şertlenendir. Merkezi gelip çykyşly organiki bozulmalarda perinatal patologiýa – göwredäki çaganyň gipoksiýasy, dogrumdaky asfiksiýa we dogrum şikesleri esasy orun tutýar. Bular göni däl zeperleýji täsirinden başga, täze doglan we irki çagalyk döwürlerinde toksiki we ýokanç faktorlaryň täsiri üçin oňaýly fon döredýärler. Ýokanç toksiki keseller diensefal meýdanyna göni däl täsirinden başga, dowamly gipertenziýa sindromyň döremegine getirip biler. Şunda gipotalamusa hem III garynjyk tarapdan hem beýniň esasy tarapyndan mehaniki basyş

döreýär. MNU-nyň organiki bozulmasynda WÖJTÝ-ň sebäbi köplenç gipotalamusyň yzky bölegindäki çiş bolup durýar. III garynjygyň düýbini basýan çişler-epidimiomalar, optiki gliomalar, astrositomalar, neýrofibromalar, seýrek kraniofaringiomalar bolup durýar. Gipotalamusyň gamartomalary aýratyn orny eýeleýär. Olar soňky ýyllaryň maglumatlaryna laýyklykda (R.Brauner 1982ý. we baş) WÖJTÝ-ň idiopatiki görnüşli näsaglaryň üçden birinde ýüze çykarylýar. Gipotalamusyň gamartomasy – bu ortaky beýgelme we millýar bedenleriň arasynda ýerleşen, II garynjygyň düýbinde onuň gipofizotrop meýdanynda emele gelme. Gamartoma rilizing-gormony öndürýär. Bu beýniň ösüşiniň doga ýetmezçiligi (başga bozulmalar bilen utgaşyp biler). Gamartoma morfologiki taýdan seksual merkezleri emele getirýän kiçi ganglioz öýjükleriň giperplaziýasy bolup, beýniň çal maddasyny ýatladýar. Gamartomaly näsaglaryň oňurga ýilik suwuklygynda rilizing-gormonyň ýokary mukdary ýüze çykarylýar. Merkezi gelip çykyşly jynsy ýetişigiň organiki bozulmalarynda häsiýetli alamat kelle çanak içki gipertenziýa bolup, käbir näsaglarda ol kelle aýlawynyň ep-esli ulalmagy bilen gidrosefaliýa görnüşinde ýüze çykýar; köp näsaglarda kelle çanagyň rentgenogrammasynda kelle çanagynyň esasynda gümmeziniň süňklerinde barmak basylmalarynyň güýçlenen suraty ýüze çykarylýar. Merkezi gelip çykyşly WÖJTÝ-de köp awtorlar hemme näsaglara gamartomany anyklamak üçin kompýuter tomografiýa barlagyny geçirmegi maslahat berýärler. Gamartoma tomogrammada suprasellulýar meýdanda açyk däl dykyz dokuma görnüşinde ýüze çykýar. Izoseksual görnüşli WÖJTÝ-ň klinikasy organiki häsiýetlisi aýdyň newrologiki simptomatikanyň aň taýdan ösüşiň saklanmagy, emosional durnuksyzlyk, dürli patologiki refleksler fonunda wagtyndan öň jynsy ýetişiş alamatlarynyň döremegi bilen häsiýetlenýär.

Has tipiki alamatlar hökmünde anizorefleksiýany, patologiki refleksleriň bolmagyny, III, VII we XII jübüt kelle çanak nerwleriň funksiýalarynyň bozulmagyny, muskul tonusynyň bozulmagyny, göz düýbiniň durgunly üýtgemelerini hasap etmek bolar. Bu görnüşli bozulmanyň häsiýetli alamaty serebral gipertenziýa bolup durýar. Gamartomada tapawutlandyryş aýratynlygy – newrologiki simptomatika bellenmeýär. Emosional bozulmalardan gaharjaňlyk, agressiwlik, şähdiniň birden üýtgäp durmagy has häsiýetli. Funksional häsiýetli serebral patologiýada diensefal gurluşlaryň funksiýasy bozulanda duş gelýän çalşyk-wegetatiw üýtgemeler häsiýetli: gipergidroz, akrosianoz, subfebrilitet, az kem semreme. Bu tapgyrda çagalarda gödek newrologiki bozulmalary, aňyň bozulmalary ýaly, adatça ýüze çykarylanok. WÖJTÝ-ň doly görnüşli gyzlarda emosional we akyl taýdan ösüşiň çaltlanmagy bellenmeýär, şonuň üçin olaryň hronologiki ýaşyndan has öňe gidýän fiziki ösüşi bolsa-da, endigi we özüni alyp barmak boýunça ýerine ýetirip bolmajak talaplary bildirmeli däl. Beýle talaplar emosional üzülmä getirip biler. Serebral etiologiýaly WÖJTÝ-ň kliniki suratynda organiki we funksional patologiýada wajyp alamat, organiki patologiýada wagtyndan öň jynsy ýetişiş alamatlary, düzgün bolşy ýaly, newrologiki simptomatikadan soň gijiräk ýa-da onuň ösüşiniň fonunda ýüze çykýar. Funksional häsiýetli serebral patologiýada WÖJTÝ alamatlary ilkinji bolup ýüze çykýar, käwagt bolsa gipotalamiki gurluşlaryň funksiýasynyň bozulmalarynyň ýeke-täk ýüze çykmalary bolup galýarlar. Wagtyndan öň jynsy ýetişişli çagalara gözegçilik edilende jynsy ýetişiş doly we doly däl görnüşinde ýüze çykýar, jynsy ýetişiş döwrüniň özüniň geçişinde ep-esli tapawut anyklanýar. Doly görnüşine ikilenji jyns alamatlarynyň döremegi we aýbaşy halkanyň bolmagy häsiýetli, doly (hakyky) görnüşinde gipotalamus-gipofiz-ýu-



**3-nji surat.**
4 ýaşly näsag.
Jyns taýdan wagtyndan öň ýetişmegiň doly görnüşi.

murtgalyklar ulgamynyň tutuş aktiwasiýasy döreýär. Gamartomada WÖJTÝ alamatlary 2 ýaşa çenli ýüze çykýar, başga sebäplerde gijiräk 5-7 ýaşda ýüze çykýar (3-nji surat). Doly görnüşinde süňkleriň ösüp ýetişiş hadysalary has çaltlaşan. Boýunyň ösüşi we süňkleşme tizligi deňeşdirilende, doly görnüşinde süňkleşme tizligiň has öňe gidýändigi görünýär. Doly görnüşli WÖJTÝ çagalar ömrüniň 2-nji onýyllygynda düzgün bolşy ýaly kiçi boýy we displastiki beden guruluşy bilen tapawutlanýarlar (eller, aýaklar kelte, uzyn göwre, giň çanaklyk, dar eginler). Önelge döwre ýeten gyzlar bolsa pes boýy bilen tapawutlanýarlar. Menopauza öz wagtynda başlaýar. WÖJTÝ-ň doly däl görnüşi (R.Ducharme boýunça izolirlenen, 1982ý) telarhe, adrenarhe we pubarhe, menarhe görnüşinde ýüze çykyp bilýär. Telarhe, adrenarhe we pubarheniň ir başlamagy ýygy duşýar, izolirlenen menarhe örän seýrek.

Telarhe – süýt mäzleriniň ulalamgy, adatça iki tarapdanam, köplenç ömrüniň ikinji ýylynda (4-nji surat). Birnäçe aýlap ýa 2-3 ýyl dowam edýär, soň öz-özünden yzyna gaýdýar. Telarhede gonadotropinler ýokarlanmadyk. Plazmanyň estrogenleri ýokarlanmadyk, örän seýrek ýagdaýda estradiolyň sekresiýasynyň

gysga wagtlyk ýokarlanmagy bellenýär. Süňk ýaşy kalendar ýaşyna gabat gelýär. Telarhe estrogenleriň kadaly derejesine süýt mäziniň dokumasynyň ýokary duýujylygynyň netijesinde ýa-da ganda gonadotropinleriniň mukdarynyň gysga wagtlyk ýokarlanmagy netijesinde bolup biler.

Adrenarhe we pubarhe – izolirlenen ýa-da telarhe bilen utgaşan görnüşinde ýygy duşýar. Degidroepiandrosteronyň (DGA) we onuň sulfatynyň derejesi adatça ýokarlanan. Süňk ýaşy senenama ýaşyndan öňde bolup biler, ýöne hronologiki ýaşa gabat gelip hem biler. Saçlaryň ösmegi DGA-nyň periferiýada testosterona öwrülmeginiň netijesi diýip çak edýärler. Plazmanyň gonadotropinleri we estrogenleri ýaşa görä kadanyň çäginde bolýar. Doly we doly däl görnüşleri, şeýle hem jynsy ýetişiş tizligi bilen hem tapawutlanýarlar. WÖJTÝ-ň doly görnüşinde fiziologiki jynsy ýetişiş tizliginden has öňe gidýän hemme ikilenji jyns alamatlarynyň güýçli ösüşi bellenýär. Käbir maglumatlara görä menarhe çenli süýt mäzleriniň ösüp başlamagy döwri ortaça 18 aý bolup, ol adaty ösüş tizliginden ep-esli ýokarydyr. Jynsy ýetişiş tizligi fiziologiki jynsy ýetişişde bu möhletinden 2 esse köp bolup biler.



**4-nji surat.**
3 ýaşly näsag. Jyns taýdan wagtyndan öň ýetişmegiň doly däl görnüşi. elarhe.

Gonadotropinleriň, estrogenleriň bölünip çykyşyny we dinamikada kolpositologiýany öwrenmek doly görnüşi bolan çagalarda owulýator halkalaryň bellenýändigini görkezdi. A.Comas (1982 ý.) merkezi gelip çykyşly WÖJTÝ-li näsaglarda gormonlaryň barlagynda gonadotropinleriň – käwagt FSG, käwagt – LG, köplenç ikisiniňem ýokarlanýandygyny görkezdi. Barlananlaryň 90%-de estrogenler kadadan ýokary boldy.

W.N.Demçenko we A.A.Zlatkin (1982 ý.) aýdyň newrasteniki simptomatikasyz şeýle näsaglarda ep-esli giperprolaktinemiýany ýüze çykardylar. Şol bir wagtda gonadotropinler we estrogenler ýokarlanan, awtorlar giperprolaktinemiýa jynsy steroidleriň köpelmegi netijesinde bolup biler diýip hasap edýärler.

WÖJTÝ-ň izoseksual tipli ýumurtgalyk görnüşi seýrek duş gelýär. Ol ýumurtgalyklaryň follikulýar kistalarynda, gormonal işjeň çişler bolanda ýüze çykyp biler. Ýumurtgalygyň çişleriniň arasynda granulýoz öýjükli we tekalipoid çişler duş gelýär. Ýumurtgalygyň gormonal işjeň çişleriniň köp mukdarda estrogenleri öndürmegi WÖJTÝ-gi ýüze çykarýar. Ýöne çişiň ululygy we öndürilýän estrogenleriň mukdarynyň arasynda parallelizm bolanok. Follikulýar kistalar hem estrogen işjeňlik häsiýetine eýe. WÖJTÝ-giň gormonal işjeň çişlerinde kliniki suraty beýni görnüşinden tapawutlanyp, uly bolmadyk ikilenç jynsy alamatlaryň ösüşi (emzikleriň we emzik töweregi meýdanyň çişmegi we reňkiniň goýalmagy, süýt mäzleriniň I, käte II derejä çenli ulalamagy, goltuk asty we jynsy sebitleriniň has tüýlenmegi), sazlaşyksyz häsiýetli jynshanadan ganjymak bölünip çykmalar ilkinji simptomy bolup durýar. Bu ýagdaýlarda daşky we içki jyns agzalary estrogenlerden doýgun häsiýetde bolýar: wulwa gögümtil, jynshana gasynlary has ösen, "göreç" alamaty, ýatgynyň ölçeginiň ulalmagy. Estrogenleriň bölünip çykmagy ululary ňkyň derejesine gabat gelýär. Gonadotropinleriň

bölünip çykyşy köp bolmadyk. Ýumurtgalygyň gormonal işjeň çişli näsaglarda somatiki ösüş merkezi (serebral) gelip çykyşly WÖJTÝ-li näsaglardan tapawutlylykda çalt depginde geçenok. Gyzjagazlaryň süňk ösüşi, boýy, senenama ýaşyna gabat gelýär (çişlerde estrogen täsiri gysga wagtlyk bolýandygyny göz öňünde tutmaly). Follikulýar kistalar bilen häsiýetlenýän WÖJTÝsüýt mäzleriniň uly bolmadyk derejede ulalmagy we ganjymak bölünip çykmalar ilkinji alamaty bolýar. Somatiki ösüşiniň çaltlaşmagy ýüze çykarylanok. Follikulýar kistalaryň wagtyndan öňki jynsy ýetişmäge sebäp bolýanlygy baradaky sorag heniz jedelliligine galýar. Geçirilen barlaglaryň arasynda follikulýar kistalar gipofiziň wagtyndan öň işjeňleşmegi we ýumurtgalygyň gonadotropinlere ýa-da giperestrogeniýanyň aýratyn çeşmesiniň sebäbi ýa-da netijesi bolýanlygy baradaky ýeke-täk pikirler ýok. Follikulýar kistalar doly däl ýa-da tranzitor WÖJTÝ-ň sebäbi bolup bilýanligini  hakynda maglumatlar bar.

Tapawutlandyryş kesgidi üçin izoseksual tipli WÖJTÝ-da eger gipotalamo-gipofizar meýdanyň, ýumurtgalygyň patologiýasy ýüze çykarylmasa – wagtyndan öň jyns taýdan ýetişmek konstitusional häsiýetli bolup biler. Munda lynsy ýetişişiň ysygiderliligi we depginleri bozulmadyk. Bu gyzjagazlarda pubertat döwür has irki ýaşa süýşirilen ýaly bolýar. Beýle gyzjagazlarda çaltlaşan jynsy ýetişişiň sebäbi belli däl bolup galýar. WÖJTÝ-ň konstitusional görnüşini bedeniň içki gurşawynyň üýtgeşmeleri bilen genetiki şertlenen üýtgemeleri netijesinde akselerasiýanyň ýüze çykmalarynyň biri hökmünde kesgitläp bolar.

WÖJTÝ-ň (doly görnüşiniň) izoseksual görnüşiniň bejergisi. Bu görkezilen bozulmalaryň bejergisiniň iki ugry bar: birinji – ýetişigiň çaltlanmagyny döreden patologiýanyň bejergisi, ikinji – wagtyndan öň ýetişmek hadysalaryny togtatmak.

Keseliň serebral gelip çykyşynda ösüşiň antenatal döwrüniň oňaýsyz geçişiniň netijesi barada gürrüň barýar: ýokanç–toksiki keseller, dogrum şikesleri we asfiksiýa. Bejergi çäreleri patogeneziň aýratynlyklary bilen kesgitlenýär, ýöne gynanasakda, newropatologlar şu wagta çenli çagalarda diensefal patologiýanyň bejergisi üçin ýeterlik täsirli serişdelere eýe däl. Witaminleri, degidratasion bejergi, $B_1$ witamin we nowokain bilen nazal elektroforez ulanylýar, şu bejerginiň kanagatly netijeleri ýazylyp beýan edilen. Beýni çişlerinde operatiw bejergi görkezilen. Gamartomalarda operatiw bejergilerde ýokary ölümçilik ýüze çykýandygy sebäpli, konserwatiw bejergini ulanýarlar. Öňüni alyşda antenatal we intranatal patologiýa bilen göreşmek uly ähmiýete eýe.

Jynsy ýetişik hadysanyň özüni togtatmak üçin häzirki zaman endokrinologiýada gipofiziň gonadotrop işini basýan serişdeler bar; soňky ýyllarda görkezilen ýagdaýlarda çagalarda estrogen gestagen serişdeleriň ulanylyşy barada işler çap edildi. Oksiprogesteron – asetat we seproteron-asetatyň ulanylmagy barada hem maglumat bar.

Medoksiprogesteron-asetat ýa-da oksiprogesteron kapronat 6,5% antigonadotrop täsir edýärler. Medoksiprogesteron-asetat 50-100 mg mukdarda myşsa içine her 15 günden 2-6 aýyň dowamynda ulanylýar. 17 – gidroksiprogesteron kapronat muskul içine 1 ml-den her 10 günden 5-6 aýyň dowamynda ulanylýar. Siproteron-asetat antigonadotrop aktiwlilige eýe, ýokary gestagen aktiwligi we antiandrogen täsire eýe bolup, androgenleriň nyşan – agzalaryna togtadyjy täsir edýär. Süňk ýaşyna täsir etmeýär.

## IX.2. Jyns taýdan ösüşden yza galmak (jynsy ýetişmegiň saklanmagy)

13-14 ýaşda ikilenji jyns alamatlarynyň bolmazlygyna ýa-

-da ösüp ýetişmezligine we 15 ýaşda aýbaşynyň bolmazlygyna jynsy ýetişmegiň saklanmagy hökmünde seretmeli. Somatiki anomaliýasyz we wirilizasiýa alamatsyz jynsy ýetişmegiň saklanmagy aýratyn ünsi özüne çekýär. Somatiki ösüşde yza galmasyz 15-16 ýaşly gyzlarda ikilenji jyns alamatlary we aýbaşy bolmasa seýrek bolmadyk ýagdaýlarda jynsy ýetişmegiň saklanmagynyň sebäbini wagtynda anyklamazdan, garaşmaklyk teklip edilýär. Emma somatiki anomaliýasyz we wirilizasiýasyz jynsy ýetişmegiň saklanmagynyň çuňňur öwrenilmegi göräýmäge bir meňzeş näsaglaryň arasynda sebäpleri we hat-da somatiki ýüze çykmalary boýunça dürli bolan görnüşleri tapawutlandyrmaga mümkinçilik berdi.

**Merkezi gelip çykyşly (sebapli) jynsy ýetişmegiň saklanmagynyň klinikasy.** Bu patologiýanyň sebäbi gipotalamiki gurluşlaryň sazlaýjy işiniň bozulmalary bolup durýar. Şeýle näsaglaryň ejelerinde we uýalarynda aýbaşynyň we önelge funksiýanyň ýygy bozulmalarynyň (giçki menarhe, ikilenji amenoreýa, gipomenstrual sindrom, ilkinji önelgesizlik) bellenmegi häsiýetli. Bu maglumatlary göz öňünde tutup, gipofiziň işini sazlaýan ýokary serebral mehanizmleriň käbir nesle geçiji kemçiliklerini güman etmek bolar. Mundan başga-da dowamly tonzillit, guragyry, gripp, pnewmoniýalar ýaly infeksion-toksiki keseller şeýle hem dartgynly ýagdaýlar merkezi sebäpli jynsy ýetişmegiň saklanmagy bolan näsaglarda kadaly ýetişýän gyzlara garaňda ýygy duş gelýär. Bu oňaýsyz faktorlary gipotalamiki gurluşlaryň işiniň bozulmagynyň sebäpleriniň biri hökmünde hasap etmek bolar. Käbir awtorlaryň (L.F.Kulikowa 1978) maglumatlaryna görä guragyry näsag gyzjagazlarda gipofiziň gonadotrop funksiýasynyň basylmagy we bu funksiýanyň ösüşinde ýaş yzygiderliginiň üýtgemegi ýüze çykaryldy, ol bolsa siklikligiň has giç döremegi bilen ýüze çykýar. Bu patologiýada aýbaşy bolanok ýa-da örän seýrek ýagdaýlarda guragyrly, ýagny ýylda 1-2 gezek we az muk-

darda aýbaşylar bolýar. Antropometriki barlaglar aýaklaryň we elleriň uzynlygynyň ulalmagynyň hasabyna boýunyň uzyn bolmagyny, çanaklygyň kese ölçegleriniň az-kem kiçelmegini ýüze çykarýar. Süňkleşme hadysalaryň saklanmagy bellenmeýär, süňk ýaşy senenama ýaşyna laýyk gelýär. Ikilenji jyns alamatlar ösüp ýetişmedik, seýrek ýagdaýda olar asla ýok, aýratyn hem süýt mäzleri ösüp ýetişmedik. Ýöriteleşdirilen barlag daşky we içki jyns agzalarynyň gipoplaziýasyny ýüze çykarýar, ol hem pnewmoperitoneum şertlerinde rentgenografiýa barlagy bilen tassyklanýar. Ýatgynyň gipoplaziýasy ýumurtgalyklaryňka garanyňda has aýdyň ýüze çykan. Kolpositologiki gipoestrogeniýa ýüze çykarylýar. LG we FSG-ň bölünip çykarylyşy sagdyn gyzlaryňky bilen deňeşdirilende has peselen, olaryň ekskresiýasy bolsa dinamikada asikliki häsiýete eýe. Şeýlelikde, merkezi gelip çykyşly jynsy ýetişmegiň saklanmagy bolan näsaglarda ýumurtgalyklaryň estrogen funksiýasynyň peselmegi gipofiziň gonadotrop işjeňligiň peselmegi netijesinde bolup durýar. Ýöne horiogoninli synag ýumurtgalyklaryň ýeterlik gormonal ätiýaçlygyny ýüze çykarýar. Ol ýumurtgalyklaryň funksional ýagdaýyny we gipofiziň gonadotrop funksiýasyny anyklamak üçin ulanylýar. Ýumurtgalyklar stimulýasiýa jogap bermäge ukyply bolsalar, olar esasan lýuteinizirleýji işjeňlige eýe bolan horiogonin göýberilenden soň jyns gormonlarynyň emele gelmegini güýçlendirýärler. Kemçilikli ýumurtgalyklar horiogoniniň uly mukdarlary göýberlende-de gormonlaryň çykarylyşyny güýçlendirip bilmeýärler. Synagy 3-5 günüň dowamynda günde 500-1500 B horiogonini wena damynar göýberip geçirýärler. Synaga çenli, synag geçirilýän wagty we ondan soň 7-10 gün estrogenleriň ekskresiýasy we kolpositogramma boýunça estrogen doýgunlylyk barlanýar. Jynsy ýetişmegiň saklanmagynyň merkezi görnüşinde synag oňaýly, ýagny jynshana epiteliýasynyň ýüzleý öýjükleriniň göterimi we estrogenleriň

ekskresiýasy ýokarlanýar. 10-14 günden soň aýbaşa meňzeş reaksiýa bolmagy mümkin. Merkezi gelip çykyşlydygyny tassyklamak üçin rilizing-gormonly synag hem görkezilen, onda bir gezek damar içine 100 mkg göýberilip, soň 3 sagadyň dowamynda ganda LG we FSG mukdary kesgitlenilýär. 30-120 minutdaň soň gonadotropinleriň derejesiniň ýokarlanmagy keseliň merkezi gelip çykyşyny görkezýär. Bu näsaglarda EEG-ň öwrenilmegi dienseфal gurluşlaryň funksional bozulmalaryny görkezýär: ýygylygy boýunça deň bolmadyk gipersinhronizirlenen α-ritm, yrgyldama diapazonynda haýal işjeňligiň paroksizmal hatarlary; käbir näsaglarda kiçi amplitudaly α -yrgyldamalar topary bellenýär.

**Bejergi toplumlaýyn bolmaly.** Newropatolog bilen bilelikde geçirilýän diensefal meýdanyň funksiýasyny kadalaşdyrmaga gönükdirilen umumy bejergiden başga-da, gonadotropinleri, rilizing-gormonlary (liberinleri), estrogenleri göýbermek görkezilendir. Estrogenleriň uly ähmiýeti diňe olaryň göwüs mäzleriniň we jyns agzalaryň ulalamagyna edýän mahsus täsiri bilen däl-de, eýsem LG we FSG-ň emele gelmegini we bölünip çykarylmagyny güýçlendirýän gipotalamiki rilizing-gormonlarynyň bölünip çykmagyna edýän täsiri bilen hem bagly.

**Ýumurtgalyk gelip çykyşly jynsy ýetişmegiň saklanmagynyň klinikasy.** Bu görnüşinde saklanma gipofiziň gipergonadotrop işjeňliginde ýumurtgalyklaryň gormonal funksiýasynyň aýdyň peselmegi bilen baglydyr. Bu hromosom patologiýa bilen bagly däl we ony ýumurtgalyklaryň funksional ýetmezçiligi bilen düşündirmek mümkin. Patogenetiki mehanizmler anyklananda ilki bilen ösüşiň antenatal döwrüne üns bermeli. Göwreliligiň geçişiniň gaýraüzülmeleri köplenç fetal ýumurtgalyklaryň morfofunksional üýtgemelerini bozýarlar, ol hem doglandan has giçki ýaşaýyş döwürleriň dowamynda

bildirmegi mümkin. Şeýle hem hapgyrtma we gyzylja netijesinde ýumurtgalyklaryň follikulýar apparatynyň zeperlenmegini çaklamak bolar. Ýokanç zeperlenme netijesinde ýumurtgalyklaryň innerwasiýasynyň bozulmagy olaryň gonadotropinlere duýujylygynyň üýtgemegine getirip biler. Ýumurtgalyklaryň funksional ýetmezçiliginiň döremeginde estrogenleriň sintezine gatnaşýan fermentatiw ulgamlaryň genetiki şertlendirilen ýetmezçiligi hem duş gelýär. Ýumurtgalyklaryň ilkinji funksional ýetmezçiliginiň sebäbiniň anyklanmagy geljekki barlaglara mätäçdir. Bu patologiýada aýbaşylar bolanok. Beden gurluşynda interseksual alamatlar bellenýär: döş kapasanyň göwrüminiň ölçeginiň ulalamagy, çanaklygyň ölçegleriniň kiçelmegi, süňk ýaşy senenama ýaşyndan düzgün bolşy ýaly yza galýar. Ikilenji jyns alamatlary, aýratyn hem süýt mäzleri, ösüp ýetişmedik (5-njy surat). Ginekografiýa we laparoskopiýa bilen tassyklanan ginekologiki barlag ýatgynyň gipoplaziýasy we ýumurtgalyklaryň ölçeginiň kiçelmegi barada şaýatlyk edýär. Jynshana çalgysynyň sitologiki suratynda gipoestrogeniýa merkezi görnüşli jynsy ýetişmegiň saklanmagyna garaňda has aýdyň ýüze çykýar.



**5-nji surat.**
14 ýaşly näsag. Jyns taýdan ösüşden yza galmak. Ilkinji amenoreýa. Ikilenji jyns alamatlarynyň ýoklugy.

FSG we LG-ň bölünip çykarylyşy ýaş boýunça kadadan 2-2,5 esse ýokary bolýar. Gonadotropinleriň bölünip çykarylyşy asikliki häsiýetli bolýar. Ýumurtgalyklaryň tijendirilmegi näsaglarda täsirsiz. Jynshana çalgysynyň öýjük düzümi horiogonin göýberlenden soň üýtgemeýär diýen aýly. 16 ýaşa çenli çagalarda EEG-da üýtgemeler ýüze çykarylmaýar, 16 ýaşdan soň α-ritmiň generalizasiýasy we onuň beýniň öňki bölümlerine irradiasiýasy bellenýär. Jynsy ýetişmegiň saklanmagynyň bu görnüşiniň bejergisi bilimleriň häzirki zaman derejesinde ikilenji jyns alamatlarynyň ösdürilmegine we skeletiň ösüş hadysalaryny kadalaşdyrmaga gönükdirilen estrogenler we gestagenler bilen ornuny tutujy bejergini bellemeklige gönükdirilýär (infantilizmiň we gonadalaryň disgeneziýasynyň bejergisine seret).

Jyns ösüşiniň çäkli saklanmagy.

Eger-de gyzjagazlaryň ösüşinde menarhe, adrenarhe ösüş kadaly bolup, göwüs mäzlerinde gipoplaziýa ýa-da aplaziýa bolsa – muňa jyns ösüşiniň çäkli saklanmagynyň bir görnüşi hökmünde seredilýär.

**Anyklanylşy:**

– agram-boý görkezijisine, beýleki jyns agzalarynyň ösüşine baha bermek.

– ganda gormonlary kesgitlemek: (gonadotropinler, prolaktin, estrogenler, progesteron).

– kiçi çanaklygyň agzalarynyň ultrases barlagy.

– göwüs mäzleriniň ultrases barlagy.

Ikilenji jyns agzalarynyň kadaly ösüp menarheniň saklanmagy - bu jyns ösüşiniň çäkli saklanmagynyň ýene bir görnüşidir.

Menarheniň saklanmagynyň esasy sebäbi – bu testikulýar feminizasiýa bolup, munda näsaglar erkek genotipli (46 XX) we aýal fenotipli bolýarlar.

Bu patologiýa birleşen X hromosomanyň resessiw ýa-da dominant görnüşinde nesilden geçýär. Bu ýagdaý maşgalada birnäçe çagalarda bolup bilýär. Bu sindrom androgenlere duýujylyk bolmadyk ýagdaýynda ýüze çykýar.

Düwünçek göwredekä – emele geliş döwründe – ýatgy, turbalar, jynshana ösmeýär. Erkek gonadalary – tohumlyk – kiçi çanaklykda, gasykda, jyns dodaklarynda ýerleşmegi mümkin.

**Anyklanylşy:**

– umumy serediş, ikilenji jyns agzalarynyň ösüşine baha bermek.

– rekto-abdominal barlagy.

– kariotipi kesgitlemek.

– çanaklyk agzalarynyň ultrases barlagy.

– anyklaýyş laparotomiýa.

– ganda gonadotropinleriň mukdaryny kesgitlemek.

## IX.3. Jyns taýdan ösüş bolmazlygy

Jyns ösüşiň ýoklugy dogabitdi kemislikleriň: gonadalaryň disgeneziýasy, kä halatlarda ýumurtgalyklaryň asla ýoklugy zerarly ýüze çykýar. Gonadalaryň disgeneziýasy – bu kemçilik jyns öýjükleriniň hromosom anomaliýalary bilen baglanyşykly. Birnäçe geçirilen işleriň esasynda A.Ýost (1947, 1953ýý) öz pikirlerini aýdanda aýal fenotipi esasy neýtral fenotip diýip belläpdir. Şol sebäpli, eger-de erkek differensiasiýasyny ýüze çykarýan embrional erkek jyns mäziniň sekresiýasy bolmasa, onda aýal fenotipi emele gelýär. Bu bolsa gonadalaryň disgeneziýasy düwünçegiň enäniň göwresinde ösüşiniň kritiki döwürlerinde, ýagny jyns öýjükleriň differensiasiýasynyň geçýän döwründe käbir ýaramaz ýagdaýlaryň (infeksiýalar, intoksikasiýalar) täsir etmegi zerarly bolup biler diýip netije çykarmaga mümkinçilik berýär. Ýokary duýgurlygy sebäpli gonadalaryň dokumasy ölýär

we onuň deregine birleşdiriji dokuma emele gelýär. Kä alymlaryň çaklamalaryna görä, disgeneziýanyň sebäbi – hromosomalaryň dogabitdi defektleri durýar.

Klinikasy: gonadalaryň disgeneziýasynyň üç görnüşi bar: Terneriň sindromy, arassa görnüşli gonadalaryň disgeneziýasy, garyşyk görnüşli gonadalaryň disgeneziýasy. Şu güne çenli gonadalaryň disgeneziýasynyň köp görnüşli sebäpleri anyklanmandyr. Käbir alymlaryň çaklamasyna görä, Terneriň sindromy genetiki kemislikleriň toplumy esasynda ýüze çykýar. Gonadalaryň disgeneziýasynyň "arassa" görnüşi myşsalaryň, süňkleriň we beýleki ulgamlaryň kadaly ösmeginde ýüze çykýar. Beýleki alymlaryň çaklamasy boýunça hromosomalar üç genlerden ybarat: gen I – jyns infantilizmiň geni, gen S – karlik we gen ýa-da genleriň kompleksi; A – (anomaliýalar) – süňk – myşsa, ýürek, deri, böwrek, göz anomaliýalaryň. Alymlar gonadalaryň disgeneziýasyny genleriň defektine görä aşakdaky toparlara bölmegi hödürleýärler:

1. I+S+A – üç geniň kemisligi (infantilizm, karlik, anomaliýalar) ýüze çykýan Terneriň sindromy, genetiki aýallarda we erkeklerde.

2. S+A – kiçi boýly, birnäçe anomaliýaly, emma infantilizmiň alamatlary ýok.

3. A – dürli görnüşli anomaliýalar; boýy kadaly we infantilizmiň alamatlary ýok.

4. I+S – infantilizm we kiçi boýy.

5. I – infantilizm, käbir halatlarda kadaly boýly, dogabitdi kemislikler ýok, ýöne jyns taýdan ösüp ýetişmezlik alamatlary bar.

Kliniki alamatlary gonadalaryň disgeneziýasynyň embrional ösüş döwriniň ýeketäk defekti ýa-da onuň mezodermal başlangyçlaryň zeperlenmegi bilen bilelikde gelýänligine bagly. Terneriň sindromy: ilki bu keseliň alamatlaryny 1925

ýylda N.A.Şereşewskiý, soňra bolsa 1938 ýylda N.Terner onuň üç häsiýetli alamatlaryny aýratyn görkezdi. Gonadalaryň disgeneziýaly çaga doglanda kiçi agramly, ellerinde we aýaklarynda çişler bolýar. Soňky ösüş döwründe-de örän haýal ösýärler. Gonadalaryň disgeneziýasynda has hem amenoreýa alamaty ýüze çykýar. “Arassa” görnüşli gonadalaryň disgeneziýasynda somatiki taýdan anomaliýalar ýok, ýöne jyns agzalarynyň infantilizmi ýüze çykýar. Garyşyk görnüşli gonadalaryň disgeneziýasynda näsaglaryň boýy uzyn bolýar, göwüs mäzleri düýbünden ýok, jyns agzalarynyň tüýleri köp, klitory uly, sesi pes tembrly. Somatiki anomaliýalar ýok.

**Bejergi:** gonadalaryň disgeneziýasynda mümkin boldugyça ir başlamagy. Näsaglar gonadalaryň disgeneziýasynda gormonal bejergini almaly. Näsaglarda düýbinden önelgesizlik bolýar.

**Testikulýar feminizasiýa.**

Etiologiýasy, patogenezi

Interseksuallygyň bu görnüşine erkek germafroditizmiň agyr görnüşi hökmünde garaýarlar. Bu üýtgeşmeler diri doglan çagalaryň 20 müňüsinden birinde tapylýar. Keseliň esasynda resessiw nesle geçýän jyns bilen bagly genetiki anomaliýanyň ýatan bolmagy mümkin.

Testikulýar feminizasiýasy – bu embrional döwrüniň üçülenji aýynda başlanýan ösüşiň bozulmasy.

Jyns tapawutlanyşynyň bozulmasy erkek hromosom toplumly we erkek jyns mäzli, onda-da olaryň periferiki dokumasy androgenlere durnukly bolan şahslarda ýüze çykýar. 5α–reduktazanyň ýetmezçiligi testosteronyň digidrotestosterona öwrülmegine päsgel berýän bolmagy ýa-da testosteronyň plazmada baglanmak ukybynyň ýokarlanmagy mümkin. Bularda ýumurtgalarda emele gelýän X faktory täsirli we şonuň üçin paramezonefral akaryň inwolýusiýasy ýüze çykýar. Beýleki tarapdan bolsa, täsirli androgen stimulýasiýasy bolmaýar.

**Klinikasy.**

Çagalyk döwründe näsaglary köplenç gasyk ingisi sebäpli hirurga iberýärler. Jyns taýdan ýetişmeklik döwründe jyns agzalarynda we goltuk asty oýunda tüýleşme başlamaýar. Ýetginjekleri ilkinji amenoreýa biynjalyk edýär (6-njy surat). “Ýetişen aýallar” önelgesizlik sebäpli lukmana ýüz tutýarlar.

Aýala mahsus bolan daşky durky, otnositel uzyn boýy jyns agzalarynda we goltukasty oýda tüýleriň bolmazlygy keseliň kesgitlemesini goýmaga esas bolýar (“tüýsiz aýal”). Jynshana kör gutarýar. Ýatgy, ýatgy turbalary we ýumurtgalyklar palpirlenmeýär hemde laparoskopiýada anyklanylmaýar. Yumurtgalar palpirlenýär ýa-da laparoskopiýada anyklanylyp bilner. Gistologiýada biopsiýa edilende ýumurtgalary embrional tohum kanaljygynda tapýarlar; spermatogenez bolmaýar. Leýdigiň öýjükleri (granulositler) gowy ösen. Aýry ýagdaýlarda tubulýar adenoma tapylýar. Ýumurtgalar aşakda ýerleşende jyns agzalary aýal görnüşde däl-de, jyns ujydny ýatladýan klitorly germafrodit tipde, özi hem “jynshana”, ýagny urogenital sinus birnäçe sm gysgalan bolýar. Bu seýrek ýagdaýlarda kämahal fenotipik we psihoseksual ösüşli erkek görnüşde bolmagy mümkin.



**6-njy surat.**
15 ýaşly näsag.
Testikulýar feminizasiýa sindromy. Ilkinji amenoreýa.

Androgenleriň öndürilişi oglanlaryňka we şol ýaşdaky erkekleriňkä gabat gelýär. Estrogenleriň öndürilişi

erkekleriňki ýaly. 17KC derejesi kada laýyk. Gonadotropinleriň öndürilişi kada ýa-da sähelse ýokarlanan. Hromosom barlagynda kariotip 46/XY tapylýar; Barro synagy otrisatel, deprek taýajyklary tapylmaýar. Çaga ginekologlarynyň pikirine görä her bir gaşyk ingisi bolan çaga testikulýar feminizasiýanyň bolup biljekdigi göz öňünde tutulyp, jikme-jik barlanylmalydyr.

**Tapawutlandyryş anyklanylyşy.**

Maýer – Rokitanskiý – Kýusteriň sindromyny inkär etmeli. Bu sindromda jyns agzalaryň töwereginde we goltukasty öýda tüýler bolýar.

Hromatin jynsy XX, Barro synagy oňaýly, deprek taýajyklary tapylýar.

Irki çagalyk döwründe aýal somatiki we psihoseksual ösüşli doly däl testikulýar feminizasiýasy bilen erkek ösüşli ýamyzyň gipospodiýasyny tapawutlandyrmak kyn. Şu ýagdaýda ýeke-täk görkesiji – nesil yzarlaýjylykdyr; ýamyz gipospodiýasy autosom resessiw tipde nesle geçýär, testikulýar feminizasiýa onuň doly däl aralyk görnüşi bilen diňe sagdyn aýaldan geçýär. Şonda-da, çaga ginekology gözegçilik eden wagty jynsy anyklamak köplenç kyn we mümkin bolmaýar. Aýry ýagdaýda bu agyr psihiki, sosial urgy, şahsyň hukuklaryna täsir edýär, onuň taýýar bolmadyk beýleki ýagdaýlaryna getirip bilýär.

**Bejergi.**

Öňler testikukýar feminizasiýada köplenç howply çişiň öňüni almak üçin, ýumurtgalary aýyrýardylar.

Ýöne beýle näsaglaryň ýumurtgasynda howply çişler takyk statistik maglumatlara görä sagdyn erkekleriňkiden köp ýüze çykmaýar. Şonuň üçin beýle operasiýany geçirmek zerur däl, sebäbi onuň netijesi diňe bir kastratyň emele gelmegi däl-de, madda çalşygynyň hem bozulmagydyr.

Bular ýaly ýagdaýda somatik we psihiki aýal häsiýetli

şahslar özleriniň önelgesizligini bilmeli, ýöne hromosom toplumy we gormonal häsiýeti boýünça olary erkek jynsa degişli edilýändigini aýtmak bolmaýar. Bu has hem zerur, ýagny bu şahsyň seksual işjeňligi bozulmadyk. Bularyň intellektiniň ýokary derejededigini görkezmelidir.

Seýrek ýagdaýlarda erkek jynsyna ýykgynly bolanda we erkek psihoseksual oriýentasiýasynda jyns ujydnyň kellejiginde gutarýan uretranyň plastikasyny geçirmäge synanyşmaly. Soňra uregenital sinusa girelgäni ýapýarlar. Munda aýry ýagdaýlarda şahsyň jynsyny üýtgetmeklik hödürlense bolýar.

**Morisiň sindromy, ýalan erkek germafroditizm.**

**Klinika**

1.Psihikasy, beden gurlyşy, ýüzi aýala mahsus.

2. Süýt mäzleri kanagatlanarly ösen.

3.Daşky jyns agzalary aýal görnüşde.

4. Kör jynshana, ýatgy we turbalar ýok.

5. Tohum tanapjygy bar.

6. Ilkinji amenoreýa, ilkinji önelgesizlik.

**Barlaglar**

1. Bazal temperatura- monofazaly.

2.Kolpositologiýa- atrofiýa.

3.Jyns hromatin (-).

4.Kariotip 46 XY.

5.Pelwiografiýa- ýatgynyň we ýumurtgalygyň ýok bolmagy.

**Bejergi:**

1.Ýumurtgany aýyrmaly, has hem olar ektopirlenen bolsa, olaryň howply dömme bolmagy mümkin.

2.Jyns gormonlary bilen ornuny tutujy bejergi.

**Gonadalaryň disgeneziýasy (Terneriň keseli).**

Etiologiýasy we patogenezi. Bu näsaglarda hromosom

barlagynda kariotip 45/XO tapylýar, embrional döwürde germinatiw öýjükler ilkibaşda gonadalara tarap hereket edýär, soňra bolsa heläk bolýarlar, netijede funksionirlenýän jyns mäzleri bolmaýar. Androgenleriň we ýumurtgalara mahsus bolan X faktoryň ýoklygy sebäpli ýetişmedik daşky we içki aýal jyns agzalary emele gelýär. Şol sebäpli mezonefral akarlar atrofirlenýärler, paramezonefral akarlar bolsa saklanyp galýarlar. Gormonal jyns tapawutlanmasy bolmaýar. Paramezonefral akarlar medial bölümlerde birleşýärler, ýöne ýatgy differensirlenmeýär we ýetişmeýär; jynshana düzgün bolşy ýaly dar we köplenç öz funksiýasyny ýerine ýetirip bilmeýär. Daşky aýal jyns agzalary infantil görnüşde bolýar. Diri doglanlaryň 0,02% we öz-özünden düşme ýagdaýynyň 4% duş gelýär. Keseliň nesil yzarlaýandygy subut edilmedik.



**7-nji surat.**
14 ýaşly näsag.
Şereşewskiý-Terneriň sindromy.
Boýnunda ganatgörnüşli epinler,
„sfinksiň kellesi“.

**Klinikasy.** Alamatlar X hromosymynyň ýoklugyna ýa-da doly däldigine baglydyr. Çagalar doglanda boýnunyň gysgalygy, deri gasynynyň örän giňligi (ganat görnüşli boýun), ýeňsede saçynyň çäginiň pesligi bellenýär. Käwagt eliniň we aýagynyň üst ýüzüniň çişi anyklanylýar. Süýt emýän we irki çagalyk döwründe sanalyp geçilenlerden başga üýtgeşmeler tapylmaýar. Mekdep ýaşynda ýa-da ondan hem irräk boýunyň

pesligi; köplenç intellektiň ösmeýänligi bellenilýär. Ene-atasy ilki bilen jyns taýdan ýetişmeýänligini, esasanam ilkinji amenoreýany, ikilenç jyns alamatlarynyň doly ösmeýänligini duýýarlar.

**Anyklanylyşy.** Näsaglaryň köpüsinde boýunyň kiçiligini, galkan görnüşli döş kapasasyny, ganat görnüşli boýnuny, sfinksiň ýüzüni hem-de ýokarda agzalyp geçilen alamatlaryny görmek bolýar (7-nji, 8-nji surat). Köplenç ýagdaýda süňkleriň kemislikleri ýüze çykarylýar: bogunynyň aşa hereketi, 4 penje süňküniň gysgalygy, penjäň barmaklarynyň kemislikleri, osteodistrofiýa. Uly jyns dodaklarynda tegmiliň we ýag dokumalarynyň az saklanmagy, kiçi jyns dodaklarynyň gipoplaziýasy bellenilýär. Jyns agzalaryň tüý örtügi seýrek ýa-da ýok. Adatça klitor gowşak ösen. Süýtmäzleriniň aralygy ulalan, emzikleri ýumşak, gowşak tegmilli, çagaňky görnüşinde, mäzli we ýag dokumasy ýok diýen ýaly. Jynshana çyrşagynda estrogenleriň ýetmezçiligini görkezýän atrofiýa alamatlary anyklanylýar. Keseliň kesgitlemesi hromosom barlagynda 45/XO kariotipiniň tapylmagy bilen tassyklanylýar. Barro barlagy bu näsaglarda otrisatel. Käbir ýagdaýlarda Terneriň keselinde mozaika görnüşleriniň komponentleri ýaly beýleki mukdar we gurluş hromosom kemislikleri



**8-nji surat.**
13 ýaşly näsag.
Şereşewskiý-Terneriň sindromy.
Kelte boýy. Ikilenji jyns alamatlarynyň ýoklugy.

tapylýar. Bu ýagdaýda näsaglar hromatinpolozitel bolýarlar. Gormonal barlagynda estrogenleriň tapylmazlygy mümkin; androgenleriň bölünip çykmasy 10 ýaşdan soň peselýär ýa-da kada derejesinde; gonadotropinleriň umumy bölünip çykmasy aýdyň ýokarlanan (50 ME – den ýokary).

Bulardan başga-da içki agzalaryň agyr kemislikleri, mysal üçin: böwrekleriň, peşew akdyryjylaryň we beýlekileriň; şeýle hem aortanyň boýunjygynyň stenozy bolup biler. Ýumurtgalyklaryň ýönekeý gipoplaziýasyny inkär etmek üçin laparoskopiýa biopsiýa bilen bile geçirilýär. Munda ýumurtgalyklar bilen bile inçe iki sany ak süýüm we iki sany inçe plastinka tapylýar. Gistologiki ýumurtgalyklaryň follikulasyz beýni gatlagynyň dokumasy anyklanylýar.

**Bejergisi.** Estrogenler bilen bejermek birinji orunda durýar, ýöne 13 ýaşdan öň olary bellemek bolanok. Pes boýly näsaglarda estrogenleriň ir kabul edilip başlanylmagy epifizar kitirdewükleriň wagtyndan öň bitişmegine getirýär. Holzmann estradiolyň önüminiň 50-100 mkg 3 hepdäniň dowamynda kabul edip soňundan 1 hepde arakesme bilen bellemekligi maslahat berýär. Konýugirlenen estrogenleri hem bellemek bolýar. Eger aýbaşyny stimulýasiýa etmeli bolsa, onda Kaufmannyň shemasy ulanylýar. Estrogenleriň gytçylyk derejesi kalendar we süňk arasyndaky tapawut bilen kesgitlenilýär. Näsagyň psihikasyna zeper ýetirmezlik üçin oňa önelgesizligi barada duýdurmaly, ýöne seksual işjeňliliginiň ýoklygyny aýtmaly däl. Estrogenler bilen bejermekligiň psihiki taýdan ýetişmeklige we peselen intellekte netijeli täsir edýänligi geňdir.

Terneriň keselinde malignizasiýa garşy gönükdirilen öňüni alyş çäre hökmünde rudimentar gonad waliginiň ekstirpasiýasyny etmek goldaw tapmady.

Terner keseliniň we kariotip 45/XO pes boýly, ýöne

kemissizlik Ressle sindromy diýip atlandyrylýan keseliň arasynda geçiş görnüşi bar. Bejergi Terner keselindäki ýaly geçirilýär.

**Hromosom anomaliýalary, mozaikalar (Terner sindromy)**

**Klinikasy.**

1.Boýy kiçi.
2.Gysga boýun.
3.Ganat şekilli epinler.
4.Tüýleşmäniň we süýt mäzleriniň ýok bolmagy.
5.Ilkinji amenoreýa.
6.Ilkinji önelgesizlik.
7.Emzikleriň deň ýerleşmegi bilen çöken döş kapasasy.
8.Boýunda tüýleriň gysga bolmagy.
9.Oňurganyň gyşarmagy.
10.Daşky jyns agzalary gipoplastiki görnüşinde.
11.Ýatgy týaž görnüşinde.

**Barlaglar.**

1.Bazal temperatura – monofazaly.
2.Kolpositologiýa- atrofiýa III der.
3.Süňk ýaşy pasport ýaşyndan yza galýar.
4.Kariotip XO, XY, XX.
5.Jyns hromatin (-).
6.Estrogenler-pes.
7.Progesteron- pes.
8.Gonadotropinler FSG-yň hasabyna ýokarlanan.
9.17- KS, A, E, DEA-ekskresiýasy peselen.
10. Pnewmopelwiografiýa- ýumurtgalyk we ýatgy örän kiçi.

**Bejergisi.** Egerde geçirilen progesteron synagyndan soň aýbaşa meňzeş bölünip çykmaýan bolsa, onda mundan soň ritmiki siklde kombinirlenen estrogen gestagen derman

serişdeleri bellenilýär; 12-14 ýaşdan, jyns ýetişmekliginden öň başlamaly. Ilki uzak wagtlap estrogenler şu görnüşde ulanylýar.

1. Estradiolyň ýa-da dimetilstilbestrolyň (20 mg) steril gerdejikleriniň ýerli ulanylmagy. Ulanmakdan öň 1 tab. içip synag geçirmeli. Bejergini her 40-80 günden gaýtalamaly.

2. Dimestrol 0,6 %- 2 ml m/i aýda 1 gezek sanjym görnüşinde

3. Stilbestrol 0,02 m/i günaşa

4. Etradiol- dipropionat 0,1% her 2 günden, bejergi kursy 20 gün, 10 gün arakesme 9 aýyň dowamynda.

Kiçi boýlulykda:

1. Adam somatotropini 2-4 ed. m/i hepde-de 3 gezek uzak wagtyň dowamynda (3aýdan 2 ýyla çenli).

2. Metilandrostendiol 0,025 - 1 tab 2wagtyna - 20 gün.

3. Metiltestesteron 0,005 - 1 tab 2 wagtyna - 20 gün.

4. Nerobol (Metandrostenolon) 0, 005 - 1 tab 2 wagtyna - 1-2 aý.

5. Tireoidin 0,1 günde.

6. Foliý turşysy 0,01 estrogenleri kabul etmek esasynda.

Aýbaşy peýda bolanda jyns gormonlary bilen halkalaýyn bejergi – 6–12 aý.

## Gipotalamo-gipofizar bozulmalar

Ilkinji amenoreýanyň sazlaşdyrýan merkezleriň üýtgemegi bilen baglylygy haçanda beýleki sebäpli baglanyşygynyň tapylmadyk ýagdaýynda güman edilýär. Bu ýagdaýlarda semizlik ýygy duş gelýär.

## Ýumurtgalyklaryň gipoplaziýasy

Ilkinji amenoreýanyň ýygy duş gelýän sebäbi bolup durýar. Bu ýagdaýda gistologiki germinatiw parenhimanyň göwrüminiň

kiçelmegi anyklanylýar. Ýöne, sanly follikulaly ýagdaýlar hem duş gelýär. Bu ýagdaýda ýumurtgalygyň ösüşine ýeterliksiz duýyjylygy mälim.

Klinikasy. Näsaglaryň umumy şekili infantil, jyns dodaklary gipoplazirlenen, ýamyzy legen görnüşinde, ýöne göwüs mäzleri kadaly ösen. Gonadotropinleriň derejesi has ýokary, estrogenler emele gelmeýärler.

Tapawutlandyryş anyklanylyşynda gonadalaryň disgeneziýasyny göz öňüne tutmaly. Kesel kesgidi diňe laparoskopiýa arkaly (gonadalaryň biopsiýasy bilen) takyklanylýar.

Bejergisi. Gonadotropinler bilen bejergi ulanylýar, Klomifen gowy netije berýär. Owulýasiýa getirýän derman serişdelerini gyzjagazlarda, ýetginjeklerde howatyrlylyk bilen ulanylmaly. Olary çaga dogurmak islegi bolanda bellemeli.

**Çişler.**

Gipofiziň çişi ilkinji amenoreýanyň sebäbi bolup durýar. Bu ýagdaýlarda newropatologyň we neýrohirurgyň barlagyny geçirmeli.

## Wirilizasiýa

**Adrenogenital sindromy** (dogabitdi böwrek üsti mäziniň gabygynyň wirilizirleýän giperplaziýasy).

Klinika (9-njy surat):

1. Girsutizme, aýbaşy halkanyň bozulmagyna arz edýär. Subýektiw alamat ýok,



**9-njy surat.**
Adrenogenital sindromy.

2. Keseliň başlanmagy çagalykda (1), jynsy ösüş döwründe (2), uly ýaşda (3) bolup bilýär.

3. Aýbaşy halkanyň bozulmagy- opsomenoreýa ýa-da amenoreýa.

4. Önelgesizlik köplenç ilkinji.

5. Girsutizm - maskulinizasiýa alamaty çagalykda ýa-da pubertant döwründe kesel başlansa aýdyň, uly ýaşda kesel başlanda çäkli ýüze çykýar.

1. Beden gurluşynyň görnüşi:

a) erkek ýa-da interseksual (1);

b) erkek (2);

c) erkege meňzeş bolýar (3).

2. Sesi inçelýär.

3. Deride akne alamaty bolýar.

4. Süýt mäzleri atrofirlenen, gipoplastiki häsiýetli.

5. Semizlik häsiýetli däl.

6. Daşky genitaliýalarda: dogabitdi anomal ösüş (1), klitoryň gipertrofiýasy (2;3).

7. Ýatgy atrofirlenen ýa-da gipoplastiki.

8. Ýumurtgalyk gipoplastiki ýa-da kadaly ölçegde.

**Barlaglar:**

1. Bazal temperatura - monofazaly.

2. Kolpositogramma – anowulýasiýa.

3. Endometriý- atrofirlenen (1;2), proliferatiwlenen (3).

4. Estrogenleriň mukdary peselen.

5. Progesteron - böwrek üsti mäziň hasabyna ýokarlanan.

6. Gonadotropinler kadaly derejede.

7. Ekskresiýa 17 KS – bölünip çykmagy ýokarlanan.

8. Ekskresiýa 17 OKS – kadaly ýa-da peselen.

9. Prednizolon ýa-da deksametazon bilen barlagda – 17 KS ekskresiýasy ep-esli peselen.

10. Horiogonin bilen barlagda – 17 KS ekskresiýasy ýokarlanmaýar.

11. Pnewmopelwiografiýa – ýumurtgalyk ulalmady.

12. Suprarenografiýa – böwrek üsti mäzi ulalmadyk.

**Bejergi:**

1.Prednizolon shema boýunça: (5 mg).

4 tab x günde 1gezek №10 gün.

3 tab x günde 1 gezek №10 gün.

2 tab x günde 1 gezek №10 gün.

1 tab x günde 1gezek 2-3 aý.

Egerde 5 mg (1 tab) mukdarda 17 KS-lar 10 mg/ 24 sag-dan ýokary bolsa, onda 1 tab goşmaly. Egerde 17 KS-lar 5 mg/24 sag-da çenli peselen bolsa, onda bu mukdar galdyrylýar (1 tab. agşamyna). Egerde 17 KS-lar 5mg/24 sag-dan aşakda bolsa, onda 1/2 tab geçirilýär.

2. Prednizolon trimetilasetat 50 mg m/i 1 gezek 2-3 hepdede.

**Böwrek üsti mäzleriň gabygynyň çişleri.** (adenoma, howply çişleri), şeýlede jyns ösüş döwründe döreýän onuň giperplaziýasy.

Wirilizasiýa alamatlary aýdyň ýüze çykýar- girsutizm, klitoryň gipertrofiýasy, kähalatda doly ýüze çykan Kuşing sindromy, 17-KS derejesi ýokary.

Bejergisi – operatiw.

**Polikistoz ýumurtgalyklar** (Şteýn-Lewental sindromy).

Alamatlary dürli görnüşli we mahsus däl (10-njy surat). Gyzjagazlarda ikilenji amenoreýa, semizlik we wirilizasiýa ýygy duş gelýär. Bular kliniki anyklanylşy kesgitlemäge mümkinçilik döredýärler. Has aýdyň ulalan ýumurtgalyklar palpirlenip tapylanda bolsa 17 KS we androgenleriň derejesi ýokary, estogenleriň sekresiýasy peselen ýa-da kadaly (follikulostimu-

lirleýän gormonyň derejesi kadaly, lýuteinnizirleýän gormonyň derejesi ýokary), sebäbi näbelli, aromatizirleýän fermentleriň ulgamynda defektiň bolmagy mümkin

**Bejergisi.** Ýumurtgalygyň klin görnüşinde rezeksiýasy saýlanýan usul bolup durýar, ol 80% hem ýokary ýagdaýlarda aýbaşy halkanyň kadalaşmagyna getirýär.

Gonadotropinleriň we klomifeni ulanmaklyk mümkin. Ýumurtgalyklaryň wirilizirleýän çişlerini her bir keseliň anyklanylyşynda inkär etmeli.



**10-njy surat.** Ýumurtgalyklaryň polikstoz sindromy.

# X Bap

## Jyns taýdan ýetişiş döwrüniň gipotalamiki sindromy

Bu sindrom jyns taýdan ýetişiş döwründe madda we trofiki çalşyk bozulmalary, aýbaşy halkasynyň bozulmagy, süňk, ýürek damar we nerw ulgamynyň zeperlenmegi bilen geçýän poliglýandulýar disfunksiýa bilen häsiýetlenýän patologiki simptomokompleks. Bu alamatlar toplumy edebiýatlarda onuň patogenezi baradaky dürli pikirler bilen baglylykda dürli-dürli atlandyrylýar. Keseliň ilkinji atlandyrylyşy “Adipose gynism” we “Ginandrizm” hökmünde S.Simpson tarapyndan 1951 ýylda hödürlendi. Ol bu näsaglary semizlikden ejir çekýän näsaglaryň arasyndan ýüze çykardy we patogeneziň esasy faktorynyň adrenokortikotrop işjeňlik diýip hasaplady. Bu keseli V.Sisson, C.Ovezziýer “Para-Cushing-sindrom”, “Kuşingiň fiziologiki sindromy”, Ýaşlaryň funksional Kuşing sindromy” diýip atlandyrmagy hödürlediler. W.G.Baranow esasy kliniki sindromyň semizlik bolýanlygy sebäpli bu keseli “gülgüne striýaly semizlik” diýip atlandyrmagy hödürledi. M.Ýules we I.Hollo bu ejir çekmäni “mertleşme döwrüniň bazofiliýasy”, Ý.A.Sokol – “pubertat bazofilizm”, N.T.Starkowa we beýleki awtorlar “pubertat-ýetginjeklik dispituitarizm” diýip atlandyrypdyrlar. Patogenetiki gelip çykyşy boýunça bu kesele “gipotolamiki pubertat sindromy”, “jynsy ýetişiş döwrüniň gipotalamiki sindromy” diýip atlandyrmak has şowly hasaplanýar (Weýnberg E.G. we baş., 1980ý).

Bu sindrom has giňden ýaýran kesel. Populýasiýada onuň ýygylygy 4,5-dan 5,9%-e çenli bolup durýar. Bu sindromly näsaglarda premorbid ýagdaýyny öwrenmeklikde onuň ýüze çykmasynda nesil faktorlarynyň, perinatal döwrüniň patologiýalarynyň, çagalykda we esasan jyns taýdan ýetişiş döwründe infeksion-allergiki we trawmatiki täsirleriň belli bir derejede ähmiýetiniň barlygy şaýatlyk edýär.

R.P.Mirimanowa (1983ý) ene-atalarda oňaýsyz nesile-geçirijiligi seýrek bolmadyk ýagdaýlarda ýüze çykardy. Aýratyn hem, semizlik (40, 5%) atalara garaňda enelerde 2,5 esse köp duş gelýär. L.W.Balyň maglumatlaryna görä semizlikden biriniň ýa-da ikisiniň hem ejir çekýän ene-atalaryň çagalary semizligiň ýüze çykmasynyň ýokary howp toparyny düzýär. Ý.A.Knýazew we A.W.Kartelişew (1978) käbir maşgalalarda “aşa iýmitlendirmek” däbini bu sindromyň döremeginiň sebäpleriniň biri hasaplaýarlar, sebäbi şonda işdä we doklugyň gipotalamiki merkezlerinde döreýän disfunksional bozulmalar ýag çalşygynyň bozulmagyna, soňra generalizirlenen dispituitarizme getirýär. Bu sindromly näsaglarda göwreliligiň oňaýsyz geçişi (göwreliligiň ikinji ýarymynyň gestozlary), täze doglanlaryň kelle çanak-beýni şikesleri populýasiýasyndakydan has ýygy duşýar. N.W.Kobozewa we Ý.A.Gurkiniň maglumatlaryna görä göwreliligiň agyrlaşan geçişi endokrin mäzler ulgamynda korrelýatiw aragatnaşyklaryň emele gelmeginde bozulmalara getirip biler. Bu sindromyň etiologiki faktorlaryna barlagçylaryň köpüsi dowamly zäherlenmeleri we infeksiýalary, aýratynam dowamly tonzillit we adenowirus infeksiýalar, agyr emosional stressler we kelle çanak-beýni şikesleri degişli edýärler. Käbir awtorlaryň maglumatlaryna görä çagalykda köp ýyllyk aşa iýmitlenmede islendik toksikoinfeksiýanyň goşulyşmagy bu sindromyň çalt döremegine getirýär. R.P.Mirimanowanyň

maglumatlaryna görä (1983ý) bu sindromly näsaglaryň 39%-de çagalykdan artykmaç agram bellenilýär. Bu sindromyň patogenezinde poliglandulýar disfunksiýa bolup, oňa gipotalamo-gipofizar ulgamynyň derejesinde bozulmalaryň netijesi hökmünde seretmek bolar. Jynsy ýetişiş döwründe gipofiziň trop gormonlarynyň sekresiýasynyň ýokarlanmagy bilen gipotalamusyň işjeňleşmegi bolup geçýär. Jynsy ýetişiş döwrüne häsiýetli bolan gipotalamus-gipofiz-periferiki endokrin mäzler ulgamynyň adaty funksional dartgynlygy oňaýsyz premorbid esasynda we pubertat döwründe dürli zeperli faktorlaryň täsirinde bu patologiki alamatlar toplumynyň emele gelmegine esas bolup biler. Sazlaşykly mehanizmiň bozulmagy bolup geçýär: bir tarapdan gipotalamiki merkezleriň ýagdaýy üýtgeýär, beýleki tarapdan – periferiki endokrin mäzleriň gormonlary sekresiýa etmek ukyby trop gormonlarynyň sekresiýasyna täsir edip bilýär. Bu sindromda merkezi sazlaşdyryjy mehanizmleriň funksiýasynyň fazalaýyn üýtgemeleri bolup geçýär: keseliň irki tapgyrynda gipotalamusyň we retikulýar formasiýanyň gurluşlarynyň, gipotalamo-gipofizar ulgamyň somatotrop, gonadotrop, adrenokortikotrop funksiýalarynyň işjeňliginiň ýokarlanmagy bellenýär. Keseliň möwjemegi bilen gipotalamo-gipofizar ulgamyň giperaktiwligi ätýäçlik ukyplygy saklamak bilen disfunksiýa tarapa üýtgeýär. Ol üýtgemeleriň bir ugra gönükdirilenligi bu sindromyň esasy patogenetiki halkalarynyň biri bolup durýar. Bu sindromda pubertat döwrüň başynda bolup geçýän boý we beden agramynyň has ýüze çykan intensifikasiýasy ösüş gormonynyň ýokarlanan sekresiýasy bilen bagly. Keseliň başynda gipotalamo-gipofiz-böwreküsti mäz ulgamynyň funksional ýagdaýy glýukokortikoid funksiýasynyň işjeňleşmegi soňra böwrek üsti mäziň androgen funksiýasynyň hem aram işjeňleşmegi bilen häsiýetlenýär. Bu näsaglarda

gipotalamo-gipofizar-böwreküsti mäz ulgamyň funksional ätýäçlik ukyplylygy, garşylyklaýyn aragatnaşyk mehanizmi bilen deň derejede ýeterlik saklanyp galýar. Bu ulgamyň patologiki hadysada hem ähmiýeti bar, ol bolsa gipotalamo-gipofizar ulgamyň funksional bozulmalary bilen ýüze çykýar: keseliň başky tapgyrlarynda gonadotropinleriň sekresiýasynyň käbir giperaktiwasiýasy kesel beterleşen ýagdaýynda olaryň sekresiýasynyň bulaşyk häsiýeti bilen çalyşýar. Patologiki hadysa ikilenji bolup ýumurtgalyklar goşulýarlar, keseliň başynda bolsa adatça absolýut ýa otnositel giperestrogeniýa bolýar, soňlugy bilen estrogenleriň işjeň däl fraksiýalarynyň agdaklyk etmegi bilen giperestrogeniýanyň döremegi bolýar.

Gipotalamo-gipofizar-ýumurtgalyk-böwreküsti mäz aragatnaşyklarynyň funksiýasynyň bozulmagy kliniki ýüze çykmalaryň bir ugurlylygy bilen häsiýetlenýän alamatlar toplumyny emele getirýär: keseliň başynda hem wagty, hem ösüş tizligi boýunça çalt jynsy ýetişiş, soňlugy bilen aýbaşy funksiýanyň bozulmagynyň döremegi häsiýetli. Eger keseliň başynda aýbaşy halka üýtgemeýän bolsa, onda keseliň ösmegi bilen onuň bozulmagynyň ýeňil görnüşinden tä agyr görnüşlerine çenli ewolýusiýany geçýär.

**Klinikasy.** Alamatlaryň döremegi, düzgün boýunça 10 ýaşdan 18 ýaşa çenli aralykda bellenýär, köplenç 11-13 ýaşlarda başlanýar. (61,3% – R .P.Mirimanowanyň maglumatlary boýunça, 1983ý). Esasy kliniki ýüze çykmalary uzyn boýlylyk, semizlik, çaltlaşan fiziki we jynsy ösüş, deriniň trofiki zeperlenmeleri, ýüzde we bedende tüýleriň patologiki ösüşi, aýbaşy halkanyň bozulmagy, arterial gan basyşyň durnuksyzlygy, dürli wegetatiw alamatlar bolup durýar (11-nji surat). Düzgün bolşy ýaly, bu sindromly gyzlar öz ýaşyndan uly görünýärler we sagdyn ýaly görnüp, ýalan duýgy döredýärler. Bu bolsa esasan

olaryň somatiki ösüşiniň aýratynlyklary bilen bagly. Bedeniň boýunyň we agramynyň öwrenilmegi populýasiýa garaňda has ir pubertat boýunyň ösmegine şaýatlyk edýär, şunlukda, eger 11-12 ýaşynda näsaglar öz deň-duşlaryndan 10-15 sm uzyn bolýan bolsa, 17-18 ýaşda bu tapawut kiçelýär. Kliniki antropometriýada bu sindromly näsaglarda "öňe geçýän", "seksual" we "interseksual" morfotipleriň agdyklyk edýänligi ýüze çykaryldy. Köp näsaglarda aýdyň boýunyň uzynlygy ösüş gormonynyň ýokarlanan sekresiýasy bilen bagly. Ösüş tempiniň çaltlanmagy süňk ýaşynyň hem 2-4 ýyl öňe geçmegi bilen tassyklanýar (Aleksandrow K.A. 1978ý.). Skeletiň çalt ösmegine we ýetişmegine estrogenler hem şert döredýär. Bu sindromyň esasy alamatlarynyň biri artykmaç agram bolup, köplenç keseliň ilkinji alamaty bolýar, ýöne käwagt semizlik bolmaýar. Bu sindromda deriasty kletçatkanyň ýaýraýşy deň derejede, garyn we süýt mäzleriniň töwereginde az-kem artykmaçlyk bilen toplanan. Örän seýrek ýagdaýda, haçan-da el-aýaklary proporsional däl hor bolup, deriasty ýag gatlagy bolsa ýüzde, göwräň we garnyň ýokarky ýarymynda toplananda kuşingoid tipli semizlige ýykgynlyk bolýar. Bu sindromyň hemişelik alamaty – deride dartylma zolaklarynyň bolmagy, olaryň sany semizligiň derejesine bagly däl. Bu zolaklar JÝeDG sindromly semiz däl näsaglarda hem ýüze çykarylýar. Dartylma zolaklarynyň mahsus bolmadyk ýerlerde: bil sebitinde, goltukasty we dyzasty oýlarda, göwräň gapdal üstünde ýerleşmegi häsiýetli. Olaryň reňki dürli: malina, açyk gülgüneden solak gülgüne we ak reňke çenli, olar düzgün bolşy ýaly bu sindromda gyýak däl-de kese ýerleşýärler. Täze çyzyklaryň, aýratynam açyk reňklenen çyzyklaryň peýda bolmagy adatça patologiki hadysanyň işjeňligi barada şaýatlyk edýär. Dartylma zolaklarynyň peýda bolmagy metaboliki hadysalaryň bozulmalary bilen baglanyşdyrylýar:

giperglýukokortisizm netijesinde belogyň güýçli dargamagy, ol bolsa adatça kollageniň we elastiki dokumanyň ýerli ýaýradylmagy we soňlugy bilen damarlaryň giňelmegi we ekstrawazatlaryň döremegi bilen bagly. Bu sindrom seýrek däl ýagdaýda girsutizm bilen geçýär. Her 3-nji diýen ýaly näsag gipertrihoz we lanuginoz görnüşinde saçlaryň patologiki ösüşinden ejir çekýär. Tüýleriň patologiki ösüşi düzgün bolşy ýaly merkezi genezli giperandrogeniýa bilen bile geçýär. Girsutizmi diňe giperandrogeniýa bilen düşündirmek mümkin däl, sebäbi girsutizmli näsaglarda giperandrogeniýa hemişe ýüze çykarylanok. Girsutizmde androgenleriň kadaly derejesine tüý follikulalaryň ýokary reaksiýasy bilen androgenleriň periferiki metabolizmi uly rol oýnaýar. Deriniň neýrotrofiki üýtgemelriniň arasynda damar bozulmalary häsiýetli: deriniň mermerleşmegi, teleangiektaziýa, petehiýalar, akrosianoz, şeýle-de giperpigmentasiýa häsiýetli. “Hapa tirsek” we “Hapa boýun” alamaty şu bölümlerde sintezlenýän melanin pigmenti bilen baglanyşdyrylýar (deri gasynlarynyň ojaklaýyn giperpigmentasiýa görnüşinde dishromiýasy).

JÝeDGS-ly näsaglaryň newrologiki statusy newroza meňzeş ýagdaýlar bilen, ýagny kelle agyry, umumy gowşaklyk, gyjynyjylyk, ýatkeşleigiň peselmegi, wegetatiw bozulmalar: AGB-yň assimetriýasy, aram arterial gipertenziýa, kähalatlarda hemişelik subfebrilitet we wegetodamar krizler bilen häsiýetlenýär. Gödek newrologiki alamatlar bolmaýar. Näsaglarda ýürek-damar ulgamynda üýtgeşmeler gaty aýdyň däl. Derejesi keseliň dowamlylygy bilen göniden-göni bagly bolan arterial gipertenziýadan başga-da kähalatlarda EKG-da uly bolmadyk üýtgeşmeler tapylýar.

JÝeDGS-ly näsaglaryň EEG-sy öwrenilende beýnisiniň diensefal gurluşynyň derejesinde üýtgeşmeler ýüze çykarylýar.

Kelle çanagyň rentgenologiki barlagynda türk eýerinde üýtgeşme tapylmaýar, ýöne seýrek bolmadyk ýagdaýlarda kelleçanagyň gümmeziniň süňkleriniň damar suratynyň güýçlenmegi esasy süňküň we çekge süňkiniň emzik görnüşli ösüntgisiniň pazuhalarynyň giperpnewmatizasiýasy, gaty gabygyň hekleşmeginiň peselmegi gözegçilik edilýär (Weýnberg E.G we başg., 1980 ý.). Bu näsaglaryň köpüsiniň böwreküsti mäziniň işjeňligi öwrenilende peşewde işjeň fraksiýanyň agdyklyk etmegi bilen 17 OKS-yň ekskresiýasynyň ýokarlanmagy we ganda kortizolyň ýokary derejede bolmagy ýüze çykaryldy (Weýnberg E.G we başg., 1980ý).



**11-nji surat.** Jyns taýdan ýetişiş döwrüniň gipotalamiki sindromy.

Keseliň başlangyç tapgyrlarynda näsaglarda böwreküsti mäzleriniň androgenleriniň agdyklyk etmegi fiziki ösüşiň ýokary tizligini görkezýär.

JÝeDGS-da AKTG-nyň ekskresiýasynyň “pulsirleýji” häsiýeti gözegçilik edilýär. AKTG, metopiron, deksametazon bilen geçirilen barlag bu näsaglarda oňaýly netije berýär. Bu bolsa gipotalamus-gipofiz-böwreküsti mäz ulgamynyň rezerw ukyplylygynyň yza gaýdymly mehanizmi bilen deň derejededigini görkezýär. Gipotalamo-gipofizar ýumurtgalyk ulgamynyň işjeňligi öwrenilende JÝDGS-ly näsaglarda onuň aram ýetmezçiligi ýüze çykarylýar. Bu kesele çaltlanan jyns ýetişigi häsiýetli, ol bolsa ikilenji jyns alamatlarynyň ir ýüze çykmagy, olaryň ösüşiniň ýokary tizligi bilen häsiýetlendirilýär. JÝeDGS-da süýt mäzleriniň ösüşi köplenç 8-9 ýaş aralygynda başlanýar: jynsy we akzilýar tüýlenmeklik hem populýasiýa bilen deňeşdirilende diňe bir ir ýüze çykman, eýsem olaryň ösüş tizligi hem 2-3 esse ýokary bolýar. Bu näsaglara aýbaşynyň hem ir ýüze çykmaklygy häsiýetli. Olaryň köpüsinde menarhe 12 ýaşa çenli ýüze çykýar. Eger-de kesel prepubertat döwürde ýüze çyksa, onda aýbaşy funksiýasynyň bozulmagy menarheden başlanýar. Eger-de JÝeDGS-y jynsy ýetişiş döwrüniň II fazasynda ýüze çyksa, onda aýbaşy halkasynyň bozulmagy adatça menarheden 1-2 ýyl geçenden soň ýüze çykýar. Aýbaşy halkanyň bozulmagynyň häsiýeti keseliň dowamlylygy bilen bagly. Eger-de keseliň başynda köplenç giper-, polimenoreýa we ýuwenil gan akma bolsa, onda patologiki hadysanyň ösmegi we keseliň dowamlylygynyň uzak bolmagy bilen aýbaşy halkasynyň aýdyň bozulmalary –gipomenstrual sindromy we ikilenji amenoreýa ýüze çykýar. Bu näsaglaryň ginekologiki statusy öwrenilende – daşky jyns agzalarynyň ösüşinde aýdyň bozulmalar ýüze

çykarylmaýar. Kä halatlarda ýatgynyň ölçegleriniň kiçelmegi bellenýär. Rektoabdominal barlagynda garnyň deriasty ýag gatlagynyň galyňlygy zerarly ýumurtgalyklaryň palpasiýasyny geçirmeklik kynlaşan. Ýöne, pnewmoperitoneum şertlerinde kiçi çanaklygyň agzalarynyň rentgenologiki barlagy geçirilende seýrek bolmadyk ýagdaýlarda ýumurtgalyklaryň ölçeginiň ulalmagy tapylýar. Esasanam bu alamat sindromyň uzak dowam etmeginde ýüze çykarylýar. Şeýle näsaglarda laparotomiýa geçirilende ýumurtgalyklaryň polikistoz üýtgemeleri ýüze çykarylýar (Starkowa N.T., 1983 ý.). JÝeDGS-ly näsaglarda gonadotropinleriň ekskresiýasynyň we sekresiýasynyň häsiýeti öwrenilende, pubertat döwrüne häsiýetli bolan sikliki bölüp çykarmanyň bozulmagy ýüze çykarylýar. K.B.Akuns we beýlekiler (1982 ý.) bu sindromly näsaglaryň LG-yň ekskresiýasyny öwrenenlerinde, onuň 4 görnüşli bozulmasynyň bardygyny tapdylar, ýagny I görnüşinde LG-yň hem bazal, hem sikliki bölünip çykmasynyň bozulmagy bolýar; II görnüşinde LG-yň ekskresiýasy basym ýokary derejä çykma bilen tertipsiz (haotiki) häsiýete eýe; III görnüşinde şolar ýaly tertipsiz LG-yň ýokary derejä çykmagy bellenýär, ýöne II görnüşine garanyňda onuň derejesiniň has ýokarylygy bellenilýär; IV görnüşinde LG-nyň ekskresiýasynyň häsiýeti kadadan tapawutlanmaýar, ýöne owulýator pik (owulýasiýa wagty ýokary derejesi) bolmaýar. JÝeDGS-da ýumurtgalyklaryň işjeňligi bozulan. Patologiki hadysanyň başlangyç tapgyrlarynda aram ýa-da absolýut giperestrogeniýa häsiýetli. Ol bolsa estrogenleriň ekskresiýasy we ýumurtgalyklaryň funksional anyklaýyş testleriniň üsti bilen tassyklanylýar. Kesel möwjände oňa aram estrogen doýgunlyk ýa-da köplenç gipoestrogeniýa häsiýetli. R.P.Mirimanowanyň (1983) maglumatlaryna görä ýumurtgalyklaryň funksional

bozulmalary köplenç olaryň ösüşiniň polikistoz görnüşindäki anatomiki üýtgemeleri bilen bilelikde gelýär. Kada bolşy ýaly ýumurtgalyklaryň polikistoz üýtgemeleri JÝeDG-sindromy bilen uzak ejir çekýän gyzlarda ýüze çykýar.

### Tapawutlandyryş anyklanylyşy

JÝeDGS-ly näsaglarda androgen we glýukokortikoid giperfunksiýasy netijesindäki aýdyň ýüze çykmalary ýetginjeklerdäki duş gelýän beýleki keselleri, ýagny: Isenko-Kuşinga keseli, Isenko-Kuşinga sindromy, androgenital sindromyň postnatal görnüşi, Şteýn-Lewentalyň sindromy bilen tapawutlandyryş anyklanylyşyny geçirmek wajypdyr. Isenko-Kuşinga keseli – agyr dowamly geçýän kesel bolup, patogenezinde esasy orny gipotalamo-gipofizar ulgamynyň zeperlenmegi we ikilenç böwreküsti mäziniň gabyk gatlagynda kortizolyň giperfunksiýasy bilen häsiýetlenýär. Isenko-Kuşinga keseli çagalarda we ýetginjeklerde madda çalyşyk we trofiki bozulmalar, ýürek-damar, daýanç-hereket we nerw ulgamynyň zeperlenmegi ýaly polimorf alamatlar bilen ýüze çykýar (Jukowskiý M.A., 1982, Starkowa N.T., 1983). Aýdyň Isenko-Kuşinga keseli semizlik, matronizm, boýyň we jynsy ösüşiň saklanmagy bilen wagtyndan öň jynsy tüýlenme, acne vulgaris, gipertoniýa we çalşygyň ähli görnüşleriniň bozulmagy bilen häsiýetlenýär. Isenko-Kuşinga keselli gyzjagazlarda uly adamlardan tapawutlandyrylanda dartylma zolaklary aýdyň däl, eger bar bolsa olar giň açyk malina reňkinde bolýar. Bu keselli näsaglaryň köpüsinde ýürek araçäkleri giňelen, tonlary tutuksy, aortanyň üstünde ikinji tonuň aksenti we EKG-de üýtgeşmeler bellenýär. Newrologiki alamatlary bolsa VII-XII kelle çanak nerwleriň ýetmezçiligi, siňir we periostal reflexsleriň assimetriýasy (deň däldigi), garyn reflexsleriň pes ýa-da ýok bolmagy görnüşlerinde ýüze çykýar.

Käte patologiki refleksler ýüze çykarylýar. Aýbaşy halkanyň bozulmagy gipomenstrual sindrom we amenoreýa görnüşinde ýüze çykýar. Keseliň irki we bildirmeýän görnüşlerinde goşmaça barlag usullaryna uly ähmiýet berilýär; süňk ýaşy sene ýaşyndan 1-6 ýyl yza galýar, süňkleşmäniň diňe wagty däl, eýsem tetrtibi we simmetriýasy hem bozulýar. Kelle çanak süňkiniň rentgenogrammasynda gipertenziýa alamatlary häsiýetli, käwagt gipofiziň adenomasy ýüze çykarylýar. Giperholesterinemiýa, käwagt gipoglikemiýa häsiýetli, retropnewmoperitoneumda böwreküsti mäzler ulalan, kölegesi anyk däl, konturlary göni däl, gurluşy gomogen-öýjükli we däneli. Ganda kortizolyň mukdary ýokarlanan, ösüş gormonyň derejesi peselen, peşew bilen 17-OKS-ň bölüp çykarylyşy ýokarlanýar, fraksiýalaryndan tetragidrokortizon we tetragidrokortizol agdyklyk edýär. Estrogenleriň we pregnandiolyň ekskresiýasy peselen.

Isenko-Kuşinga sindromynda kliniki ýüze çykmalar bu sindromyň sebäbi bolan çişiň görnüşine bagly. Glýukoandrosteromada, glýukokortikoidleriň artykmaçlygynda Kuşing sindromy bilen bilelikde wirilizasiýa alamatlary döreýär. Wagtyndan öň jyns taýdan ýetişiş ýüze çyksa, ol geteroseksual görnüşde geçýär. Alamatlaryň ýüze çykyş derejesi çişiň gormonal işjeňligine bagly. Sindromda durnukly gipertenziýa bellenýär. Ýürek-damar ulgamyndaky üýtgemeler Isenko-Kuşing keseline meňzeş bolýar. Giperholesterinemiýa, bedeniň artykmaç agramy, aýdyň osteoporoz bellenýär. Deriniň neýrotrofiki üýtgemeleri bolýar, köplenç acne vulgaris duş gelýär. Glýukosteromada girsutizm häsiýetli däl, glýukoandrosteromada bolsa has irki alamatlar bolup gasygyň, göwräniň, el-aýaklaryň tüýlenmegi we klitoryň wirilizasiýasy, aýbaşy halkanyň amenoreýa görnüşinde bozulmagy bellenýär. Retropnewmoperitoneumda örän wajyp maglumatlar ýüze çykarylýar: bir böwreküsti mäziň çişi we

beýlekisiniň ölçeginiň kiçelmegi ýüze çykarylýar. **AKTG** bilen barlag oňaýly, metapiron we deksametazon bilen barlag oňaýsyz. Glýukoandrosteromada pregnandiol ýokarlanan, aýratyn hem onuň howply geçişinde; estrogenler bolsa peselen. Bu keselleriň tapawutlandyryş kesgidi aňsat däl. Klinikadan başga has maglumat beriji barlaglar rentgenologiki (kraniografiýa, retropnewmoperitoneografiýa, pnewmoperitoneum, skelet süňkleriniň rentgen barlagy), gormonal we funksional agramly barlaglar (glýukokortikoidler bilen) bolup durýar.

**Bejergisi:** JÝeDGS-ň patogenezinden ugur alyp, bejeriş çäreleri ilkinji nobatda gipotalamusda bar bolan üýtgemeleri ýok etmäge we onuň strukturasynyň trofikasyny gowylandyrmaga gönükdirilmeli. R.P.Mirimanowanyň teklip eden bejergisi has netijeli, ol etiotrop, patogenetiki we simptomatiki, sorujy bejergiden we öňüni alyş çärelerinden ybarat. Bejeriş tapgyrlaryny tapgyrlaýyn geçirýärler.

**Etiotrop bejergi:** JÝeDGS-polietiologiki keseldigi sebäpli, her bir näsaga umumy somatiki barlag we infeksiýanyň dowamly ýokanç ojaklary ýüze çykarylan ýagdaýynda bejergi çäreleri ilkinji nobatda olary ýok etmäge gönükdirilen bolmaly (agyz boşlugynyň sanasiýasy, damagy, burun boşluklaryny arassalamak we ş.m.). Antibakterial serişdeler eger JÝeDGS geçirilen ýokanç keselden soň dörese bellenýär. Sulfanilamidler ýa-da sintetiki antibakterial serişdeler umumy kabul edilen mukdarda, 7-12 günüň dowamynda bellenilýär. Mahsus ýokanç (guragyry, inçekesel) keseller ýüze çykarylanda bejergi rewmatolog we ftiziatr bilen bilelikde geçirilýär. Patogenetiki – alamatlar boýunça bejergi. Urotropin – gaýnaglama garşy we degidratasion häsiýetli serişde. 40% ergini 5 ml-den damar içine günaşa bellenýär – bir tapgyra 10 sanjymdan. Magniý sulfaty – 25%-li ergini myşsa içine 5 ml-den günaşa 10 sanyjm. Aýdyň kelleçanak içki gipertenziýada

peşew çykaryjylar adatça furosemid maslahat berilýär: 3 günüň dowamynda almaly, soň 3-4 gün arakesme edip, bu tapgyry 3-4 gezek gaýtalamaly. Şol bir wagtda kaliýli berhiz (erik şiresi, kişde, injir, közde bişen kartoşka) bellenýär. Diuretikler bilen bilelikde ýeňil gipotenziw serişdeler hem bellenýär. Glutamin turşusy MNU-ň işini kadalaşdyrmak üçin (onuň azot çalşygyna we ammiagy zähersizlendirmäge gatnaşýanlygy sebäpli) 1 g-dan günde 2-3 tapgyryna nahar wagty ýa soňundan 1-3 aýyň dowamynda bellenýär. Metionin – lipotrop täsirli aminoturşysy, gormonlaryň, witaminleriň, fermentleriň täsirini işjeňleşdirýär. Ol aýdyň kliniki alamatlarda bejerginiň 2-3 kursuna 0,5 g-dan günde 3 gezek nahardan ýarym sagat öň 15 günüň dowamynda bellenýär. Kalsiý pangamaty (B15) lipid çalşygyna täsir edýänligi we kislorodyň dokumalar tarapyndan özleşdirilişini ýokarlandyrmak ukybynyň barlygy üçin semizlikde hem netijeli ulanylýan serişde. Ol 50 mg-dan günde 3-4 gezek 20 günüň dowamynda bellenýär. III-IV derejeli semizlikde anoreksikler (fepranon, dezopimon) 25 mg-dan günde 2-3 gezek irden we günortan nahardan öň 30 günüň dowamynda bellemek bolar. Bejergiň ikinji tapgyryn (3-6 aýdan soň) gündeki mukdaryny 25-mg-a çenli peseltmeli. Semizlikde periferiki dokumalarda tireoid gormonlaryň ýetmezçiligini we galkan şekilli mäziň işjeňliginiň peselmegini göz öňünde tutup, tireoidini hem bellemek saýlama usul bolup durýar. Şeýle-de C, $B_1$, $B_6$, E, foliý turşusy ýaly witaminler hem görkezilendir.

C witamini kortikosteroidleriň güýçli sintezinde we giper-holesterinemiýany peseltmek üçin bellenilýär. Ol estrogenleriň we aýratynam progesteronyň täsirini güýçlendirmäge ukyply. 0,5 g-dan günde 2 gezek öz wagtynda bolýan ýa-da "şertli" aýbaşy halkasynyň 2-nji fazasynda bellenýär.

$B_1$ witamini estrogenleriň metabolizmini sazlamaga gatnaşýar, şeýle hem lýuteinizirleýji täsir edýär. Aýbaşy halkasynyň 2-nji fazasynda gije-gündizde 2,5 mg mukdarda bellenýär.

$B_6$ witamini aýbaşy halkanyň 1-nji fazasynda bellenýär. Ol aminoturşylaryň çalşygyna gatnaşmak bilen gonadotrop işjeňligini sazlaýjy bolup hyzmat edýär. Bir tapgyra günde 2 mg mukdarda 10-15 sanjym bellenýär.

Folliý turşusy – estrogenleriň täsirini güýçlendirýänligi (potensirleýänligi) sebäpli aýbaşy halkanyň 1-nji ýarymynda 0,001 günde 3 gezek bellenýär.

E witamini ýumurtgalyklaryň we böwreküsti mäzleriň steroidogenezine gatnaşmak bilen LG-nyň sinergisti ýaly täsir edýär. Gyzjagazlaryň ganynyň syworotkasynda witamin E mukdary owulýasiýa döwründe we aýbaşy halkasynyň ikinji fazasynyň ahyrynda maksimal derejede sikliki üýtgeýär (Kulikowa L.F., 1979). E witamin ýaşyna baglylykda aýbaşy halkasynyň I-ýarymynda 30-50 mg-dan günaşa, II-ýarymynda bolsa günde bellenýär. Görkezmeler boýunça newroza meňzeş ýagdaýlarda bejerginiň nusgasyna sibazon (seduksen) ýa-da nozepam (tazepam), mezapam (rudotel) ýaly psihotrop serişdeler goşulýar. Olar 5-10 mg-dan ýa-da indiwidual saýlama mukdarda20-30 günüň dowamynda bellenýär. Bellaspon, belloid ýaly wegetotrop serişdeleri aýdyň wegetatiw alamatlary ýüze çykanda 1 tabletkadan günde 3 wagtyna iki hepdäniň dowamynda, soňra 1-2 hepde 1 tabletkadan günde 2 wagtyna we 1 hepde günde 1 tabletkadan bellenýär. Patogenetiki – alamatlar boýunça bejergi ortaça 2-2½ ýyl geçirilýär. Egerde şu wagtyň dowamynda aýbaşy işjeňliginiň bozulmalary kadalaşmasa, onda gormonal bejergä görkezme berilýär.

**Gormonal bejergi** – aýbaşynyň işjeňligini sazlamak maksady bilen umumy kabul edilen nusga boýunça, şeýle hem bozulmanyň häsiýetine baglylykda bellenilýär, ýokary ýa-da aram derejede estrogen doýgunlykda gestagen ýa-da sintetiki progestin bellenilýär. Gestagenler aýbaşynyň çak edilýän wagtyndan 8 gün öň 6 günüň dowamynda, estrogen – gestagen serişdeleri 10 günlük

nusga boýunça halkanyň II ýarymynda 3 halkanyň dowamynda bellenýär. Aýdyň estrogen ýetmezçilik bolanda halkalaýyn gormonal bejergi (estrogen we gestagen bilen) umumy kabul edilen mukdarda 3 halka bellemeklik görkezilen. Girsutizmiň bejergisinde gönüden-göni derä we onuň derivatlaryna täsir etmek bilen antigirsutiw häsiýeti bar bolan metronidazol bellemeklik maslahat berilýär (R.P.Mirimanowa., 1982). Metronidazol nusga boýunça 0,25 gr-dan 14 günüň dowamynda bellenýär. 1-nji tapgyr 0,25 gr günde 3 gezek aýbaşy halkanyň 5-nji gününden bellenýär, soňra 1 aý arakesme berilýär. 2-nji tapgyr halkanyň 5-nji gününden 0,25 gr-dan günde 4 wagtyna bellenip, soňundan ýene 1 aý arakesme edilýär; 3-nji tapgyr bar bolan ýa-da "şertli" aýbaşy halkanyň 5-nji gününden 0,5 gr-dan günde 3 gezek bellenýär. Antiandrogen serişdelerden has ähmiýetlisi siproteron asetat. Ol halkanyň 5-nji gününden 26-njy güni aralygynda günde 1/2– 1 gerdejikden 5-8 tapgyr bellenýär.

**Medikamentoz däl bejergi.**

**Berhiz bejergi** – onuň esasy maksady – rasionyň energetiki ähmiýetini çäklendirmek bolup durýar. Ony azaltmagyň derejesi bedeniň agramyna bagly we balansirlenen iýmitlenmegiň düzgünlerini saklamak bilen geçirilýär. Berhiz bilen bilelikde fiziki agram bilen energiýa sarp edijilik ýokarlandyrylýar (bejeriş bedenterbiýe). Uglewodlary, haýwan gelip çykyşly ýaglary we işdäni ýokarlandyryjy iýmit önümlerini çäklendirmeli. Bir gije-gündiziň dowamynda duzuň mukdaryny 5 gr çenli, suwuň mukdaryny 1-1,5 l çenli çäklendirmeli. Şeýle berhiz ýeňilleşdirilen günler bilen utgaşdyrylýar (7-10 günüň dowamynda 1 gezek). Bedeniň agramy durnuklaşýança rasion 5020-5439 kDž (1200-1300 kkal – berhiz 8 a), durnuklaşandan soň semizligiň saklanýan ýagdaýynda – 2-3 hepdäniň dowamynda – 2930-3350 kDž (700-800 kkal) saklamaly.

**Keseliň öňüni alyş çäreleri.** Ýokanç keselleriň öňüni almakdan, somatiki keselleri we olaryň gaýraüzülmelerini bejermekden, oňaýly zähmetden, dynç almakdan, kadaly iýmitlenmekden we bedeni fiziki taýdan beketmekden durýar. Şeýlelik bilen ähli JÝeDGS-ly näsaglara işjeň bejergini hökman geçirmeli. Esasan-da sowuklama garşy we degidratasion bejergiden başlamaly. Semizlikde berhiz bejergini umumy nusganyň başynda goşmaly. Fiziki bejeriş usullary derman serişdeleri bilen bilelikde bellenilýär. Aýbaşy işjeňliginiň sazlaşygyny bejerginiň başlanmagyndan 2 – 21/2 ýyldan soň we bozulan aýbaşy işjeňliginiň korreksiýasyny giperkortisizmiň kliniki alamatlarynyň ýitmeginden soň başlamak bolýar. Goldaýjy bejergi tapgyrlary her 3-6-12 aýdan jyns ýetişiş döwrüniň ahyryna çenli geçirilýär. Jynsy ýetişiş döwründe işjeň bejergi geçirilmese netije oňaýsyz bolýar. JÝeDGS-myň bejergisi geçirilmese, önelge döwründe ol aýdyň alyş – çalyş – endokrin we önelge ulgamyndaky bozulmalar bilen ýüze çykýan gipotolamiki sindroma geçýär. Soňkylar gipomenstrual sindrom we durnukly anowulýasiýaly amenoreýa görnüşinde ýüze çykýar. Olar bolsa gormona bagly agzalarda – endometriýada we göwüs mäzlerinde giperplastiki hadysalaryň ýüze çykmagyna getirýär. JÝeDGS-ny geçiren aýallaryň generatiw işjeňligi R.P.Mirimanowanyň (1983) maglumatlaryna görä ýokary derejede ilkinji we ikilenji önelgesizlik (76%) bilen häsiýetlenýär. Oňaýsyz daşlaşan netijeleri göz öňünde tutup, JÝeDGS-ly ähli gyzjagazlar we gyzlar 18 ýaşa çenli çaga we ýetginjeklik ginekologiýa otagynda dispanser gözegçiliginde bolmaly. Näsaglara JÝeDGS-nyň bejergisini hökman geçirmeli, 18 ýaşa ýetenden soň bolsa olar işjeň gözegçilik üçin önelge döwrüniň ginekolog–endokrinologyna geçirilýär. Gerek bolan ýagdaýynda newropatolog bilen hem bilelikde bejergi geçirilýär.

# XI Bap

## Gyzjagazlaryň jyns agzalarynyň şikesleri

Gyzjagazlarda jyns agzalarynyň şikesleri – bu jyns agzalarynyň işine zeper ýetiriji ýerli we psihoemosional ýagdaýdyr. Şu babatda “şikes” bu giňişleýin düşünje bolup, “şikes”-iň sinonimi “zeperlenme” diýen düşünjeden tapawutlanýar.

Şikesler etiologiki alamatlary boýunça:

– mehaniki;
– termiki (ýanyklar, sowuklamalar);
– himiki;
– elektriki;
– radiasion;

görnüşlere bölünýärler.

Çagalar-gyzjagazlar bilen işleýän akuşer-ginekolog lukmanlar esasan şikesleriň mehaniki görnüşi bilen iş salyşýarlar.

Şikesleriň mehaniki görnüşleriniň ýüze çykyş hal ýagdaýý boýunça:

– köçede;
– öýde;
– oba hojalygynda;
– sportda;

ýüze çykýarlar.

Köçede ýüze çykýan şikesler köplenç awtoulag heläkçiliginde köp duş gelýär. Öýde ýüze çykýan şikesler howluda, ýene-de şikesler çagalar bagynda, mekdeplerde ýüze çykýar.

Betbagtçylyklar gyzjagazlarda 5-6 ýaşa çenli öýde, 6 ýaşdan soň daşarda, 11 ýaşdan soň sport şikesleri duş gelýär.

Şikesleriň duş geliş ýygylygy (Petçenkonyň berýän maglumatlary):

– 4-5 ýaşda – 4.6%;
– 6-7 ýaşda – 18.4%;
– 8 ýaşda – 33 %;

9-10 ýaşdan şikesleriň duş geliş göterimi peselýär:

– 9-10 ýaşda – 18.2 %;
– 11-12 ýaşda – 16.5 %;
– 13-16 ýaşda – 9.2 %;

Köp awtorlaryň aýtmagyna görä oglanjyklara garanyňda gyzjagazlaryň jyns agzalarynyň şikesleri 4-5 esse az duş gelýär.

Daşky jyns agzalarynyň we ýamyzyň şikesleri 3-4% ýygylykda duş gelýärler. Ähli duş gelýän ginekologiki kesellerиň arasynda gyzjagazlarda jyns agzalaryň şikesleri 6% barabar ýygylynda duş gelýär. Gyzjagazlarda jyns agzalarynyň şikesleriniň ýüze çykmagynda olaryň anatomo-fiziologiki aýratynlyklary belli bir orna eýedir, ýagny:

– jyns agzalarynyň öňe çykyp durmagy;
– deri asty ýag gatlagynyň pes ösenligi;
– deriniň dokumalar bilen berk däl birleşmegi;

Psihologiki pursatlar:

– bilesigelijilik;
– hereketlilik;
– sazlaşmadyk koordinasiýa;
– tejribe ýoklugy;
– betçilik etmek;

Köp halatlarda şikes daşky jyns agzalarynda, ýamyzda bolýar. Gyzlyk perdesi, jynshana seýrek şikeslenýär. Şikesler esasan hem çaga kütek ýa-da ýiti jisimiň üstüne ýykylanda (mebeller, sport enjamlary, haýatyň daşyna edilen demir aýlawlar) bolýar.

Kä halatlarda masturbasiýa, zorlama we beýleki kriminal ýagdaýlarda şikes ýetýar.

Şikesler elmydama jyns ýollaryndan gan akma, agyry bilen baglanyşykly bolýarlar. Agzalan alamatlar şikes ýeten badyna ýüze çykýarlar. Kä halatlarda daşky jyns agzasy – uly dodakda gan inme (gematoma) ýüze çykýar (12-nji surat), sebäbi bu sebit gan damarlaryna we limfa damarlaryna baýdyr. Şikes köp ýeten bolsa, onda şok we ýiti gan azlyk ýüze çykýar. Eger-de peşew çykaryjy ýollara zeper ýeten bolsa, onda gematuriýa ýüze çykýar, göni içegä zeper ýetse, onda gyzjagazyň erkine bagly bolmadyk gaz we täret çykma bolýar.



**12-nji surat.** Daşky jyns agzalarynyň şikesleri.

Gan inme (gematoma) iriňlände, peritonitiň alamatlary ýa-da beýleki gaýraüzulmeler ýüze çykanda, gyzjagazda üşüdip-gyzdyrma başlanýar.

Şikes ýetenden soň lukmana ýüz tutulýan wagt aralygy näçe köp bolsa, gaýraüzülme şonça hem köp bolýandygyny ýatda saklamaly. Gyzjagazlarda jyns agzalaryna şikes ýetenligini anyklamak kyn däl. Kesel kesgidi:

– sorap alnan maglumatlar (anamnez);

– ünsli geçirilen serediş;

– goşmaça barlag usullary (waginoskopiýa, zondirlemek we başgalar) esasynda goýulýar.

Ünsli geçirilen serediş we alnan maglumat esasynda şikesiň häsiýeti (gan inme, ýara) anyklanýar. Kriminal ýagdaý (zorlamak) çaklansa, onda akuşer – ginekolog lukmany hökman bu barada kazyýet lukmançylyk işgärlerine habar bermeli. Şeýle ýagdaýlarda hökman jynshanadan, uretradan çyrşak almaly (gonokokklar, sperma). Gyzjagazyň eşikleri hukuk goraýyş organlaryna berilmeli. Kesel taryhynda ýeten zeper barada dogry, çuň maglumat bermeli, sebäbi ol esasy ýuridik resminama hasaplanýar.

Jyns agzalaryna şikes ýeten gyzjagazlara barlagy beýhuş dermany (umumy) astynda geçirmeli. Jyns agzalaryna şikes ýeten her ikinji gyzjagazy hassahana ýerleşdirmeli bolýar. Eger gyzjagazda açyk ýara bolsa, onda degişli arassalaýjy çäreleri geçirip, soň ýarany tikmeli (goňşy beden agzalarynyň topografiýasyny göz öňükdetutmak şertinde).

Jyns agzalaryna şikes ýeten we şol sebäpli (konserwatiw ýa-da hirurgiki) bejerilen gyzjagazlar çaga ginekologynyň gözegçiliginde bolmaly.

Mekdep ýaşyna çenli gyzjagazlaryň agzalarynda deşik (swiş) dörän bolsa, onda dikeldiş operasiýalary gyzjagaz 8-10 ýaşyna ýetýänçä saklanylýar.

Kä halatlarda ýeten şikes zerarly gyzjagazlarda newroz, reaktiw ýagdaýlar ýüze çykýar, bular ýaly ýagdaýda psihiatryň, psihologyň maslahaty hökmandyr.

# XI Bap

## Gyzjagazlarda ginekologiki keselleriň öňüni almakda şahsy gigiýenanyň ähmiýeti

Gyzjagazlaryň gigiýenasy diňe bir ösüp barýan çaga bedeniniň dogry ösmeginiň talaplaryny berjaý etmän, eýsem, aýal bedenindäki çylşyrymly funksiýalarynyň dogry ösmegine hem-de adamzadyň nesil dowamatynyň goragyna şert döredýär.

Gyzjagazlaryň gigiýena çäreleriniň düzümi şu aşakdakylardan ybarat: bedeniň, şol sanda jyns agzalarynyň arassalygy; geýimlerini, aýakgabyny, ýaşaýyş we okuw jaýlaryny arassa saklamak, ýokumly iýmitleri iýmek, ýokanç we beýleki kesellerden goranmak, gün tertibini berjaý etmek we okuw ýüküni dogry bölmek we beýlekiler. Gyzjagazlaryň fiziologiki ösüş döwrüne laýyklykda dürli gigiýenik çäreler geçirilýär: täze doglan çaganyň gigiýenasy, emdirilýän döwrüniň gigiýenasy, mekdepden öňki we mekdep döwrüniň, şol sanda kämillik döwrüniň gigiýenasy. Ginekologiki keselleriň öňüni almak üçin çaga enäniň göwresindekä toplumlaýyn öňüni alyş işler geçirilýär, çüňki käbir ginekologik keseller antenatal döwürde ýüze çykýar.

Öňüni alyş çäreler şulardan ybarat:

1) 3-6 aý tohumlanmadan öň atasyna gormonal we neýrotrop bejergi bermeli däl.

2) 3-6 aý tohumlanmadan öň enesi steroid gormonlaryny ulanmaly däl.

3) Aýal tarapyndan göwrelilik döwründe iň az möçberde derman serişdeleri ulanmaly, esasan hem 2-9 hepde, 19-20 hepde, 28-30 hepdelerde.

4) Enede gormonal bozulmalary derman serişdeler we hirurgiki bejergi bilen geçirmeli däl, bulary göwrelilikden öňki döwürde geçirmeli.

5) Dogrumdan öňki döwürde göwreliligi we dogrumy alyp barmaklyk üçin çaganyň jynsyny bilmeli.

6) Aýal bedeninde endogen androgenleriň köp bolmagyny bejermeli.

7) Göwreli zenanlarda uzak wagtlaýyn gipoproteinemiýanyň bolmazlygyny gazanmaly.

8) Bäbeklere reanimasiýa kömegi berlende gormon bejergisini juda zerur ýagdaýlarda bermeli.

**Täze doglan çagalaryň gigiýenasy.**

Täze doglan gyzjagazlarda jyns agzalaryň sowuklama keselleri az möçberde bolsada, gabat gelýär. Bu ýagdaý infisirlenen dogurýan aýallaryň ýokary udel agramy bilen bagly: kolpit 15,3% göwrelilerde duş gelýär, şol sebäpli enede we çagada şol bir döredijiniň tapylmagy hem seýrek däl. Ýaşaýyşyň bu döwründe duş gelýän käbir ýagdaýlar sowuklama keseliniň döremegine we beterleşmegine ýardam edýär. Daşky we içki jyns dodaklarynyň arasyndaky gasynlarda ilkinji çalgynyň we epiteliýanyň saklanmagy, jynshanadan hemişe gelip duran şepbeşik nem sürtülmä, giperemiýa, deriniň bişmegine getirýär. Ýokardaky görkezilenlerden ugur alyp, daşky jyns agzalaryň arassaçylygyny gyzjagazlarda ilkinji gününden başlamaly. Gyzjagazlary öl we hapa arlykda ýatyrmaly däl. Olary ýyly suw bilen ýuwundyrmaly, soňundan ýumşak mata bilen guratmaly we steril ýag bilen daşky jyns agzalary we gasynlary ýaglamaly hem-de arassa arlyga dolamaly gundamaly.

Şeýle hem täze doglan gyzjagazlarda göwüs mäzleriniň fiziologiki ösmegi bolýar. Şol ýagdaýlarda süýt mäzlerini gysmaklyk, sürtmeklik maslahat berilmeýär, sebäbi çagalarda iriňli mastit bolmagy mümkin. Jyns agzalarynyň arassalanyşyny dogrum bölümlerde enelere düşündirmeli we olar çaganyň gigiýenasyny öýde dogry dowam etmeli.

**Gyzjagazlaryň aralyk döwürdäki gigiýenasy.** Bu döwürde çaganyň çanaklygynyň üýtgemezligi, rahit keseliniň öňüni almaklyk üçin ene süýdi bilen emdirmeli, arassa arlyklary ulanmaly bir gezeklik pampersleri, çaga irdenki gün şöhlesinde gezelenç etmeli, gerek bolan ýagdaýlarda D witaminleri ulanmaly. Ene süýdini emdirmeklige garşylyk bolmaly däl.

**Gyzjagazlaryň okuwdan öňki döwrüniň gigiýenasy.**

Bu ýaşda çaganyň köp hereketde bolmagy bilen bagly gurçuk keselleriniň bolmagy gyzjagazlarda sowuklama keseliniň döremegine ýardam edýär. Daşky jyns agzalarynyň tebigy hapalar bilen hapalanmazlyk üçin çaganyň iç eşijlerini, jyns agzalaryny doly ýapyp durmaly, esasan hem ýaz – tomus döwürlerde. Bu döwürde gyzjagazlary her gün ýatmanka ýuwundyrmaly, meýdanynyň gorşokda bolmaklygyny gazanmaly. Gurçuk keselleriniň öňüni almaly:

a) iýmitleri gaýnag suw bilen ýuwmaly, eşikleri ütükläp geýdirmeli.

b) eşikleri her gün çalşyrmaly, öýlerde her gün tämizleýiş geçirmeli.

## Söz gysgaltmalarynyň sanawy

AGS – adrenogenital sindromy
AKTG – adrenokortikotrop gormon
BSGG – Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy
EÇT – Eritrositleriň çökmek tizligi
E – estrogenler
FSG – follikulostimulirleýji gormon
FSG-RF – follikulostimulirleýji rilizing – faktor ýa-da folliberin
FAB – funksional anyklaýyş barlaglar
G-G-Ý-Ý – gipotalamus – gipofiz – ýumurtgalyk – ýatgy
JÝeDGS – Jyns taýdan ýetişiş döwrüniň gipotalamiki sindromy
KPI – Kariopiknotik indeksi
LG –lýuteinizirleýji gormon
LG-RF – lýuteinizirleýän rilizing faktor ýa-da lýuliberin
LTG – lýuteotrop gormony ýa-da prolaktin
MNU – merkezi nerw ulgamy
PRF – prolaktin bölüp çykaryş rilizing-faktor ýa-da prolaktoliberin
P – progesteron.
STG - somatotrop gormon
TTG – tireotrop gormon
USB – ultrases barlagy
WÖJÝ – wagtyndan öň jyns taýdan ýetişmegi
ÝPKS – ýumurtgalyklaryň polikstoz sindromy

## Ulanylan edebiýatlaryň sanawy


1. Çaga ginekologiýasy. Usuly gollanmalaryň toplumy. Aşgabat. 2006.

2. Айламазян Э.К. Гинекология: от пубертата до постменопаузы. 2004. Издательттво: МЕДпресс – информ. 448 с.

3. Василевская Л., Грищенко В., Щербинина Н., Юровская В. – Гинекология: учебник для студентов вузов. 2-е изд, перераб. И доп. – Ростов-на- Дону: Феникс. 2002 – 576 с.

4. Волф А.Т., Миттаг Ю.Э. пер. с нем. Под ред. Кулакова В.И. Атлас детской и подростковой гинекологии. 2004.

5. Клиническая маммология. Под ред. Компoвой Е.Б., ЧистяковаС.С. 2006.

6.Кобозева Н.В., Кузнецова М.Н., Гуркин Ю.А. – Гинекология детей и подростков. – Л. Медицина. – 1988.

7. Коколина В.Ф. Детская и подростковая гинекология. Издательство: М: ИД Медпрактика – М. 2003.

8. Коколина В.Ф. Гинекологическая эндокринология детского и подросткового возраста: Руководство для врачей. – М.: ИД Медпрактика – М. 2005 – 340с.

8. Кулаков В.И., Манухина И.Б. Гинекология. Национальное руководство. Издательство ГОЭТАР – Медиа. 2007 – 1072 с.

9. Кулаков В.И. – Руководство по гинекологии детей и подростков. Издательство: Триада-Х. 2007 – 336 с.

10. Кустаров В.Н., Черниченко И.И. Дисфункциональные маточные кровотечения. Издательство: СПб: ИД СПбМАПО. 2005 – 163 с.

11. Лапченко М.Л. Гинекологические заболевания у девочек и девушек. Издательство: М: Триада-Фарм. 2004 – 288 с.

12. Лихачев В.К. Практическая гинекология. Издательство: Медицинская книга 2007 – 664 с.

13. Маркин Л.Б., Гуркин Ю.А. Детская гинекология. Издательство: М: ООО «Медицинское информационное агенство» 2007 – 480 с.

14. Прахов А.В., Коптилова Е.Н., Сергеев М.Ю., Буренина Н.А. Неотложные состояния в гинекологии (клиника, диагностика, неотложная помощь): Издательство: Н.Новгород: Издательство Нижегородской государственной медицинской академии. – 116 с.

15. Прилепская В.Н. Поликлиническая гинекология. Издательство: М:МЕДпресс – информ. 2004 – 624 с.

16. Прилепская В.Н. Клиническая гинекология. Издательтво: М: МЕДпресс – информ. 2007 – 480 с.

17. Савельева Г.М., Бреусенко В.Г., Гинекология. 3-е издание. – 2008.

18. Саидова Р.А., Макацария А.Д. Избранные лекции по гинекологии. Издательство: М: Триада-Фарм. 2005 – 256 с.

19. Сидорова И.С., Овсянникова Т.В. Практическое руководство по клинической гинекологии. Издательтво: М: МЕДпресс-информ. 2006 – 448 с.

20. Сидорова И.С., Леваков С.А. Доброкачественные и пограничные опухоли яичников. М: ООО «Медицинское информационное агенство» 2006 – 72 с.

21. Сметник В.П. Неоперативная гинекология. Издательство: М: ООО «Медицинское информационное агенство» 2005 – 632 с.

22. Garner C.Uses of GnRG-agonists// J.Obstet. Gynaecol. – Neonatal. – 1994. Sept.23(7). – P. 563-570

23. S.Jean Emans, Marc R.Laufer, Donaid P.Goldstein “Pediatric and Adolescent Gynecology”. – fifth edition, Lippinctt Wiliams and Wilkins. – 2005.

## Mazmuny

**Giriş** .......... 7
**I Bap. Türkmenistanda gyzjagazlara we ýetginjeklere berilýän ginekologiki kömegiň gurnalyşy.** .......... 8
**II Bap. Çagalykda jyns agzalarynyň ösüşi we jyns taýdan ýetişýän döwrüniň fiziologiýasy.** .......... 20
**III Bap. Gyzjagazlaryň we ýetginjek gyzlaryň barlag usullarynyň aýratynklyklary** .......... 41
III.1. Umumy barlaglar .......... 41
III.2. Ýöriteleşdirilen barlaglar: Gyzjagazlarda ýörite geçirilýän barlagy: .......... 46
III.3. Genetiki barlaglar .......... 51
**IV Bap. Aýbaşy halkasynyň bozulmalary** .......... 53
IV.1. Aýbaşy halkasynyň sazlaşykly ýola goýulmagy .......... 53
IV.2. Ýatgydan ýuwenil gan akmalar .......... 65
IV.3. Amenoreýa we gipomenstrual sindromy. .......... 75
IV.4. Algodismenoreýa .......... 86
**V Bap. Gyzjagazlarda jyns agzalarynyň jerhitleme (sowuklama) keselleri** .......... 88
V.1. Wulwowaginitler .......... 88
V.2. Mahsus jerhitleme keselleri .......... 94
**VI Bap. Gyzjagazlaryň jyns agzalarynyň dömme keselleri** .......... 105
VI.1. Endometrioid geterotopiýalar .......... 105
VI.2. Ýumurtgalyklaryň çişleri .......... 111
**VII Bap. Çagalar ginekologiýasynda "Ýiti garyn" keselleri** .......... 123
**VIII Bap. Jyns agzalarynyň ösüş näsazlyklary** .......... 130
IX Bap. Jyns taýdan ösüş bozulmalary .......... 143
IX.1. Jyns taýdan wagtyndan öň ýetişmek .......... 143
IX.2. Jyns taýdan ösüşden yza galmak jynsy ýetişmegiň saklanmagy) .......... 150

IX.3. Jyns taýdan ösüş bolmazlygy........................................156
**X Bap. Jyns taýdan ýetişiş döwrüniň gipotalamiki sindromy**.....171
**XI Bap. Gyzjagazlaryň jyns agzalarynyň şikesleri**..................187
**XII Bap. Gyzjagazlarda ginekologiki keselleriň öňüni almakda şahsy gigiýenanyň ähmiýeti**......................................................191
**Söz gysgaltmalarynyň sanawy**...................................................194
Ullanylan edebiýatlaryň sanawy...................................................195